# M A R K E T I N G
# (I kitap)

Ç.Ataýew, S.Hojanazarowa,
K.Kadyrow, D.Sarygulow

# M A R K E T I N G
# (I kitap)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw
gollanma kitaby

*Türkmenistanyñ Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat – 2010

Ç.Ataýew, S.Hojanazarowa, K.Kadyrow,
D.Sarygulow
M A R K E T I N G (I kitap)
Okuw gollanma kitaby. Aşgabat–2010.–194 sah.

“Marketing” okuw gollanmada bazar ykdysady şertlerinde ýurdumyzda Marketing işlerini alyp barmagyň ugurlary, çözgütleri we netijeleri giňişleýin beýan edilýär.

Okuw gollanma ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we hünärmenler üçin niýetlenendir.

Türkmenistanyñ Bilim ministrligi, 2010 ý.

# Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ählihalk saýlawlary tarapyndan Türkmenistan Döwletiniň Prezidentligine saýlanandan soňra, onuň baştutanlygynda Türkmen halkynyň asyrlar boýy arzuw eden Garaşsyz ýurdumyzyň durmuşynda täze galkynyşlar döwri başlandy. Bu döwür täze özgertmeleriň, täze ösüşleriň ykdysadyýetimiziň hemmetaraplaýyn galkynmagynyň we eziz halkymyzyň eşretli durmuşynyň hasda öňegidişlik zamanasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt baştutanlygyna geçen ilkinji günlerinden başlap milli ykdysadyýetimiziň özboluşly aýratyn ösüş ýoluny saýlady. Şol ýolda biziň Döwletimizde döwre laýyk bazar gatnaşyklary şertinde öz-özüni dolandyrmak we netije gazanmak her bir kärhananyň öňünde goýan esasy wezipeleriniň biri bolup durdy.

Beýik Galkynyşlar zamanasynyň başlanmagy bilen Watanymyzda saýlanan ýoluň ilkinji günlerinden başlap dürli üýtgeşmeler geçip başlady, ýurdumyzda birnäçe täze önümçilik kärhanalary gurulýar we işe girizilýär, öň bar bolan kärhanalaryň durky täzelenýär we olara daşary ýurt maýa goýumlary goýulýar hem-de tehnikasy we tilsimaty ornaşdyrylýar.

Elbetde, milli ykdysadyýetimiziň şeýle depginde ösmegi bazar gatnaşyklarynda ünsi we netijeli işleriň edilmegini talap edýär. Bazar gatnaşyklarynda ýokary netije gazanmak diňe bazar ulgamyna dogry we doly düşünmek we bazara gönükdirilen işi ýokary hilde netijeli ýerine ýetirmek bilen çözülip bilner.

Türkmenistanyň önümçilik kärhanalarynda öndürilýän önümleriň bäsdeşlik ukyby gün-günden ýaýbaňlanýar, olara bolan isleg içerki hem-de daşarky bazarlarda has-da köpelýär. Köp harytlarymyz daşary ýurt bazarlarynda öz orunlaryny tapdylar. “Türkmenistanda öndürilen” diýen ýazgyly harytlaryň ýanyndan indi hiç kim parhsyz geçip bilenok. Şeýle ýagdaýda ýalňyşsyz hereket etmek üçin bazar gatnaşyklary şertinde marketing işlerini dogry ýola goýmaklyk zerurlygy ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 8-ine geçiren Ministrler kabinetiniň mejlisinde türkmen ykdysadyýetiniň we beýleki ulgamlaryň "*Beýik Galkynyşlar eýýamynda"* haýsy ugurlar we ýörelgeler esasynda guramalydygyny, haýsy işleri, haýsy wezipeleri amala aşyrmalydygy we olaryň üstünlikli çözülmegi barada döwletli, il-ýurt bähbitli meselelere seredip geçdi we her bir ministrligiň, her bir pudagyň öňünde anyk wezipeler goýdy.

Ýurt Baştutanymyz halk hojalyk pudaklarynyň hemmetaraplaýyn ösmegine uly üns berýär we pudaklaryň öňünde goýýan aýdyň wezipeleri ykdysadyýetimiziň gelejekde gülläp ösmegi üçin aýdyň ýoldyr.

Hormatly Prezidentimiz fewral aýynyň 8-ine geçiren Ministrler kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň dokma pudagynyň ykdysadyýetimize uly goşantlar goşýandygyny bellemek bilen, Dokma pudagynyň önümleriniň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we harytlaryň eksportynda pudagyň paýyny artdyrmak, dokma önümlerini ýerlemek boýunça ösen marketing gullugyny döretmek, eksporta gidýän taýýar önümleriň möçberlerini artdyrmak, dokma önümlerini öndürmekde we eksport etmekde hususy telekeçiligi ösdürmäge ýardam etmek gerek diýip nygtady.

Hakykatdan-da haryt öndireniň bilen onuň hereketini (satuwyny) dogry ýola goýmasaň, ondan hiç hili netije almak mümkin däl. Şol sebäpli her bir kärhananyň, pudagyň ýolbaşçysy marketinge ýüzlenmegi hökmanydyr. Elbetde, biziň döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň özboluşly manysy bardyr we biziň bazarlarymyzyň ulgamy beýleki daşary ýurt bazarlaryndan düýpli tapawutlydyr. Şoňa laýyklykda biziň şertimizde bazar bilen işlemegiň aýratyn ýoly saýlanmalydyr. Ol biziň milli, medeni, taryhy, ykdysady, syýasy, howa şertlerimizi we halkymyzyň ahlak, gylyk häsiýetlerini nazara alyp, marketing çärelerini durmuşa geçirmeklige bazar işine gatnaşyjylardan talap etmelidir.

Elbetde, halkara standartlaryna gabat gelýän önümleri öndiräýmek aňsat iş däl, ýöne dünýä bazarlarynda bäsleşip ondan

üstin çykyp ol harytlaryň alyjysyny (bazarda ornuny) tapaýmak hem gaty kyn. Şol sebäpli Döwlet baştutanymyz häzirki zaman marketingine esaslanyp dünýäniň sarp ediji we harytlar bazarlarynyň toplumlaýyn seljermeleri birsyhly geçirilip durulmagynyň zerurlygyny belleýär.

Bazar gatnaşyklary şertinde önümleri öndirýän dürli hyzmatlary ýerine ýetirýän we beýleki kärhanalarda Marketing gullugynyň ýola goýulmagy we onuň kömegi bilen dürli görnüşli marketing maglumatlaryny toplap, ýygnalan maglumatlary yzygiderli seljermek hökmany işleriň biridir.

Bazar şertlerinde halk hojalygyň ähli pudaklarynda we şol sanda hususy ulgamdaky kärhanalaryň hem amala aşyrýan hojalyk işlerinde, marketing maglumatlaryna uly üns berilýär, maglumatlar hojalygy ýöretmekde iň gymmat serişdeleriň biri bolup durýar. Ýygnalan marketing maglumatlaryny seljermek esasynda kärhanalar öz önümçiligini ýola goýýarlar, ýokary hilli önümleri öndirýärler, hyzmatlary ýerine ýetirýärler, öndirilen önümleri ýerleýärler, özleriniň girdejilerini artdyrýarlar, peýda alýarlar we beýleki maliýe, ykdysady netijeleri gazanýarlar.

Türkmenistanda marketing işleriniň ýüze çykmagynda özboluşly aýratyn möhüm orny bardyr. Marketing dersi XX asyryň başlarynda dörän daşary ýurt dersleriniň biri hökmünde görkezilse hem ol biziň halkymyza gadymyýetden bäri tanyşdyr.

Gadymy döwürde orta Aziýada meşhur gündogar bazarlarynyň ady belli ýüpek ýolunda merkezi bolandygy biziň ählimize mälimdir. Biziň ata-babalarymyz hem şol bazarlarda öz öndüren önümleri bilen çykyş edip bazar bilen işlemegi başarypdyrlar. Bazar bilen işlemegiň özi hem marketingdir.

Häzirki döwürde her bir hojalyk işiniň esasy ugry ýokary netijeleri gazanmaga gönükdirilen bolmalydyr. Şonuň üçin biziň pudaklarymyzyň köpüsinde marketing bölümleri açyldy we işe girizildi.

Biziň ilatymyzyň marketingi öwrenmegi sarp ediji ýa-da öndüriji tarapyndan tapawudy ýok, olara bazarda özüňi dogry alyp barmagyna mümkinçilik döreder.

Biz talyplara “Marketing” dersini diňe daşary ýurtlarda çap edilen edebiýatlaryň we gollanmalaryň esasynda okatman, eýsem olardan belli bir derejede peýdalanyp Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň özboluşly bazara geçiş ýollaryny, milli aýratynlygymyzy, ykdysadyýetimiziň milli ösüş aýratynlyklaryny, meşhur gündogar bazarlarynyň halkymyzyň, medeni-ahlak durmuşlary bilen uýgunlaşyp giden tertip-düzgünlerine utgaşdyrmaga ähmiýet berýäris.

Döwletimiz özbaşdaklygy almazyndan öň, bazarlaryň merkezden dolandyrylýan döwründe sarp edijileriň bähbitlerine ikinji orun berildi we kärhanalar şol döwürde, hiç wagt marketing barada hiç hili mätäçlik çekmediler. Emma häzir Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz bazar ykdysadyýetine geçip başlady. Şoňa görä-de biziň şertimizde bazar bilen işlemegiň aýratyn ýoly saýlanmalydyr. Ol biziň milli, taryhy, ykdysady, syýasy, medeni, howa şertlerimizi we halkymyzyň ahlak, gylyk häsiýetlerini nazara alyp “Marketing” çärelerini durmuşa geçirmegi bazara gatnaşyjylardan talap edýändigine düşünip öwrenmelidiris.

# I – BAP

# MARKETING YLMYNYŇ PREDMETI, WEZIPESI WE MAZMUNY

Ynsanyň durmuş derejeleri, ýokary basgançaklara ýeten ýurtlaryň tejribeleri şu aşakdakylary görkezdi: ýagny, jemgyýet we şahslaryň gatnaşyklarynyň ykdysady çeşmeleri, haryt önümçiligi, hyzmatlar bazary, haryt önümçiliginde işleýänleriň öz zähmetiniň netijelerini deň, ýöne aýry-aýrylykda baha berilmelidigini anyklady. Bu zatlaryň hemmesine eger-de biz “Marketing” bilimine dogry düşünsek, ony doly öwrensek jogap berip bileris.

Sada dilde aýdylanda “Marketing” harytlar (önümler) we hyzmatlar bazaryny öwrenmek hem-de olary ýola goýmak ýa-da bazar bilen işlemek ýaly manylary aňladýar. Aslynda marketing öň hem bar. Haryt önümçiligi ýüze çykandan bäri, satmak-satyn almak döränden bäri bar we jemgyýetde ösüp gelýär.

**“Marketing” ylmynyň predmeti** önüm öndürijiniň, satyjynyň,alyjynyň talaplaryny kanagatlandyrýan we öz önümlerini satmak, ýerlemek üçin täze mümkinçilikleri gözleýän hereketleriň mazmunydyr.

“Marketing” ylmynyň esasy obýektleri bazar, sarp ediji, haryt (önüm), hyzmat, nyrh, harytlaryň (önümleriň) hereketi, reklama, satmak we satuwy höweslendirmek hasaplanylýar.

“Marketing” ylmynyň wezipeleri:

- bazary, alyjylary we harytlary (önümleri) öwrenmek, täze öndürilýän we öndüriljek harytlaryň (önümleriň) gelejegini anyklamak;
- Marketing netijesinde alynan maglumatlar esasynda haryt (önüm) öndürmek, harytlaryň (önümiň) hereketini, satmagy we hyzmat etmegi tertipleşdirmek;
- nyrh syýasatyny kesgitlemek we amala aşyrmak;
- “Marketingi” maglumatlar bilen baýlaşdyrmak;
- “Marketing” dolandyrmak barada ugurlary, kada-kanunlar baradaky bilimleri tertipleşdirmekden ybaratdyr.

**“Marketing” bize näme üçin gerek?**

Birinjiden, jemgyýetde bar bolan islendik zähmeti öz häsiýeti boýunça öndüriji we peýdaly etmek üçin.

Ikinjiden, ykdysadyýetimizi milli özboluşly aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup dolandyrmak.

Üçünjiden, önümçilik kärhanalarymyzy özbaşdak etmek, ýagny ilatyň islegine laýyklykda önümleri öndürmek.

Dördünjiden, bazary doly öwrenip şoňa laýyklykda önümçiligi ýola goýmak üçin.

Biziň öwrenýän “Bazarymyz” halkyň köpräk sarp edýän harytlaryna we hyzmatlaryna bagyşlanandyr. Sebäbi bazarlaryň içinde “sarp edilýän harytlar we hyzmatlar bazary” baş (esasy) bazar bolup, her bir Döwletiň ykdysadyýetiniň aýnasy hasaplanýar. Sebäbi “sarp ediş harytlar we hyzmatlar bazary”, adamzat üçin onuň islegini we talabyny kanagatlandyrmak maksadynda döredilýär. Galan önümçilik desgalary, “zähmet”, “gymmat bahaly kagyzlar” we başga bazarlaryň hemmesi şu sarp ediş harytlar we hyzmatlar bazaryndaky talap we teklibiň aragatnaşyklaryny doly ýerine ýetirmeklik üçin ulanylýar.

## 1.1 “Marketing” bazary dolandyrmagyň esasy ýörelgesidir

***Marketing*** – bu biznesiň filosofiýasy bolmak bilen esasy wezipesi alyjylaryň islegini, maksatly bazarlary ýüze çykaryp önümçilik kärhananyň önümleri bilen şol islegleri kanagatlandyrmakdan hem-de her bir hünärmeniň “sarp ediji”, “bazar” ýaly kategoriýalar barada pikirlenmäge mejbur etmekden ybaratdyr.

***Marketing*** – bu dolandyryşyň durmuş-ykdysady hadysasy bolup, adamlar onuň ýardamynda önüm öndürmek we olary alyş-çalyş etmek bilen özleriniň isleglerini kanagatlandyrýarlar. Bu hadysa şu aşakdaky düşünjelerden ybaratdyr: zerurlyk, talap, isleg, önüm, alyş-çalyş, geleşik, bazar (surat 1).

**Zerurlyk** – haýsy hem bolsa bir zada bolan mätäçlik duýgusy. Şol sebäpli-marketingiň esasy wezipesi, zerurlygy ýüze

çykarmak we ony dolandyrmak we kanagatlandyrmak diýlip aýdylýar.

**Talap** – bu anyk görnüşe eýe bolan zerurlykdyr. Mysal üçin, iýmit iýesi gelen adam ilki bir zat iýäýsem diýýär, soňra anyk görnüş gelýär, ir-iýmiş bolaýsa, iň soňunda bolsa has anyklap alma satyn alaýsam diýýär. Bu talaby her kim öz ýagdaýyna görä her hili kanagatlandyrýar, muňa täsir edýän şertler hem köp, mysal üçin-medeni, taryhy, geografiki we başgalar.

**Isleg** – alyjylyk ukyby bilen baglanyşykly anyk zerurlyk we talap. Adamlar özleriniň mümkinçiligine seredip öz isleglerini we talaplaryny şol harytlary satyn almak bilen kanagatlandyrýarlar.

**Önüm** – adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen satyn almaklyk, ulanylmak ýa-da sarp etmeklik üçin bazarda hödürlenýän islendik zat.

**Alyş-çalyş** – bu isleg bildirilýän önümiň ýerine başga zat teklip etmek bilen almakdyr. Mysal üçin, 1 adamynyň özünde ýok zady başga birinden bir zat berip almagy (bir daýhan pomidor ekipdir, beýlekisi bolsa gawun, ikisi alyş-çalyş edip öz isleglerini kanagatlandyrýarlar. Söwda-da bu alyş-çalyş satyjy bilen alyjynyň arasynda önümi pula çalyşmak arkaly amala aşyrylýar.)

**Geleşik (сделка)** – iki toparyň ylalaşygynda geçirilýän söwda amaly (söwdanyň şerti, möhleti, satyljak ýerini ylalaşýarlar).

**Marketing düşünjesinde bazar** – bu bar bolan ýa-da ýene-de goşuljak haýsy hem bolsa bir önümiň satyjylarynyň we alyjylarynyň toplumy bolup, şolaryň arasynda geleşige (ylalaşyga) gelinýän ýer. Marketing şertinde bazaryň fiziki taýdan yerleşen ýeri hökmany däldir. Harytlary reklama etmek, görkezmek üçin ýa-da buýurmalardyr-talapnamalary kabul etmek üçin alyjylarsyz giň ulgamlar serişdeleri ulanylýar. Marketingde şonuň ýaly-da bazar diýlip anyk görnüşli önümleri ulanyjylar toparlaryna hem aýdylýar. Mysal üçin: metal bazary, galla bazary we ş.m. Şu ýörelgä esaslanyp köplenç bazarlary segmentlere bölýärler.




Surat-1.1. **Marketingiň jähti**

## 1.2 Marketingiň esasy maksatlary we olaryň görnüşleri

Jemgyýetçilik gözi bilen garanyňda marketingiň 4 sany maksady bardyr:

1) Sarp edijiligi ýokarlandyrmak (önümçiligi, ilatyň iş bilen meşgullygyny ýokarlandyrmak we onuň netijesinde jemgyýetiň maddy-hal ýagdaýynyň gowulanmagy);

2) Sarp edijiligiň kanagatlanmak derejesini ýokarlandyrmak (sarp edijileriň diňe bir sarp etmegini däl-de, eýsem kanagatlanmak derejelerini ýokary götermek);

3) Sarp edijileriň saýlap-seçip almagyny ýokarlandyrmak (sarp edijileriň garaýyşlaryna anyk gabat geler ýaly önümleriň dürlüligini üpjün etmek);

4) Ýaşaýyş we durmuş derejelerini ýokarlandyrmak (marketing diňe mukdary, hili,dürlüligi we elýeter nyrhy üpjün etmän, eýsem adamlaryň ýaşaýan şertiniň hem hilini üpjün etmelidir).

Başda marketing diňe önümleri satmak bilen baglanyşykly soraglary çözmäge mümkinçilik döredipdir. Häzirki wagtda marketing ilatyň hemme isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Hyzmatlaryň, guramalaryň, aýratyn şahslaryň, täze pikirleriň marketingi we ş.m. hem bar. Eger-de marketing işleri bütin ýurduň çäginde ýerine ýetirilýän bolsa, onda oňa **makromarketing** diýilýär. Eger-de marketing işleri mälim kärhananyň çäginde ýerine ýetirilýän bolsa, onda oňa **mikromarketing** diýilýär.

**Kärhananyň marketingi** – anyk kärhananyň özüniň abraýyny döretmek we saklap galmak üçin edýän hereketleriniň toplumydyr. Bu görnüşli marketinge diňe bir girdejili kärhanalar tarapyndan döredilen marketing degişlidir.

**Aýratyn şahslaryň marketingi** – anyk şahs üçin jemgyýetçilik tarapyndan döredilen we ulanylýan marketing. Mysal üçin: Türkmen telewideniýesinde berilýän hususy telekeçiler, ýer eýeleri baradaky gepleşikler.

**Täze pikirler marketingi** – bu görnüşli marketing käbir durmuş meseleleri çözmek üçin ulanylýar. Mysal üçin: çilim çekmegi azaltmak, alkogolly içgileri ulanmazlyk endikleri we ş.m.

**Mälim ýer üçin marketing** – müşderileriň mälim bir ýere endik etdirmek maksady bilen geçirilýän iş. Bu ýerde hojalyk işlerini ýola goýmak maksady bilen mälim ýerleri saýlap alynýar (dükanlar, zawodlar, fabrikler, dynç alyş toplumlary we ş.m.).

## 1.3. Bäsdeşligiň dürli şertinde marketingi ulanmak

Bäsdeşligiň ösen we ösmedik bazarlar bar. Bäsdeşlik ösen bazarda şu aşakdaky şertler bolmaly:

1) Bu bazarda esasan köp öndürjiler (satyjylar) bar;
2) Bazardaky önümler häsiýetleri we başga taraplary boýunça birmeňzeş bolmaly;
3) Alyjylara bazaryň teklip edýän önümleri barada doly maglumat berlen bolmaly;
4) Bazara erkin, hiç hili päsgelçiliksiz girip-çykmak mümkinçiligi bolmaly.

Bäsdeşlik ösmedik bazarlar: arassa monopoliýa, oligopolistik bäsdeşlikli, arassa bäsdeşlikli we monopolistik bäsdeşlikli bazarlardyr.

**Arassa monopoliýa** – bu bazarda ýeke satyjy bolup (Döwlet kärhanasy ýa-da Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän ýa-da düzgünleşdirilmeýän kärhanalar) önümlere goýulýan nyrhlar dürli-dürlüdir. Mysal üçin: Döwlet monopoliýasy çykdajylary köp bolsa hem ilatyň bähbidi üçin nyrhlary çykdajylaryna görä pes goýýar. (Türkmenistanda: una, çörege, benzine, elektroenergiýa we ş.m. goýulan nyrh). Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeýän kärhanalar özüniň harytlaryna has ýokary nyrh goýmagy mümkin. (Daşary ýurt dükanlaryň eýeleri öz harytlaryna ýokary nyrh goýýarlar. “Ýimpaş” söwda merkezi azyk däl harytlara ýokary nyrh goýýar. Ýöne, Döwlet bularyň hem harytlarynyň nyrhyny peseltmek barada alada edýär.

Umuman, monopoliýa bazary üçin marketing känbir esasy gural bolup hyzmat etmeýär.

**Oligopolistik bäsdeşlik** – (“oligo” grek dilinde “azrak”, “birnäçe” diýmekdir) eger-de pudakda birnäçe kärhana bar bolsa şolara degişlidir we olar arassa hem-de differensirlenen oligopolistik bäsdeşlige bölünýär. Birinji ýagdaýda differensirlenmedik, ýagny nebit, gaz, metal ýaly önümler. Ikinji ýagdaýda differensirelenen önümler-mysal üçin, awtomobiller. Oligopolistik kärhanalar nyrh göreşinden gaçarak durýarlar, sebäbi olar gaty gymmat we peýdasyzdyr. Olar differensirlenen isleg ödeýiş häsiýetleri, haryt nyşanlary, haryt hereketiniň, hyzmatyň derejesi we ş.m. bilen tapawutlanýan harytlaryny şol nyrhlar bilen tapawutlandyrjak bolup hereket edýärler. Arassa oligopoliýada diňe harydyň häsiýetleri bilen tapawutlanmak gaty kyn.

**Arassa bäsdeşlik** – eger-de kärhanalaryň sany köp bolup olar hem birmeňzeş häsiýetli önümler köp öndürýän we satýan bolsa şolarda ulanmak mümkin. Mysal üçin: ýarma, ýag, şeker we ş.m. öndüriji kärhanalaryň köp bolmagy nyrhlary deňlemäge mümkinçilik döredýär, sebäbi olaryň öndürýän önümi birmeňzeş we bir häsiýetli. Öndürijileriň köp bolmagy olaryň haýsam bolsa

biriniň hereketiniň üýtgemegi bilen bazaryň ýagdaýyna känbir täsir edip bilmese gerek.

**Monopolistik bäsdeşlik**-muňa gatnaşyjylar bir-biriniňkä meňzeşräk önümleri bazara çykarýarlar. Monopolistik bäsdeşlik şertinde esasan dermanhanalar, restoranlar we halkyň sarp edýän harytlary öndürijiler işleýär.

## 1.4. Türkmenistanda marketingiň mümkinçiliginiň esasy ugurlary

Daşary ykdysady aragatnaşyklar bazary öwrenmezden mümkin däl. Dünýä bazarlarynda bolup geçýän "söwda oýunlarynyň" esasynda bazary öwrenmeklik ýatyr. Bazar gatnaşyklar şertlerinde bazary öwrenmegi ulanmaklyk meselesi hiç hili ynanmazsyzlyk döretmeýär.

Bazar gatnaşyklar girizilýän döwürleri bazary öwrenmegi ulanmaga päsgel berjek zatlar şulardan ybaratdyr: önümçilige özbaşdaklyk bermezlik, bazara geçiş döwründe döreýän psihologiki päsgelçilikler.

Birinji ýagdaý ilatyň isleg bildirýän harytlaryna ýokary nyrh goýmak. Ýöne bu ýagdaý daşary ýurt harytlary üçin bazara gowy girmäge bahana bolýar, munuň üçin ýörite maýa goýumlar gerek däl, bazaryň ýagdaýy gaty az möhletiň içinde özgermegi mümkin. Mysal üçin: öz öndürýän alkogolly we alkogolsyz içgilerimiziň nyrhy sähelçe galsa, daşary ýurtlaryň içgilerinden bazarlarymyz dolar. Şol sebäpli bazar bilen gaty seresap çemeleşmeli we bazary öwrenmek bilen öňräginden meşgullanmaly.

Bazaryň ýolunda duş gelýän psihologiki päsgelçilikler ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň we ilatyň bazar barada düşünjeleriniň ýetmezçiligidir. Biz Döwletden aýlyk, ýaşaýyş jaý, mugt bilim, derman-däri, dynç almak ýaly zatlary almany öwrendik. Ozalky SSSR döwründe näme öndürmelidigi, näçe öndürmelidigi we kimler üçin öndürmelidigi Döwlet tarapyndan çözülerdi. Ýöne bazar şertlerinde bu zatlar diňe marketingde (bazary öwrenmegi) esaslanyp ýerine ýetirilse hemmeler üçin oňat bolardy.

Köp ýolbaşçylar önümçilik hakynda köpräk pikir ýöredýärler, bazar kategoriýasyna bolsa känbir üns berenoklar. Ilki bazary öwrenip, soňra ilatyň islegine görä harytlar öndürilmelidigine köp önümçilik kärhanalaryň ýolbaşçylary düşünenoklar. Ýöne eýýäm birnäçe kärhanalar bazarlary öwrenip islege laýyk harytlary öndürip başladylar. Muňa mysal edip: Türkmenistanyň azyk senagat assosiasiýasynyň, Türkmenhaly önümçilik birleşiginiň, Dokma senagat ministrliginiň käbir önümçilik kärhanalaryny görkezmek bolar.

Kärhanalarda marketingi (bazary öwrenmegi) ulanmaklyk olaryň eýeçilik görnüşleri bilen baglanyşyklydyr. Hususy kärhanalar, kärendesine alnan kärhanalar, paýdarlar jemgyýetleri bazaryň talabyna jogap bermäge köp mümkinçilikleri bar. Öz işlerinde marketingiň elementlerini doly ulanmaga haklary bar: önümleriň görnüşleri, öndürilýän önümleriň göwrümi, nyrhlar, haryt paýlamagyň ulgamlaryny anyklamaga, satuwy höweslendirmegi we ş.m.

Edaradyr-kärhanalara marketing işlerini girizmegiň esasy 3 sany ýörelgesi bar:

1. Marketingi hakykatdan girizip, kärhanany, edarany dolandyrmakda onuň doly güýjünden peýdalanmak.
2. Käbir edaradyr-kärhanalarda marketingiň käbir ýörelgelerini (usullaryny we serişdelerini) özüniň işlerinde ulansalar (bazardaky islege görä önüm öndürmek, satuwdan soňky hyzmatlar we ş.m.).
3. Edaradyr-kärhanalarda ýagdaýa görä marketingiň käbir elementlerini ulanmak (reklama, islege görä nyrh syýasatyny döretmek we ş.m.).

Biziň ýurdumyzda marketingi (bazary) doly dolandyrmagyň jähti hökmünde ulanmak mümkinçiligi indi döräp başlady. Häzir birinji nobatda köpçülikleýin islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen önümçiligi we hyzmatlary ýola goýmaklygy göz öňünde tutmaly.

Biziň ýurdumyzda häzirki şertlerde marketingiň (bazary öwrenmegiň) bir-birleri bilen baglanyşykly bolan birtopar

usullaryny we serişdelerini hem-de marketing toplumynyň aýratyn elementlerini marketing işlerinde ulanmak mümkin.

Nesip bolsa marketingiň toplumynyň elementlerini edil Amerika we Ýewropa ýurtlaryndaky ýaly Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda hem ulanyljagy ikiuçsuzdyr. Muňa Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetine uly goşant goşjak gurulýan zawotdyr-fabrikleriň we olarda öndüriljek önümleriň içerki we daşarky bazarlarda özüne laýyk orny tutjakdygy aýdyň şaýatlyk edýär. Muňa mysal edip: Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy, Aşgabatdaky Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky dokma tekstil toplumyny, Gypjakdaky Saparmyrat Nyýazow adyndaky we Gökdepedäki Atamyrat aga adyndaky dokma toplumlary, Ruhabatdaky ponbarhat fabrıgını Türkmenistanyň azyk senagat assosiasiýasyna degişli birnäçe önümçilik kärhanalaryny görkezmek bolar.

## II – BAP

## Marketing we onuň ykbalyny anyklamak barada umumy düşünjeler

“Marketing” – predmetiniň häzirki zaman wezipelerinden iň esasysy bazary öwrenmekdir. Bazary öwrenmegi nämeden başlamaly? Bazary öwrenmeklik, maglumatlary toplamakdan başlanýar. Umuman, maglumat düşünjesi maglumatlar ýygyndysy bolup, toplamak, saklamak, gaýtadan işlemek we ýerıne ýetirmek obýekti hökmünde hyzmat edýär. Bazary öwrenmek üçin ýygnalan maglumatlar, esasy alyjylaryň talaby hakyndaky maglumatlar toplumyndan ybaratdyr. Ol maglumatlar harytlaryň talaplarynyň göwrümi, düzümi, ösüş meýilleri we kanunyýetlerini, talabyň özgeriş sebäpleri, harytlaryň hemmesiniň görnüşleri we olaryň sebitler boýunça ösüş depgininiň emele gelişini görkezmelidir.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde sarp ediş harytlaryny öndürýän, dürli hyzmatlary ýerine ýetirýän we beýleki kärhanalarda, “Bazary öwrenmek” – marketing gullugynyň ýola goýulmagy, ösdürilmegi we olaryň kömegi bilen dürli görnüşli “marketing” (“Bazar barada”) maglumatlaryny toplamak seljeriş etmek hökmany işleriň biridir.

Bazar şertlerinde halk hojalygyň ähli pudaklarynda we şol sanda hususy ulgamdaky kärhanalaryň amala aşyrýan hojalyk işlerinde, maglumatlara gaty üns berilýär, ýagny maglumatlar iň bir gymmat serişdeleriň biri bolup durýar. Marketing maglumatlaryna esaslanyp kärhanalar ýokary hilli önümleri öndürýärler, hyzmatlary ýerine ýetirýärler, öndürilen önümleri ýerleýärler, özleriniň girdejilerini artdyrýarlar, peýda alýarlar we beýleki maliýe-ykdysady netijeleri gazanýarlar.

“Marketing” ulgamynda dürli çözgütler kabul edilmänkä we ondan soňra, takyk maglumatlary almak zerur bolup durýar. Kärhananyň «Bazary öwreniş» meýilnamasyny ýa-da onuň beýleki elementlerini gözden geçirmekde, durmuşa geçirmekde

hem-de işläp düzmekde marketing maglumatlarynyň ähmiýeti uludyr.

Şol sanda «Marketing» maglumatlary, kärhanalar tarapyndan öndürilýän önümleriň we ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hiline gözegçilik etmekde, ony dolandyrmakda giňden ulanylýar. Önüm bilen işlemeklik marketingiň möhüm gurallarynyň biri bolup durýar. Harytlar, hyzmatlar we ideýalar adamlaryň düýpli zerurlyklaryny kanagatlandyrýan serişde hökmünde hyzmat edýär.

Marketing maglumatlary birinji derejeli we ikinji derejelilere bölünýär. Birinji derejeli maglumatlar anyk meseläni çözmek maksady bilen täzeden toplanýar. Ikinji derejeli maglumatlar mälim bir meseläniň çözülişine dogrudan –dogry bagly bolmadyk we öňünden toplanýan maglumatlardyr. Emma, marketing maglumatlar düzüminde haýsy hem bolsa anyk bazara girmeklik çözgütler anyk bolmaýança ikinji derejeli maglumatlar öwrenilmeýär.

**Maglumatlary toplamaklyk näme üçin gerek?**

1. Bazarda anyk üstünlikleri gazanmak üçin;
2. Kärhana özüniň maliýe howpsuzlygyny üpjün etmek we ykdysady görkezijileriniň pese düşüp gitmezligi üçin;
3. Sarp edijileriň garaýyşlaryny anyklamak üçin;
4. Daşky şertiň ýagdaýyna syn etmek üçin;
5. Esasy ugry dolandyrmak üçin;
6. Ýagdaýy bahalamak (bilmek) üçin;
7. Mahabatlandyrma bolan ynanjyny ýokarlandyrmak üçin;
8. Gelen netijelerini esaslandyrmak üçin;
9. Kärhananyň gelejegine ynanç döretmek üçin;
10. Kärhananyň öz – özüni dolandyrmagyny kämilleşdirmek üçin.

Ýöne, bu zatlary doly, dogry ýola goýmak üçin maglumatlarynyň ynançly, doly, üznüksiz, gaýtalanyp we öz wagtynda toplanan bolmagy hökmanydyr.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde önüm öndürýän kärhanalar, az mukdarda harajatlary sarp etmeklik bilen, ýokary hilli önüm öndürmeklik ugrunda göreşýärler.

Marketing boýunça maglumatlary ýygnamak boýunça işleýän her bir ýolbaşçy ony ýygnamagyň ugurlaryny hökmany suratda gowy bilmelidirler we köp harajat çykarman özüne gerekli maglumatlary ýygnamalydyrlar. Bazar maglumatlaryny ýygnamagyň esasy tapgyrlary şu aşakdakylardan ybaratdyr.




1. Kärhananyň ýolbaşçylary, marketing boýunça esasy hünärmenler öz aralarynda 1-nji tapgyrda öňde goýulan wezipäni we maksady doly, dogry anyklamalydyrlar. Bazary barlamagyň dürli görnüşleri bize mälimdir, ýöne biz iň gereklisini, netijelisini saýlap almalydyrys. Mysal üçin: bazarda haýsy matalary ilat köpräk satyn alýar diýlıse nädogry bolar. Sebäbi pylan görnüşli matany köpräk alýarlar diýilıp gelınen netıje çykarylsa, galan soraglara jogap tapyp bilmeris. Biz näme üçin şol bir görnüşli matany haýsy sebäplere görä satyn alýandyklaryny anyklamak we ýüze çykaýjak soraglaryň hemmesine jogap tapmaly. Mysal üçın Matanyň estetiki häsiýetleri, reňki, isleg ödeýiş häsiýetleri, ini, agramy, galyňlygy niýetlenişi we ş.m.

2. Ikinji tapgyrda müşderi haýsy tarapy bilen has gyzyklanýandygyny maglumatyň we anyk ýygnamagyň iň oňat ýoluny belgilemeli.

3. Barlagçylar 1-nji derejeli ýa-da 2-nji derejeli maglumatlary ýygnamaklary mümkin ýa-da 2-sini belli bir wagtda ýygnamaklary hem mümkin.

**1-nji derejeli maglumatlar** bolsa-1-nji gezek anyk işi ýerine ýetirmek üçin ýygnalan maglumatlardyr.

**2-nji derejeli maglumatlar**- doly anyk bolmadyk işi ýerine ýetirmek üçin öňünden toplanan maglumatlardyr.

Barlaglary adat boýunça 2-nji derejeli maglumatlardan başlaýarlar. Bu maglumatlara kärhananyň öz içindäki girdejini, çykdajyny görkezýän hasabatlar, balans boýunça hasabatlar, haryt hereketi boýunça hasabatlar, haryt-maddy gymmatlyklar barada hasabatlar, öňki geçirilen barlaglaryň hasabatlary we ş.m. degişlidir.

**1-nji derejeli barlaglar.** Marketing boýunça barlaglarda köplenç 1-nji derejeli maglumatlary ýygnamaklyga üns berilmegi maslahat berilýär. Ýolbaşçylar şu işde köpräk ýalňyşýarlar, olar bu işi birnäçe soraglar düzmek we birnäçe adamdan şolara jogap alyp maglumat ýygnadym hasap edýärler. Bu usul bilen ýygnalan maglumatlar hiç hili peýda getirmeýär, tersine käbir ýagdaýlarda işde kynçylyklar döredýär.

## 2.1. Marketing barlaglary (derňewleri) barada düşünje we olary geçirmek

**Marketing derňewleri-** bu marketing işleri barada yzygiderli maglumatlary toplamakdyr. Marketing derňewleri netijesinde alnan maglumatlar esasynda marketologlar bazarlar, sarp edijiler, bäsdeşler we marketingiň hemme daşky şertleri bilen aragatnaşykda bolýarlar.

Bazary derňemegiň esasy maksady onuň ýagdaýyny – bazardaky ýetmezçilikleri, olary düzetmegiň ýollaryny görkezmäge mümkinçilik berýär. Ýöne bu maksatlaryň diňe bir bölejigidir.

Marketingiň ýardamynda önümçilik kärhanasynyň ýolbaşçysy bazary derňemek işini geçirip, maglumatlary şu aşakdakylar barada toplaýar:

1) Nyrhyna seretmezden (gyzyklanmazdan) alyjylar nähili harytlary näme üçin almak işleýärler.
2) Haýsy ilatly ýerlerde isleg we bazaryň göwrümi anyk harytlara has ýokary.
3) Haýsy ýerlerde önüm satylanda ondan köpräk girdeji alyp boljak.

Marketingiň maglumatlaryna esaslanyp önümçiligiň haýsy görnüşini ýola goýmak, pudagyň haýsy görnüşine maliýe serişdelerini harçlamak, nirede täze önümçilik kärhanasyny gurmak barada netijeler çykarylýar.

Marketing öndürijiniň öz önümini nähili edip ýerlemegi, gurnamagy düşündirýär, täze önümleriň hereketini we mahabatlandyrma serişdelerini wagtynda ulanmagy maslahat berýär.

Marketing şu aşakdaky elementleri özüne birikdirýär:

- Önümi (harydy) barlamak, onuň deňeşdirme häsiýetini, ömür dowamlylygyny, kärhananyň haryt dolanyşygyny, göwrümini, düzümini (öňki ýyllardaky ösüş depgini);
- Bazaryň bolup biläýjek göwrümini we haryt dolanyşygynyň ösüşini hasaplamak;
- Bazary segmentlemek: Bazarda özlerini alyp baryşlary boýunça umumy häsiýetleri birmeňzeşräk alyjylaryň toparlaryny anyklamak, segmentlemegiň iň oňaýly alamatlaryny saýlamak we olaryň saýlamak derejesini belgilemek;
- Alyjylary öwrenmek (potensial alyjyny tapmak) olaryň bazarda özüni alyp barşyny öwrenmek (häzirki we gelejekdäki isleglerini öwrenmek);
- Harytlary ýerlemegiň usulyny we ýerlemegiň ýollaryny seljermek;

- Önümleriň hereketini we reklamanyň gereklidigini öwrenmek, reklamanyň we haryt hereketiniň haýsy görnüşi ulanylsa şondan peýda geljegini anyklamak;
- Bäsdeşleri öwrenmek, olaryň gowşak we güýçli taraplaryny, bäsdeşligiň görnüşini we derejesini öwrenmek;
- bazarda nyrh ugruny we nyrh syýasatyny emele getirmek;
- Ýerlemegiň çaklamasyny taýýarlamak.

Ýokarda sanalan elementleriň toplumy degişli sorag we jogaplar, marketing barlaglaryň ölçegini düzýär.

**Marketing barlaglaryny geçirmek üçin görnüşli ölçeg:**

1) Önümi barlamak (näme üçin siziň harydyňyzy satyn alýarlar, ol harydyň özboluşly we deňeşdirme bäsdeşligi nämelerden ybarat? Bazarda kanagatlandyrylan islegiň möçberi nähiliräk?);
2) Bazaryň haryt ýerleşdirmek boýunça bolup biläýjek möçberını hasaplamak (harydyňyza siziň we bäsdeşleriňiziň içinde alyjyular barmy? Olaryň sany ýeterliklimi?);
3) Bazary segmentlemek (Potensial alyjylaryň haýsy topary siziň önümiňizi satyn aljak we näme üçin?);
4) Alyjylary öwrenmek (Anyk kimler siziň önümiňizi satyn almakçy? Olaryň islegi nähiliräk?);
5) Harytlary ýerlemegiň usulyny we ýerlemegiň ýolaryny seljermek (potensial alyjy nirede siziň önümiňizi satyn alar (gözlärmi ýa-da taparmy?) Ýerlemegiň haýsy ugruny saýlamaly?);
6) Önümleriň hereketini we mahabatlandyrmanyň gerekligini öwrenmek (nähili edip potensial alyjy siziň önümiňiz we onuň aýratynlyklary barada biler? Siziň önümiňiz barada maglumatlary nirede ýerleşdirmeli?);
7) Bäsdeşleri we bäsdeşligiň derejesini seljermek (önüm ýerleýän ýerleriňizde göni ýa-da käwagt goşulýan bädeşleriňiz kimler? Olaryň güýçli we gowşak taraplary? Deňeşdirilende bäsdeşlerden siziň haýsy tarapyňyz üstün?);

8) Nyrh ugrunyň emele gelmegi we nyrh syýasatyny anyklamak (siz nyrh ugrunyň haýsysyny saýlap almakçy? Ol siziň bäsdeşlik ukybyňyz bilen nähili baglanyşykda bolar we näme üçin potensial alyjylary özüne çeker? Maliýe netijeleriňize nähili täsir eder?);
9) Ýerlemegiň çaklamasyny taýýarlamak (Siziň bazardaky hakyky paýyňyz näçeräk? 1-nji aý ýa-da 1-nji çärýekde näçeräk komplekt önüm satyp näçeräk müşderilere hyzmat edip biljek?).

## 2.2. Marketing derňewlerinı geçirmeklıgi guramak

Kärhanalar özleriniň ýagdaýyna seredip marketing derňewleri geçirilýär. Marketing barlaglary kärhana öz güýji bilen özbaşdak geçirmegi mümkin ýa-da başga ýöriteleşdirilen kärhananyň hyzmatyndan peýdalanmagy mümkin. Ol ýa-da bu usuly marketing barlaglarynda saýlamaklyk köp ýagdaýlara baglydyr:

1) Derňewleri geçirmegiň nyrhy. Köp kärhanlar öz güýji bilen geçirmegi düşewüntli hasaplaýar;
2) Derňew geçirýän hünärmenleriň tejribesi gaty çylşyrymly usullar ulanylanda we alnan netijeler gaýtadan işlemekde örän zerur;
3) Önümiň tehniki häsiýetleriniň, isleg ödeýiş häsiýetlerini bilmeklik zerur görkeziji. Bu görkezijini kärhananyň önümçilik hünärmenleri gowy bilýärler. Ol häsıýetleri bilmeklik başga kärhanalaryň hünärmenlerine tiz we ýeňil düşmez;
4) Hakykylyk. Ýöriteleşdirilen kärhanalaryň hünärmenleriniň geçiren derňewleri hakykata has ýakynrak ýa-da hakykydyr;
5) Ýöriteleşdirilen enjamlary ulanmaklyk: kompýuterleri, ýörite maksatnamalary test geçirmek üçin enjamlary ulanmak. Bu görnüşli enjamlar bilen ýöriteleşdirilen kärhanalar üpjün edilendir.

Marketing derňewleri geçirmegiň barşy şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Deslapky derňewleriň öňünde durýan meseleleri we wezipeleri anyklamak;
   - Marketing derňewlerini geçirmek üçin zerurlygy anyklamak;
   - Marketing derňewleriniň meselelerini we wezipelerini anyklamak.
2. Derňewiň meýilnamasyny düzmek;
   - Marketing derňewlerini geçirmegiň usullaryny saýlamak;
   - Talap edilýän maglumatyň we onuň çeşmeleriniň görnüşini anyklamak;
   - Gerek bolan maglumatlary ýygnamagyň usullaryny anyklamak;
   - Maglumatlary ýygnamak üçin soraglary düzmek;
   - Saýlap almak meýilnamasyny düzmek we saýlamagyň göwrümini belgilemek.
3. Derňewiň meýilanmasyny ýerine ýetirmek;
   - Maglumatlary ýygnamak;
   - Maglumatlary seljermek;
   - Ýygnalynanm maglumatlaryň jemlerine seretmek we olary ýolbaşçylara ýetirmek. Soňra marketing derňewleriniň aýratyn tapgyrlar boýunça mazmunyna yzygiderli seredilýär.

## 2.3. Marketing derňewlerini geçirmegiň zerurlygyny anyklamak

Marketing derňewlerini geçirmegiň zerurlygyny anyklamak maksady bilen hemme kärhanalar yzygiderli daşky gurşawdaky öz ýagdaýlaryny bilip durmaly. Bu maglumatlar kärhananyň ýolbaşçysyna geçirýän işleriniň jemleri meýilnamalaşdyrylan işlerine gabat gelýärmi ýa-da gabat gelmeýärmi. Kärhanalar ululygyna, kiçiligine garamazdan daşky gurşawynyň özüniň işine edýän täsir derejesini bilmelidir.

Mysal üçin: hemmämize belli “Makdonalds” kompaniýasy girdejisiniň ösüş derejesini peseltdi. Daşky gurşawyny derňemek netijesinde 3 sany täsir tapyldy:

**Birinjiden**-alyjylar özleriniň saglyklary hakynda pikir edip başlapdyrlar, et iýmeklerini azaldypdyrlar bu bolsa gamburgerlerıň satylyş derejesini pese gaçyrypdyr.

**Ikinjiden**-tiz naharlanmak industriýasy ösüşiniň ýetjek derejesine ýetipdir, şol sebäpli hem gamburgerlerıň satylyş derejesi ýokarlandyrylmandyr.

**Üçünjiden**-bäsdeşleriň sany köpelip bazar segmentlerini yzly-yzyna eýeläp başlapdyrlar, tiz naharlanmagyň başga görnüşleri arzan nyrhdan köpelipdir (mysal üçin: pissa bişirip öýüne çenli mugt getirip berýän pisseriýalar açylypdyr).

Bu ýagdaýlary seljermekden soňra “Makdonalds” nahar taýýarlaýan kafeler açyp başlapdyr we ol kafelerde nyrhlar elýeterli bolup, ofisiantlar hyzmat edipdirler.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary daşky gurşawynyň ýagdaýy barada maglumatlary dürli çeşmelerden ýygnaýarlar. Mysal üçın: Paýdarlar jemgyýetlerden –olar köplenç önümiň hiliniň pesligi barada şikaýat kabul edýärler, bäsdeşleriň bazarda uly abraýa eýedigini araçylaryň üsti bilen bilýärler.

## 2.4. Marketing derňewleriniň meselelerini we maksatlaryny anyklamak

Anyk meseleleri goýmak marketing derňewleriniň netijeliliginiň girewidir. Marketing derňewlerini geçirmegi haýyş edýän kärhanalaryň köpüsi köplenç öz meselelerini bilenoklar. Ýöne olar girdejiniň azalýandygyny, bazarda öz abraýlarynyň pese düşýändigini nygtaýarlar. Anyk bilmek üçin marketing derňewlerini geçirmek meselesi ýüze çykýar.

Marketing derňewler geçirilende 2 hilli mesele ýüze çykýar:

**Birinjisi**-marketingi dolandyrmak bilen baglanyşykly meseleler.

**Ikinjisi**-derňewleri geçirmek bilen baglanyşykly meseleler.

Birinjisi şu 2 ýagdaýda emele gelýär, ýagny marketing işleri boýunça öňde goýulan maksatlara ýetilmedik wagty. Ikinji şol maksada ýetmek mümkinçiligi bar, ýöne ýolbaşçy dogry ýoly saýlap almaly, şol ýol bolsa ähli şertleri döredip, öňde goýulan maksada şübhesiz ýetirmeli.

## 2.5. Marketig derňewlerini geçirmegiň usullaryny saýlamak

Marketing derňewleri geçirmegiň usullaryny saýlamagyň esasy meselesi-bu marketing derňewlerini geçirmek boýunça meýilnama düzmegiň başlangyç döwrüdir. Soňra mümkinçilige seredip şol usullaryň haýsy hem bolsa biri saýlanyp alynýar.

Marketing derňewlerini geçirmegiň usullaryna umumy häsiýetnama bereliň.

Marketing derňewleri geçirmegiň iň köp ýaýran usullaryndan biri resminamalary seljermek, alyjylar bilen sorag-jogap geçirmek, (sosiologiki usul hem diýilýär) ekspert bahalar, eksperimental usullar we ykdysady –matematiki usullar.

Sosiologiki usulyň ekspert usuly bilen bahalamakdan tapawudy, birinji her dürli hünärli we kwalifikasiýaly köpçülik üçin niýetlenendir. Ikinji ekspertleriň bahalamagy-mälim hünärli köp bolmadyk öz işlerine ökde adamlar üçin niýetlenendir.

Marketing derňewlerinde ykdysady-matematikanyň birnäçe toparlary ulanylýar:

1) Maglumatlary statistiki usullary bilen gaýtadan işlemek (ortaça bahalamak, ýalňyşyň göwrümini (ululygyny) tapmak we ş.m.);
2) Köp ölçegli usul-marketing netijelerini esaslamak üçin ulanylýar. Mysal üçin, täze önümiň satylyş göwrümini tapmak, nyrhlary, bäsdeşlik ukyby, mahabatlandyrma üçin çykdajylar we ş.m. anyklamak;
3) Regressiýa we korrelýasiýa usulynda- marketing boýunça edilýän işleriň özara aragatnaşygyny sazlamak üçin ulanylýar;

4) Meňzetmek (imıtasiýa) usuly-bu usul eger-de marketing ýagdaýyny (mysal üçin: bäsdeşligi häsiýetlendirmek) analitik usullar bilen anyklap bolmaýan bolsa ulanylýar;
5) Çözgütleri kabul etmegiň statistiki nazaryýet usullary.

Nazaryýet oýunlar, köpçülikleýin hyzmat etmek nazaryýeti, alyjylaryň nähili özlerini alyp baryşlaryny nazaryýetde görmek maksady bilen geçirilýän hakykata ýakyn oýunlar.

Ýokardaky görkezilen usullar marketing derňewleri üçin ýeterlik däldir. Sebäbi marketing adamlaryň özlerini alyp baryş terbiýesi bilen baglanyşyklydyr. Marketing anyk sarp edijilere gönükdirilendir, sarp edijiler bolsa dürli-dürlidirler.

Ol ýa-da bu usulyň ulanylmagy kärhananyň maliýe ýagdaýy bilen baglanşykdadyr.

## 2.6. Marketing derňewlerinde tejribeler we olaryň ähmiýeti

Tejribe geçirmek üçin derňewler bir topar adamlary ýygnap, olara her dürli ýumuşlar berip, şol ýumuşlara olaryň her haýsysynyň nähili garaýandygyny barlap ilkinji maglumatlary ýygnamakdan ybaratdyr. Tejribe geçirmek üçin barlaglar özaralarynda deňeşdirilýän bir topar subýektleri saýlamaklygy, şol toparlar üçin her dürli ýagdaýy döretmegi, şol ýagdaýlaryň her toparlar üçin täsir derejesini we synalanda nähili tapawut edýän yagdaýlaryny (bilmekligi, saýlamaklygy) talap edýär.

Bu barlagyň esasy maksady-bir topar barlaglar üçin gerek bolan sorag-jogaplary, barlag netijesinde aýyrmakdan we iň gereklilerini saýlamakdan ybaratdyr. Mysal üçin: matalar dükanynda tejribe geçirýän bolsak şu sowallary beräýsek dogry bolardy:

1) Size matalaryň haýsy görnüşi gerek?
2) Siz haýsy we nähilli reňkdäki matalary satyn almakçy?
3) Süýüm düzümi nähilliräk bolmaly?

Biziň alyjylarymyz üçin iň düşnüklirägi ikinji sowal bolsa gerek. Şol sebäpli ikinji sowaly tejribe (synag) edip göreliň. Bu

sowal boýunça ýörite alyjylaryň arasynda tejribe geçirip, haýsy reňkli matalara bolan islegiň köpdügini anyklamak kyn düşmez, reňk türkmen aýal-gyzlary köýnekleri üçin esasy görkezijidir, soňra beýleki görkezijiler barada pikir etmek bolar. Tiz ereýän kofe, ýaňy satlyga çykan wagtlary "Meýson Heýra" atly daşary ýurt firmasy näme üçin öý bikeleri tiz ereýän kofeden ýüz öwürýändıklerini bilmek maksady bilen tejribe geçiripdir. Esasy sebäbi bolsa tiz ereýän kofäniň tagamy, ýönekeý kofeňkiden pes diýilýän ekeni, haçanda: kofeniň iki görnüşini taýýarladyp görenlerinde tapawudyny öý bikeleri bilmändirler. Netijede, esasy sebäbiň diňe psihologiki täsirdedigi anyklanypdyr.

Biziň bazarlarymyzda hem satylýan aýakgaplaryň köpüsi emeli- sintetiki gönden taýýarlanylýar. Emeli gön barada maglumatlary bilmeýän adamlar, olaryň arzandygyna we estetiki häsiýetlerine seredip şol aýakgaplary satyn alýarlar we ulanýarlar, ýöne biraz wagt geçenden soňra aýakgaplaryň dabany tiz derledýändigini, daban üçin howa ýetmezçilik edýändigini duýup başlaýarlar. Şondan soňra tebigy gönden taýýarlanan aýakgaplaryň adam organizmi üçin gowy şertleri döredip bilýändigi mälim bolýar. Şular ýaly synag tejribeleri geçirmek kyn däl.

## Tejribe geçirmegiň iki görnüşi bar:

1) Laboratoriýa usuly;

2) Islendik ýerde (bazarda, köçede) geçirilýän usul.

Birinji usulda tejribe geçirilende emeli şertler döredilýär. Mysal üçin, alyjylaryň dürli görnüşli reklama garaýyşlaryny bahalamak.

Bu tejribäni geçirmek üçin dürli ýaşdaky, jynsdaky alyjylary çagyrmak mümkin. Bu usul arzan hem-de oňa köp wagt sarp edilmeýär.

Soňky döwürde labaratoriýa usulda tejribe geçirilende köplenç kompýuter tehnikasy ulanylýar. Daşary ýurtda "Supermarket" dükanlarda kompýuterleşdirilen sorag-maksatnamasy bolup, şol maksatnama esasynda alyjy dükanyň

içinde harytlary syn edip ýörkä, olaryň hereketlerini kompýuter belläp durýar. (harydyň nyrhyna, reňkine, gaplanşyň görnüşine we ş.m.).

Islendik ýerde geçirilýän tejribeler hakyky şertlerde: dükanda, alyjynyň öýünde we ş.m.

Bu usul bilen geçirilen tejribede alnýan netijeler labaratoriýa usulyna garanyňda has dogryrak we hakykata ýakynrak hem bolsa, köp çykdajylar, köp wagt talap edýär we çylşyrymlygy bilen tapawutlanýar. Şeýlede bolsa, kärhanalar islendik ýerde geçirilýän tejribelere köpräk üns berýärler. Şuňa meňzeş tejribe bir ýa-da birnäçe şäherlerde hem geçirilýärler. Tejribe geçirmek esasan iki wezipäni öňde goýýar. Birinjiden, täze öndürilen önümiň satylşynyň göwrümini anyklamak. Ikinjiden, täze önüm satylanda marketingiň toplum elementleriniň haýsysyny ulanmagyň peýdalylygyny anyklamakdan ybaratdyr.

Marketingi synap görmek üçin bazarlar saýlanylýar, şol sebäpli bu usul **bazary testirlemek** hem diýilýär. Bazary testirlemegi 4 topara bölýärler:

- Standart;
- Gözegçilik etmek;
- Elektron;
- Meňzetmek.

Standart boýunça testirlemek usulynda kärhanalar harytlary we marketingiň kompleks usullaryny harytlary ýerleýän ulgamlarynyň üstünden testirleýär. Bu usul gaty gymmat usul hasaplanýar.

## Bazary elektron testirlemek usuly

Bu usulda şu tejribä gatnaşýanlara ýörite kartoçkalar paýlanýar, şol kartoçka haryt satyn alynanda görkezilýär. Teste girizilen harytlar satyn alynanda alyjynyň demografiki häsiýetleri awtomat enjamlar tarapyndan bellige alynýar. Testirlemegiň bu usuly uly şäherlerde bölek-satuw kärhanalary razyçylyk beren ýagdaýynda geçirilýär.

Elektron testirlemek usulynda maglumatlar tiz ýygnalýar, çykdajysym uly däl, ýöne testirlenýän bazar hakyky bazarlardan üýtgeşik bolmagy mümkin.

Imitasion (Bazary meňzetmek) testirlemek täze önüme alyjylaryň garaýşyny bilmek maksady bilen geçirilýär. Bu usul gaty köp çykdajylary talap edýär we täze önüm barada bäsdeşleriň hem bilmegi mümkin. Bäsdeşler ol önüm barada bilip, bazara seredip, öň ol harydy bazara çykarmagy mümkin. Bäsdeşler tejribede ýalňyşsynlar diýip, zyýan bermekleri mümkin (mysal üçin, bir ýerde şol tejribä gatnaşýanlar harydy köpräk satyn almaklygy mümkin).

Ýene-de bir mysal: biz dükanyň tekjesiniň haýsy ýerinde almany goýsak şol satuwyň mukdaryna etjek täsirini barlamakçy bolýarys.

Siz bar bolan miwe-gök önümler satýan dükanlary 2 topara bölýärsiňiz: gözegçilik edilýäne we tejribe geçirilýäne. 2 topar hem öz häsiýetleri, ýerleşişi, ululygy, kiçiligi we başga görkezıjılerı deňräk bolmaly. 2 toparda hem bellı wagtyň içinde almanyň satylşynyň mukdaryny anyklaýarsyňyz, soňra dükanlaryňyzda belli bir wagtyň özünde almanyň goýulýan ýerlerini üýtgedýärsiňiz we bellı wagtdan soňra 2 topar dükandaky almanyň galan göwrümini anyklaýarsyňyz. Bu tejribe netijesinde almanyň dükanyň tekjeleriniň niresinde ýerleşdirilende satuwyň mukdaryna täsirini blmek mümkinçiligini döredýär.

Tejribeler düzülende tejribe geçirijeler, alynjak netijeleriň dogrudygyny gazanmak maksady bilen şu aşakdakylara üns bermelidirler:

- Tejribäniň netijesine täsir etjek şertlerine;
- Derňelýän obýektiň tejribe wagtynda biologiki, psihologiki we sosial üýtgemek mümkinçiligine;
- Bütin tejribäniň dowamynda ölçeg gurallaryň üýtgemezligine;
- 2 toparyň hem häsiýetleriniň birmeňzeşligine.

## 2.7. Bazar maglumatlary ýygnamagyň usullaryny anyklamak

Bazar maglumatlar ýygnalanda ulanylýan usullary 2 topara bölmek mümkin: san we hil usullary. San taýdan maglumatlary ýygnamak ýörite adamlardan sorag-jogap geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

Bu usulyň häsiýetleriniň aýratynlygy – ýygnalýan maglumatlar göwrümi, çeşmeleri hem-de olary gaýtadan işlemegiň ýolarynyň anyklygyndan ybarat.

Hil taýdan maglumat ýygnamaklyk maglumatlary ýygnamaklygy we adamlaryň mälim önüm hakynda näme diýýänlerine we näme iş edýänlerine syn etmekden, şondan netije çykarmakdan ybaratdyr. Mysal üçin, spirtli içgiler barada soralýan adamlaryň hersiniň öz düşünşi we pikiri bolmagy mümkin.

Sorag-jogaplar ýapyk görnüşde bolsa alynan maglumatlaryň dogrulygy barada güwä geçmek kyn. Mysal üçin, “Aýna” kir ýuwujy serişdesi barada uly tejribeler geçirmek hökman däl. Öý hojalykçy zenanlary her ýerden çagyryp, kärhananyň marketologlary bilen bilelikde “Aýna” kir ýuwujy serişdesiniň hili, gaplanyşy, gabynyň daşynyň owadanlygy we başga zatlar barada pikir alyşaýmaly.

### Bazar derňewleri geçirilende synlamak we onuň ähmiýeti

Yokary hilli derňewi geçirmegiň esasynda synlamak usuly ýatandyr. **Marketing derňewlerinde synlamak** – bu barlanylýan obýekt barada ilkinji maglumatlary, ýörite topar adamlaryň hereketini, özlerini alyp barşyny synlamak bilen toplanýar. Munda barlagçy synlanýan obýekde degişli hemme şertleri kabul edýär bellige alýar.

Synlamak iki ýol bilen alnyp barylýar: göni, göni däl, açyk, açyk däl **adamlar tarapyndan** ýa-da **mehaniki serişdeler ýardamynda** amala aşyrýanlara bölünýär.

**Göni synlamak**-mysal üçin, dükanda alyjylaryň özleriniň alyp barşy (alyjy dükanda nähili yzygiderlikde tekjede duran harytlary synlaýar).

**Göni däl synlamak** usulynda özüni alyp barmagyň käbir netijeleri öwrenilýär. Bu ýerde köplenç arhiw maglumatlary ulanylýar. Mysal üçin, haýsy hem bolsa bir harydyň ýyllar boýunça ätiýaçlygynyň mukdary, muny haryt hereketini dogry ýola goýmakda ulanmak mümkin. Mysal üçin, bazarda haryt nyşanlaryny synlap haýsy kärhananyň önüminiň köpräk bazarda ornunyň bardygyny bilmek mümkin.

Aýakgap dükanynda oturyp synlaýjylar alyjylary dükandaky umumy ýagdaýy, aýakgaplaryň assortimenti, hili, ölçegleri, fasony, formasy, modasy we başgalar barada edilýän gürrüňleri eşidip, şolardan mälim netijeler çykarmaklary mümkin.

**Açyk däl synlamak-** munda adamlar özleriniň synlanýandygyny duýýarlar. Mysal üçin, açyk tejribe geçirlende adamlar eger-de syn edilýänini duýsalar, olaryň özlerini alyp barşyna täsir edýär. Şol sebäpli bildirmejek bolmaly. Mysal üçin, bildirmän satyjylaryň alyjylara hyzmat edilşini, alyjylara haryt saýlamakda edýän kömeklerini synlamak mümkin.

Synlamak usulynda esasan üns bermeli zat synlaýjylary saýlamakdyr. Synlaýjylarda ýokary hilli üns bermeklik ukybyndan başga çydamlylyk , synlanýan ýagdaýda bolup geçýän hemme üýtgeşikleri bellemek we iň esasysy synlaýjylaryň öz işine hakyky çemeleşmegidir.

Synaglaryň netijelerini şu aşakdaky ýaly bellige almaly:

- Gysga wagtlaýyn ýazuw görnüşinde derrew öz ýerinde we şol wagtyň özünde bellige almak;
- Ýörite taýýarlanan kartoçkalara bellemek;
- Synag beýan etmek, ýagny kartoçka görnüşinde ýöne köp sorag we jogaplary öz içine almaly;
- Synag gündeligine bellemek, her gündäki synaglaryň netijesini ýazmak, käbir teklipleri, käbir şahslaryň özüni alyp barşyny we ş.m. gündelige bellemegi arkaly amala aşyrylýar;

- Foto-wideo hem-de sesleri ýazmak arkaly synlamagyň netijelerini bellemek.

Synlamagyň taslamasy düzülende synlanýanlaryň özüni alyp baryş şertini, ýagdaýyny hökman bellemelidir. Şonuň ýaly-da synlamagy haýsy ýerde, haýsy wagtda geçirmelidigini hem anyklamaly.

Sorag-jogap geçirmegiň usullary:

Sorag-jogap adamlara göni sorag bermeklik ýoly bilen amala aşyrylýar. Sorag-jogap netijesinde kärhanalar adamlaryň öz kärhanasy, onuň öndürýän önümi barada nähili derejede bilýänligi, adamlaryň onuň öndürýän önümleri nähili derejede gowy görýänligi, olaryň isleginiň kanagatlanyş derejesiniň hem-de ilatyň arasynda kärhananyň abraýynyň derejesine göz ýetirýärler.

Sorag-jogap geçirilende topar adamlar bir saparda ýa-da köp gezek synalmagy mümkin. Birinji gezek saýlanan topar köp görkezijiler boýunça sorag-jogap berýärler. Mysal üçin, birinji gezek sorag-jogap geçirilende: şu aşakdakylar sorag anketasyna girizilýär ýaşy, jynsy, bilim derejesi, işleýän ýeri we ş.m. ikinji gezek sorag-jogap geçirilende marketing barlaglary üçin zerur bolan beýleki görkezijiler anyklaýar.

Mysal üçin, Balkanabatdaky “Şazada” jorap firmasy hiç haçan bazarda derňewler geçirenoklar. Şol sebäplı şol fırmanyň jorap öndürıjılıgını hem bılmeýän alyjylar bar.

Daşary ýurt bazarlaryna asla üns berenoklar, şol sebäpli joraplar ilat tarapyndan känbir uly isleg bilen satyn alnyp durulanok. Daş görnüşi, gaplanylşy erbet däl, ýöne reňkine üns berilse has gowy bolardy, başga ýerlerden getirlýän joraplarda bäş, alty jübütden gaplanyp her dürli reňklerde ak, gyzyl, gara, ýaşyl, goňur, gök we ş.m., eger-de alyjy günde birmeňzeş reňkde jorap geýse, her gün şol bir joraby geýýän ýaly duýulýar, her gün aýry reňkdäki joraplary geýse günde täzesini geýýän ýaly duýulýar. Ondan başga-da süýüm düzümlerine azrak üns berilse “Şazada” jorap firmasynyň joraplary iki gezek ýuwulandan soňra özüniň asyl keşbini ýitirýär (ökjesi, burny) ýa-da ýyrtylýar.

Joraplaryň burny we ökjesi üçin pagta we elastik ýa-da lawsan garylan ýüplikler ulanylsa onda bu meseläniň çözüldigi bolardy. Ýaş oglanlar ak joraplary geýmegi halaýarlar “Şazada” firmasy reňki ak joraplary umuman öndürenok.

Şu ýagdaýlary bilmek, anyklamak maksadynda “Şazada” jorap firmasy alyjylaryň arasynda sorag-jogap geçirse işlerleriniň ilerlemegi üçin has gowy bolardy. Umuman Türkmenistanyň önümçilik kärhanalaryna öz işlerinde marketingiň hemme elementlerini ulanmaga wagt ýetdi.

# III – BAP

## Derňewleriň taslamasyny düzmek we olary guramak

### 3.1 Maglumat ýygnamagyň esasy usullaryny saýlamak

Sorag-jogap ýoly bilen maglumatlar ýygnalanda şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1) Sorag-jogaba gatynaşýanyň öýünde ondan jogaplary almak. Munda sorag-jogap geçirýän harytlaryň nusgasyny, reklama materiallary görkezmegi mümkin. Ol ýagdaýynda arkaýyn sorag-jogap geçirmek mümkin. Ýöne bu usul birnäçe çykdajylar bilen baglanyşykdadyr.
2) Alyjylar bilen uly dükanda duşuşmak we şol ýerde sorag-jogap geçirmek. Bu görnüşli derňewleri geçirýän kärhanalaryň uly dükanlarda öz ofisi bolmaly. Derňew geçirýänler alyjylar bilen dükanyň zalynda duşuşýarlar, ýa-da bolmasa ofise çagyrýarlar. Bu usul arzanrak hasaplanýar.
3) Telefon arkaly sorag-jogap geçirmek-bu usul üçin köp çykdajylar gerek bolanok. Tiz wagtyň içinde köp adamlary sorag-jogaba çekip bolýar.
4) Kompýuter arkaly sorag-jogap geçirmek-bu usulda kompýuter awtomatiki ýagdaýda sorag berýär we jogabyny alýar.
5) Mälim toparlarda özbaşdak anketalary doldurmak. Mysal üçin, bir topar talyplaryň, mekdep okuwçylarynyň öňünde ýa-da dynç alyş öýlerde dynç alýanlaryň arasynda reklamaly rolik görkezip, soňra her bir tomaşaçy özbaşdak anketanyň her bir soragyna jogap berýärler.
6) Ýekelikde anketany doldurmaklyk. Öňünden düşündirilenden soňra, anketa dolduryja galdyrylýar we soňra ol özbaşdak anketanyň soraglaryna jogap berýär. Mälim bir wagtdan soň anketany gelip alyp gidýärler ýa-da poçta arkaly ibermekligini haýyş edýärler.

## 3.2 Sorag-jogap (anketasy) we ony taýýarlamagyň yzygiderligi

Sorag-jogap geçirmegiň esasy guraly anketa mehaniki gurluşlar (adamlary saýlaýjy sçýotçik kompýuterler), kino wideo kameralarydyr.

Anketa-bu mälim maglumatlary ýazmak üçin kagyz sahypadyr. Anketa bu soraglar toplumy bolup soralýan adamlar-olara jogap bermelidir. Anketa maglumatlary toplamagyň örän oňat we ygtybarly usulydyr. Ýöne ol taýýarlananda gaty ünsli bolup ony hiçhili kemçiliksiz taýýarlajak bolmaly. Berilýän soraglar ýönekeý, düşünikli, yzygiderli we isleýän maglumatlaryňyzy ýygnamaga mümkinçilik bermelidir. Maglumatlar ýygnamakda soraglar 2 görnüşli bolýarlar: açyk we ýapyk.

Ýapyk soraglar- özüne jogaplaryň her dürli görnüşlerini birikdirýär, jogap beriji şol jogapdan islendik birini saýlaýar.

Açyk soraglar- jogap berijä özüniň sözleri bilen jogap bermäge mümkinçilik berýär.

Soraglary düzmeklige hem uly üns berilmelidir, derňewçiler ýönekeý sözler tapyp alynjak jogaba islendik adamynyň jogap tapmaga mümkinçiligi bolar ýaly etmelidir. Ilkınjı nobatda, jogap berýänlerde gyzyklanma döretmelidir.

Anketalar düzülende esasy şu aşakdakylara üns bermeli:

- Sorag-jogabyň maksadyny anyklamak;
- Maglumatlary ýygnamagyň usulyny saýlamak;
- Soraglary taýýarlamak;
- Soraglary bahalamak;
- Soraglary buýrujylar bilen ylalaşmak;
- Test geçirmek;
- Anketalary ýene-de bir gezek gözden geçirmek.

Anketa esasy 3 bölekden ybaratdyr: giriş, hökmany maglumatlar, esasy bölek. Bu ýerde üns bermeli zat adamlary sorag-jogaba gatnaşdyrmakdyr. Anketalarda sorag-jogaba gatnaşýanlar barada gysgaça hökmany (rekwizit) maglumatlary

bolmalydyr: ýaşy, jynsy, synpy (işçi, daýhan, gullukçy we ş.m.) işleýän wezipesi, maşgala ýagdaýy, ady, familiýasy, adresi we ş.m.

Sorag-jogap geçirmäge gatnaşýan adama anketanyň adyny, nirede geçirilýänini we kimiň geçirýänini aýtmaly.

Ýene-de bir gezek anketanyň esasy soraglary düzülende soraglaryň görnüşine: soraglaryň mazmunyna we sanyna, anketada soraglaryň goýluş tertibine, barlag soraglaryň barlygyna üns bermeli.

## Maglumatlary ýygnamaklygy guramak

Maglumatlary ýygnamaklygyň 3 sany ugry bar: öz güýjüň bilen ýörite toparlary döredip ýygnamak ýa-da ýöriteleşdirilen maglumat ýygnap berýän edara ýüz tutmak (mysal üçin, Türkmen Döwlet Ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň "Marketing" okuw merkezi, "Marketıng" kafedrasy).

Birinji usulda önümçilik kärhananyň öz işgärleri öz güýçleri bilen maglumatlary adamlar bilen gepleşip ýygnaýarlar.

Ýöriteleşdirilen toparlar gaty ýokary hünäri bolmadyk adamlardan düzülendir. Mysal üçin, talyplar toparyndan. Ýöne köp kärhanalar maglumat ýygnamaga ýöriteleşdirilen edaralaryň üsti bilen gerekli maglumatlary ýygnamaklyga köp üns berýärler. Munuň esasy sebäbi:

1) Ýöriteleşdirilen edaralaryň maglumat ýygnamaklykda uly-köp tejribesi bar. Bu edaralarda ýokary hünärli işgärler toplanandyr.
2) Ýöriteleşdirilen (mysal üçin, Türkmen Döwlet Ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň "Marketing" okuw merkezi, "Marketıng" kafedrasy) edaralaryň ýörite auditoriýalary, enjamlary we hakyky ıș ýagdaýyny döretmäge mümkinçilikleri bar.
3) Derňewleri gysga wagtyň içinde çalt geçirmäge;
4) Derňewler geçirilende hiline gözegçilik etmäge mümkinçilikleri bar.

Derňewlerde esasy üns bermeli zat ýygnalýan maglumatlaryň hakykatlygydyr.

Adamlar bilen sorag-jogap geçirmäge başlanyňyzda geçirilýän synag barada birnäçe söz aýdyň, jogap berýän adamynyň girdejisi we şahsy barada ilkibada sorag bermäň. Jogap berijilere anketadaky soraglar barada kömekleşiň, düşünmeýän soraglary bolsa düşündiriň. Jogaplaryň ýalňyşsyz bolmaklaryny gazanyň.

Jogap berijiler käbir soraglara jogap bermezlikleri ýa-da tapmazlyklary mümkin, şol sebäpli, anketalarda ýörite punktlar goýmaly "pylanynjy soraga jogap beremok" diýip ýazar ýaly.

Sorag-jogap geçirýänler bilen nähili aragatnaşyk saklamaly? Telefon arkaly, aragatnaşyk bölümi arkaly, ýa-da şahsy duşuşmak arkaly.

**Telefon bilen gepleşmek**-maglumat ýygnamagyň iň tiz usulydyr. Bu usulda düşünmeýän soraglary düşündirmek mümkin. Bu usulyň esasy kemçilikleri: sorag-jogaby diňe telefon barlarda geçirip bolýar, wagt kesgitli bolmaly.

**Aragatnaşyk-bölümleri arkaly anketalary ibermek** bu gowy usul bolmagy hem mümkin-sebäbi käbir adamlar duşuşyp sorag-jogap geçirmäge çekinýärler, ýa-da aýtjak zadyny doly aýdyp bilenok, sorag-jogap geçirýän adamynyň gelen netijelerine täsiri bolmagy mümkin. Aragatnaşyk bölümleri tarapyndan iberilýän anketalardaky soraglar ýönekeý we anyk bolup islendik adam goýlan soraglara jogap berer ýaly bolmaly, ýöne olaryň yzyna gaýdyş tizligi we göterımı pesräk bolýar.

**Şahsy duşuşyk** - 3 usulyň içinde iň esasy we özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Sorag-jogap geçirýäniň köpräk sorag bermäge mümkinçiligi döreýär, alan netijelerini özüniň şahsy syn etmegi bilen jogaplary doldurmaga mümkinçiligi döreýär.

## 3.3 Maglumatlary seljermek we hasabaty taýýarlamak

Ýygnalan "çig" bazar maglumatlaryny kompýutere girizmekden başlanýar. Soňra statistiki seljeriş etmeklik ýola goýulýar.

Maglumatlary statistiki seljermegiň dört görnüşi ulanylýar: netijeler çykarmak, tapawutlandyrmak, baglanyşyk, çaklama seljermeleri.

**Netijeleri çykarmak**- alnan maglumatlary jemläp seljermeklige netijeleri çykarmak seljermesi diýilýär. Uly bolmadyk birlikleri synlamaklyk arkaly netijeler çykarylýar.

Mysal üçin, siziň ýoldaşlaryňyz bir markaly telewizor satyn alan bolsalar we olar şol telewizorlaryň hili barada nägile bolýan bolsalar, onda şol telewizorlaryň hiliniň pesligi barada netije çykarmak mümkin.

**Tapawutlandyrmak**- bu iki toparyň seljermesiniň netijelerini deňeşdirmek üçin (mysal üçin, iki topar bir görnüşli reklamanyň täsiri) ulanylýar.

Mysal üçin, Aşgabat şäheriniň ilaty tomus aýlarynda haýsy alkogolsyz içgileri gowy görýärler. “Fanta”, “Koka-kola”, “Sprite”, “Düýe çaly”, “Berzeňňi”, “Arçabil” mineral suwy, “Türkmen Kola”, “Yedıgen” we ş.m. Iki topary saýlap alyp, şolarda sorag-jogap geçirip netije çykarmak mümkin.

**Baglanyşygy seljermek**-hemişelik bar bolan arabaglanyşygyň täsirini bilmek maksadynda geçirilýän seljeriş. Mysal üçin, reklama çykarylan çykdajylaryň köpelmegi, satuwyň köpelmegine täsir edýärmi-ýokmy?

Araçylaryň sanynyň köpelmegi bilen bazardaky segmentiň (bölegınıň) görkezijisiniň köpeljekdigine ýa-da köpelmejekdigine marketologlar hemişe jogap gözleýärler.

**Çaklamak seljerişi**- geljekde üýtgeşmeleriň boljakdygyny çaklamak üçin ulanylýar. Mysal üçin, Harydyň gaby we gaplamak usuly, harydyň satuwyna nähili täsir etjegini marketolog öňünden bilmelidir.

Maglumatlary seljermek boýunça hasabat-buýryjynyň talaplaryna doly gabat gelmelidir. Hasabat 3 bölümden ybarat bolmaly: tanyşlyk, esasy we netije.

Tanyşlyk bölüm- titul sahypany, derňew geçirmek üçin şertnamanyň mazmuny, çyzgylaryň, suratlaryň sanawy we äheňi öz içine alýar.

Esasy bölüm-girişden, derňewi geçirmagiň usullaryndan alnan maglumatlary ara alyp maslahatlaşmakdan, netijelerden we tekliplerden ybarat.

Giriş okyjyny hasabatyň netijeleri bilen tanyşdyrmaga gönükdirýär. Giriş derňewiň maksadyny ony geçirmegiň wajyplygyny öz içine alýar.

Derňewleri geçirmegiň usuly bölüminde aýry-aýrylykda: esasy derňew obýektiň kim ýa-da nämedigini we derňew geçirmegiň usuly görkezilýär. Goşmaça maglumatlar hasabatyň soňuna goşulýar.

Hasabatyň esasy bölegi, derňewleriň netijeleri görkezýän bölegidir.

Gelinen netijeler we edilýän teklipler aýratyn bölümde görkezilýär. Netijelere derňewleriň netijelerine esaslanyp gelinýär. Teklipler derňewleriň netijesinde kärhananyň işini gowylandyrmak üçin nähili çäreleri geçirmelidigini görkezýär.

# IV – BAP

## Bazaryň ýagdaýyny derňemek we seljermek

### 4.1. Bazaryň daşky şertini derňemek we seljermek

Bazar derňewler geçirilende daşky şertleriň häsiýetlendiriji şu aşakdaky şertlerını öwrenmeklik teklip edilýär: syýasy, ykdysady, hukuk, durmuş-demografiki, medeni, ylym-tehniki we ekologiki köplenç şu her topary daşky şertiň aýratyn görnüşi hasaplaýarlar.

Daşky şert öwrenmek üçin soraglar:

**Syýasy şert.** Döwletiň bazarlaryna syýasyýetiniň täsiri durnuklymy?

Biziň täjirçilik işlerimiz döwründe syýasy durnuklylyk dowam edermikä?

**Ykdysady şert.** Nyrhlaryň garaşylýan üýtgeşmeleriniň depgini nähiliräk?

Ykdysadyýetdäki özgerişler bazaryň ösüşine ýa-da islege nähili oňaýsyz täsir ederkä?

Eger-de şeýle bolaýsa nähili çäreleri göz öňünde tutmaly?

Bolup bıläýjek alyjylaryň ýagdaýlary biziň harytlarymyzy satyn almaga mümkinçilik döredermikä?

Ýurtdaky puluň hümmetsızlenmegınıň derejesi biziň girdejimize nähili täsir ederkä?

Gümrük paçlarynyň tarifleri biziň girdejimize nähili täsir ederkä?

Biziň harytlarymyzyň nyrhyna döwlet tarapyndan gözegçilik edilýärmi?

Döwlet salgytlary biziň işimiziň netijesine täsir edermi?

**Hukuk şertleri.** Biziň täjirçilik işlerimize täsir etjek nähili kanunlar ýa-da hukuk kadalary ýakynda kabul ediljek?

Biziň girdejili işlemegimize nähili maliýe ýa-da salgyt görkezijileri täsir edip biler?

Biziň pudagymyzyň işine alyjylar tarapyndan nähili nägilelikler bar?

Kanunçylyk tarapyndan biziň önümlerimiz daşky gurşawa we alyjylara howpsuzlyk tarapdan hiç hili zyýan ýetirenokmy?

Gümrük kanunlary boýunça biziň önümlerimizi size getirip bolýarmy?

Biziň önümlerimiziň gaplanyşy, ölçegleri, bezelşi siziň bazarlaryňyzyň talaplaryna laýyk gelýärmi?

**Durmuş-demografiki şert.** Biziň täjirçilik işimiz nähili durmuş-demografik üýtgeşiklere täsir eder?

Islege alyjylar tarapyndan nähiliräk täsir edılmegı mümkin?

Bu üýtgeşmeleriň yzynda nämeler durka?

Önümiň özüne düşýän gymmatyna täsir edýän nähili täze tehnologiýalar dörärkä?

Biziň önümimize bolan isleglere önümçilik tehnologiýasynyň haýsy ösüşi täsir ederkä?

Biziň önümlerimizi ýerlemekde we hereketini gurnamakda haýsy täze girizmeleri ulanmaly?

**Ekologiki şert.** Biziň önüm goýumçylarymyz tarapyndan daşymyzy gurşap alýan şertlere nämeler zyýan bermegi mümkin?

Siziň haryt ýetirijiňiz (esasy goýumçyňyz) özüniň önümçilik ýagdaýyny üýtgetmäge mejbur bolsa siz näme etmeli?

Biziň ulanýan çig malymyz ýa-da tehnologiki enjamlarymyz adamlaryň saglygyna we bizi gurşap alan şertlere howp salýarmy?

Islendik önümçilik kärhanasy ýa-da önümi ýerleşdirýän, satýan kärhanalar we edaralar, daşky şertini derňemekçi we seljermekçi bolsalar şu soraglaryň jogaplaryny dogry tapmalydyrlar.

## 4.2. Bazary derňemek we seljermek

Bazarlary derňemekligiň esasy ugurlary bu islegiň her bir bazar segmentindäki paýyny anyklamakdan gelejek üçin çaklamakdan ybaratdyr. Munuň üçin bazarlary we islegleri toparlara bölüp öwrenmeklik zerurdyr.

**Bazarlaryň we bazar islegleriniň toparlara bölünişi.** Mälim bolşy ýaly, bu gymmatlyklar üçin bazarlar döredilýär. Sarp

edijileriň görnüşlerine görä bazarlary şu aşakdakylara bölmek mümkin: sarp edijiler bazary, kärhanalaryň bazary we guramaçylyk bazarlary.

**Sarp edijiler bazary**-hususy isleglerini kanagatlandyrmak üçin aýry-aýry adamlaryň ýa-da maşgalalaryň haryt we hyzmatlary satyn almaklygyna aýdylýar.

Sarp ediş harytlar bazary – alyjylaryň sanynyň köplügi, dürli bäsdeşleriň barlygy bilen tapawutlanýar.

**Önümçilik –tehniki önümleri (serişdeleri) satmak üçin niýetlenen bazar**-başga önümleri öndürmek üçin gerek bolan önümleri satyn alýan kärhanalaryň ýa-da şahslaryň toplumy.

Sarp edijileriň bazaryndan, önümçilik önümlerini (serişdelerini) bazarlary alyjylaryň azlygy, ýöne satyn alynýan önümleriň köplügi (mysal üçin, awtomobil tigirleri) bilen tapawutlanýar.

Guramaçylyk bazarlarynyň sarp ediş harytlar bazarlaryndan ýene-de bir aýratynlygy:

1. Ol köpräk ýöriteleşdirilen (esasan hem alyjylary) bolýar;
2. Satyn almaklyk barada netijä birnäçe adam gatnaşýar;
3. Alyjy we satyjy bir-birine baglydyrlar;
4. Iki tarap hem köp wagtlaýyn aragatnaşyk saklamak isleýärler;
5. Köplenç gös-göni satuw işlerini geçirýärler;
6. Haryt saýlanylanda emosional (duýgy) känbir rol oýnanok.

Köp guramaçylyk bazarlarynyň islege we onyň nyrhlara täsiri az duýulýar. Mysal üçin, tikin fabrigi matalaryň nyrhynyň arzanlygy bilen olary köp satyn almaz, eger-de onyň öndirýän taýýar geýimlerine isleg az bolsa. Şol sebäpli bazarlary satyjylaryň we alyjylaryň bazaryna bölmek mümkin.

Alyjylary önümleri satuw prosesine çekmekligiň netijesi boýunça gurply bazar, elýeterli bazar, maksatly bazar, özleşdirilen bazara bölmek mümkin.

**Gurply bazar**-anyk bir önüme gyzyklanýan sarp edijiler köpçüligi.

**Elýeterli bazar**-anyk önüme gyzyklanýan we satyn almaga serişdesi ýeterlik sarp edijiler köplügi.

**Özleşdirilen bazar**-anyk önümleri satyn alan sarp edijiler toplumy.

Bazarlar segmentlenende hökmany suratda dürli-dürli bazarlara satylýan önümleriň aýratynlyklaryny, olaryň häsiýetlerini hasaba almalydyr.

Maksatly bazarlar saýlamak prosesiniň aşagynda bazaryň islegi diýip atlandyrylýan esasy görkeziji ýatandyr.

**Bazaryň islegi**-bu anyk bir döwrüň içinde, anyk bazarda, anyk markaly harytlaryň satuwynyň göwrümidir.

Marketing çäreleriň derejesine seredip, islegleri ilkinji hem-de gündelik bazar isleglerine bölmek mümkin.

Ilkinji isleg – marketingi ulanmazdan anyk markaly satylýan harytlara bolan islegiň jemi. Bu isleg marketingi ulanmasa hem bazarda ýuwaş-ýuwaşdan hereket edýär.

Ýöne marketingi ulanmak bilen islegi her bir kärhana özüniň girdejisini artdyrmak maksadyna peýdalanýar.

## 4.3 Sarp edijileri öwrenmek

**Sarp edijileri öwrenmegiň esasy şertlerı.** Sarp edijileri öwrenmegiň esasy maksady, olara düşünmekden we olaryň isleglerini doly kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Sarp edijileriň isleglerini doly kanagatlandyrmak maksady bilen eýýäm bar bolan islegleri hemmetaraplaýyn öwrenmeli, esasanam olaryň döremeginiň kanunalaýyklygyny seljermeli, täze döreýän islegleriň nämeler bilen baglanyşyklygyny anyklamaly.

Islegler öwrenilende nähili meseleler çözülýär?

Islegleri öwrenmegiň 2 ýolyny saýlamak mümkin:

**Birinji ýol**-jemgyýetçilik islegleriň ösüş kanunlaryny dogry belläp, we gelejekde islegleriň ösüş düzümini öňünden bilmekdir. Bu ýagdaýda adamlaryň ýaşaýyşynyň durmuş şertlerini, olaryň harytlaryň assortimentine, hiline we hyzmatlara bolan talaplary hökman hasaba alynmalydyr.

**Ikinji ýol-** islegiň ösmeginiň kanunlarynyň subýektiw görnüşlerini öwrenmek. Sarp edijileriň hakyky özlerini alyp

baryşlary öwrenilenden soňra islegiň ösüşiniň çaklamasy düzülýär.

Şu sebäpli her bir sarp edijiniň gelejekdäki harytlary satyn alyp biljek meýilnamalary seljerilýär. Şonuň ýaly-da birnäçe şertler täsir etmegi netijesinde ol ýa-da bu haryda bolan islegiň üýtgemegi öwrenilýär. Sarp edijiler tarapyndan harydy satyn almak barada netijelerini 5 sany yzygiderli döwre bölmek mümkin, problemanyň döremegi (Surat 4.1.), maglumatlary gözlemek, alternatiwi (meňzeşlik) bahalamak, satyn almaklygy amala aşyrmak we satyn alnandan soňra bahalamak.

Sarp edijilerde döreýän meseleler satyn almak barada isleg we hakyky ýagdaýyň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, siz nahar bişirjek bolýarsyňyz, öýde bolsa ýag gutarypdyr.

Maglumatlary gözlemeklik size gerek bolan harytlar bilen baglanyşyklydyr.




Surat 4.1. **Sarp edijileriň satyn almak barada çykaran netijeleri.**

Satyn almak üçin usullar gözlenende hökmany suratda bahalamagyň derejelerini çözmeli. Derejeler hökmünde meňzeş harytlaryň görkezijileri ulanylýar. Bu işde marketologlar sarp edijilere, harytlaryň esasy görkesijilerini häsiýetlendirmek arkaly kömek edip bilerler.

Eger-de deňeşdirme netijesinde sarp ediji birnäçe marka harydyň içinden özüne gereklisini saýlan bolsa onda satyn alyş prosesi başlanýar. Satyn alyş prosesine  başga şertler hem täsir edýär, mysal üçin, dükanyň ýakynda ýerleşmegi, gerek harydyň barlygy, onuň nyrhy, satyn alyş şerti, öýe äkidip bermek şerti we ş.m. (mysal üçin, mebel harytlaryny Aşgabat şäherinde satyn alnanda hökman şu şertlere üns berilýär).

Satyn alnandan soňraky bahalamak, satyn alyş prosesi ýerine ýetirilenden soň garaşylýan kanagatlanmanyň  derejesi bilen amala aşyrylýar. Bu tapgyrda sarp edijiniň eden söwdasyndan kanagatlanýandygy ýa-da kanagatlanmaýandygyny anyklamak bilen bahalamak mümkin. Bu ýagdaý sarp edijide şol haryt barada başgalarada maglumat bermek we ýene-de şol harytdan satyn almak höwesini döretmegi mümkin.

Sarp edijileriň bazarda özlerini alyp baryşy we satyn alyp bilijilik häsiýetleri olaryň şahsy, medeni, sosial we psihologiki şertlerı bilen baglanyşykdadyr, olary öwrenmek bazar barlaglarynyň esasy wezipesidir.

**Şahsy şertler**- ýaşy, maşgalanyň durmuş döwrünı, meşgullanýan işi, ykdysady ýagdaýyny  (maşgalanyň her bir agzasynyň girdejisi), durmuş stili, şahsy tipini öz içine alýar.

**Maşgalanyň durmuş döwrı**- bu her bir maşgalanyň döränden bäri başyndan geçirýän ösüş döwürleriniň toplumy.

Maşgalanyň şu aşakdaky durmuş döwürlerini görkezmek mümkin:

1. Öýlenmedikler (ýaş öýlenmedik, ýöne ene-atasyndan aýratyn ýaşaýanlar);
2. Çagasyz ýaş çatynjalar;
3. Bir ýa-da birnäçe çagaly maşgala;
4. Çagalar özbaşdak boldular, maşgalabaşy işleýär;
5. Maşgalabaşy pensiýa çykdy;

6. Diňe bir ene ýa-da ata ol hem işleýär;
7. Diňe bir ene ýa-da ata ol hem pensiýa çykdy;

Mälim bolşy ýaly, maşgalanyň her bir durmuş döwrı üçin isleg her dürlidir (iýmit, geýimlar, aýakgap, öý, dynç almak we ş.m.).

Adamynyň durmuş stilini anyklamaklyk köp wagt alýar, oňa köp sorag bermeli ol soraglaryň jogabyny seljermeli.

Şol jogaplardan 1-2 sany mysal.

- Men öz işlerimi gowy meýilnamalaşdyrýan adam.
- Bir zatlaryň gözleginde öýümi taşlap gidýän wagtlarym hem bolýar.
- Moda kowalaşýan we şoňa göräde geýinýän we ş.m.

**Medeni şertler-**marketologlar medeni faktorlara gowy üns bermelidirler, sebäbi medeniýetiň özgerişlerine täze harytlary teklip etmek bilen jogap bermeli.

**Sosial şertler-** düzümi her dürli agzalardan ybarat bolan toparlardyr. Bu toparlara – her dürli şahslar gatnaşyp özüniň täsirini beýlekilere hem ýetirýär. Mysal üçin, bile işleýänler, maşgala, dostlar, ýoldaşlar we ş.m.

**Psihologiki şertler-** özüne kabul etmekligi, öwrenmekligi, ynandyrmaklygy we aragatnaşygy birleşdirýär. Mysal üçin, "Näme üçin şu zat satyn alynýar? Näme üçin sarp ediji şu harydy satyn alýar?" ýaly soraglara şu şertıň ýardamynda jogap tapmak mümkin.

# V – BAP

## 5.1 Bäsdeşleri öwrenmek we bäsdeşlik göreşinde üstün çykmak

Bäsdeşlik boýunça bazar derňewlerini geçirmegiň maksady bäsdeşligiň esasy ugruny işläp düzmek üçin maglumatlary ýygnamakdan ybaratdyr. Soňkulary saýlamagyň esasy sebäpleri şu aşakdaky 2 meseläni derňäp, netijeler çykarmakdan ybaratdyr.

**Birinjiden,** gelejekde şu pudagyň ösjekdigine we iň bir üns berilýän pudak boljagyny ynandyrmaly.

**Ikinjiden,** kärhananyň we onuň öndürýän önümleriniň bäsdeşlik ukybynyň beýleki kärhananyňkydan has ýokary bolmagyny gazanmaly. 5.1-njı suratda 5 sany bäsdeşlik güýçleri görkezilen:

1. Täze bädeşligiň emele gelmegi;
2. Anyk önümleri täze önümler bilen çalyşmak howpy;
3. Haryt goýumçylaryň güýçli tarapy eýeleýänligi;
4. Alyjylaryň güýçli tarapy eýeleýänligi;
5. Anyk pudakdaky önüm öndürýän kärhanalaryň arasyndaky bäsdeşlik.




Surat 5.1. **Bäsdeşligiň konsepsiýasy.**

Şu bäsdeşligiň güýçlerine gysgaça seredip geçeliň.

Mysal üçin, bar bolan harydy, täze başga görnüşe çalyşmak howpy, bu ýerde täze pikirler esasynda umuman täze harytlar öndürmek, we şol öňki islegleri kanagatlandyrmak barada gürrüň berýar. Mysal üçin, geçen asyryň 60-njy ýyllarynda himiýa senagaty arzan ýeňil berk plasmass önümleri öndürip başlady. Olar hemme pudakdan diýen ýaly metal önümleri gysyp çykaryp başlady. Eger-de täze önüm bilen çalşyrmak howpy abanýan bolsa, onda hökmany suratda we täze öndüriljek harydyň, onuň tehnologiýasynyň we ş.m. bagly bolan çykdajylary hasaplap çykarmaly.

**Haryt goýumçylaryň eýelän orunlarynyň güýji**-ol köplenç goýumçylaryň we pudagyň kärhanalarynyň işleýän bazarlarynyň tipi bilen anyklanýar.

Haryt goýumçylaryň eýelän orunlarynyň güýji şu aşakdaky şertler bilen belgilenýär:

- Goýulýan harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň dürli-dürliligi we hiliniň ýokarylygy bilen.
- Goýumçylary çalyşmaklyk mümkinçiliginiň barlygy bilen.
- Sarp edijileriň başga goýumçylaryň harydyny satyn almagy bilen baglanyşykly bolan çykdajylaryň barlygy bilen.
- Goýumçylardan satyn alynýan önümleriň göwrümi bilen.

**Alyjylaryň eýelän ornynyň güýji-** bu hem pudagyň kärhanalarynyň we olaryň önümlerini satyn alýan alyjylarynyň işleýän bazarlarynyň tipi bilen anyklanýar.

Alyjylaryň eýeleýän ornunyň güýji şu şertler bilen anyklanýar:

- Başga önümleri ulanmaklyga geçmek bilen;
- Başga önümleri ulanmaklyga geçmek bilen baglanşykly çykdajylaryň mukdary bilen;
- Satyn alynýan önümleriň mukdary bilen.

Ýokarky görkezilen şertler pudagyň özüne çekijiligini we onuň bilen täjirçilik işlerini ýola goýmaga mümkinçiliginiň barlygyny görkezýär.

## 5.2 Önümiň bäsdeşlik ukybyny anyklamak

Önümleriň bäsdeşlik ukyby anyklananda, önümiň esasy häsiýetleri we onda sarp edijileriň peýdalary bahalanman eýsem, önümi peýdalanmagyň usulyny anyklamaklyk zerurdyr. Mysal üçin, piwonyň markasynyň, tagamynyň häsiýetlerinden başga, ol piwony nirede içilse gowy boljakdygyna (restoran, kafe, açyk meýdanda) we lezzet alynjakdygy hem anyklanylýar.

Bäsdeş kärhanalaryň, bädeşlik edýän önümleri üçin maglumat ýygnalanda şu aşakdaky tablisanyň görkezijilerini ulansa gowy bolar.

**Bäsdeşleriň marketing işleriniň netijeliliginiň deňeşdirme seljermesi.**

| Üýtgeýän marketing | Biziň kärhanamyz | 1-nji bäsdeş | 2-nji bäsdeş | № bäsdeş |
|---|---|---|---|---|
| Önüm | | | | |
| Nyrh | | | | |
| Önümi sarp edijä ýetirmek | | | | |
| Önümiň hereketi | | | | |

Munda bahalanýan derejeler üçin şu aşakdaky görkezijileri ulanmak mümkin:

- Önümiň niýetlenişi (funksional mümkinçiligi);
- Ygtybarlylygy;
- Material, energetiki adam serişdelerini tygşytly ulanmak;
- Ergonomiki görkezijileri (ulanmagyň ýönekeýligi);
- Estetiki görkezijileri;
- Ekologiki görkezijileri;
- Howpsuzlygy;
- Standartlaşdyrmak;
- Bejeriş işlerini edip boljak görkezijileri;

- Daşamak ýeňilligi;
- Satuwdan soňky hyzmatlary ulanyp boljak ukyby.

Şu görkezilen hil görkezijiler bazarda öňde barýan harytlaryň hiliniň derejesi bilen deňdir. Önümler barlananda şu görkezijiler boýunça san ýa-da hil taýdan bahalanýar.

### 5.3 Kärhananyň bäsdeşlik ukybyny derňemek

Kärhananyň bädeşlik ukyby derňelende esasan 4 sany soraga jogap gözlenýär.

1. Bäsdeşligiň esasy maksady nämelerden ybarat?
2. Bu maksatlara ýetmek üçin gündelik ugur nähili bolmaly?
3. Bäsdeşleriň özleriniň esasy ugruny ýerine ýetirmek üçin nähili serişdeleri bar?
4. Gelejekde bolaýjak esasy ugry nähili?

Soraglaryň üçüsine jogap gelejekdäki ugur üçin iş meýilnamasy esasy material bolup biler. 4 ugur boýunça alynýan hemme jogaplaryň jemleri bäsdeşleriň hereketi barada doly maglumat berer.

Bäsdeş-kärhanalaryň bazarlarda işleriniň ilerlemegini we ol ýerde güýçli orny eýelemeklerini öwrenmekde zerur bolan şu täsir edýän şertlere üns bermek gerek:

- Kärhananyň abraýy;
- Kärhananyň esasy daýanýan önümleriniň konsepsiýasy;
- Önümiň hili we onuň dünýä ülňülerine gabat gelmegi;
- Kärhananyň täjirçilik işleriniň görnüşi, öndürýän önümleriniň dürli-dürlüligi;
- Esasy täjirçilik işiniň bazar göwrümi;
- Kärhananyň täze önüm öndürmek boýunça ylmy-barlag işiniň material tehniki bazasynyň ýagdaýy;
- Önümçilik bazasynyň önümçilik güýji;
- Maliýe ykdysady ýagdaýynyň durnuklylygy;
- Hususy we başgalardan alýan maliýesi;
- Mümkin bolan nyrhy azaltmak (ındırım) ýa-da nyrhyny köpeltmekden (nasenka) soňra bazar nyrhynyň möçberi;

- Marketing derňewlerini geçirilişiniň derejesi we olaryň býujeti;
- Sarp edijileriň islegini gıňışleýın kanagatlandyrmak we özünden başgalara gitmezlik üçin kärhananyň önümleri satmak boýunça öňünden taýýarlyk derejesi;
- satyjylary, alyjylary gyzyklandyrmak derejesi;
- Mahabatlandyrmanyň derejesi;
- Satuwdan soňky hyzmatlaryň derejesi;

Şu soraglar boýunça jogaplary 5-njı surat görnüşinde görkezijiler bilen görkezýäris. Alnan jogaplaryň derejelerini bahalamak bilen bäsdeşlik görnüşinde asgyn we güýçli taraplary ýüze çykarmak mümkin.

# VI – BAP

## Bazary seljermek

Bazar şertlerinde marketinge aýratyn üns berilýär. Marketingiň esasy maksady onuň konýunkturasyna (ýagdaýyna) baha bermek we ony nähili ýollar bilen ösdürmekden, gowulandyrmakdan ybaratdyr.

Islendik önümçilik kärhanasynyň esasy maksady anyk öndürýän önüminiň alyjylara derrew ýaraýanlygyny ýa-da ýaramaýanlygyny anyklamakdyr.

Önümçilik, talap (isleg) we teklip-özbaşdak öwrenmeli meseleleriň biri hasaplanylýar. Öň sowet döwründe öndüriji bilen sarp edijiniň arasynda hiç hili aragatnaşyk ýokdy, söwda kärhanalary satylýan harytlary üçin jogapkärçiligi öz üstlerine alaslary gelenokdylar. Önümçilik kärhanalary bolsa öz gezeginde, söwda kärhanalary esasy sarp ediji hasaplap halkyň islegine görä haryt öndürmän, söwda kärhanalaryň haýyşlary esasynda haryt öndürerdiler. Bularyň hemmesi iň soňunda halkyň harytlara bolan islegini doly kanagatlandyrylmazlyga, pes hilli harytlaryň öndürilmegine getirýärdi.

Senagat we söwda kärhanalarynyň arabaglanyşygyny ugrukdyrmak, önümçiligi dolandyrmagy we söwdany ösdürmek hemme taraplaýyn önümçiligiň tehnologiýasy, önümleri ýerlemek we olaryň islegini doly kanagatlandyrmak bilen baglydyr.

Öz gezeginde bu bazarlar bilen bagly bir topar bir-biri bilen baglanyşykly birnäçe soraglary çözmegi, gözleg-barlag işlerini geçirmegi ündeýär.

Önümçilik kärhanalarynyň eýeleri, hemme alyjylary özlerine harytlary bilen tabyn edip bilmeýänlerine düşünýärler. Alyjylar köp, bir-birlerinden talaplary we satyn alyjylyk ukyplary bilen tapawutlanýarlar. Şonuň ýaly-da kärhanalar hem bir-birlerinden bazarlaryň segmentlerine hyzmat etmegiň mümkinçilikleri bilen tapawutlanýar. Beýleki kärhanalar käýarym gaty güýçlüler bilen bäsdeşlik etjek bolman, eýsem bazaryň haýsy böleginde gowy hyzmat edip biljek bolsa şony saýlamany başarmaly.

Bazar ykdysady gatnaşyklar şertinde her bir kärhananyň ýolbaşçysynyň tejribede özüniň kärhanasynyň bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmaga we bazarlarda özüniň paýyny köpeltmäge mümkinçiligi bar. Ýöne islendik şertde hem ol ýolbaşçy özüniň önümçiligini, tehnologiki mümkinçiliginden barlaglary, gözlegleri başlaman, eýsem bazarlary öwrenmekden olary segmentlere bölmekden başlamalydyr.

## 6.1 Bazarlary segmentlemek

**Bazarlary segmentlemek**- bu ýörite usullar bilen anyk bir topar alamatlar boýunça birleşýän sarp edijiler, önümler, önümçilik kärhanalar topary üçin bazary böleklere bölmekdir.

Bazarlary segmentlemek marketingiň esasy guralydyr. Bazary segmentlemeklik näçe dogry çözülse, kärhananyň bäsdeşlik göreşinde ýeňmäge mümkinçiligi şonça-da ýokarydyr. Ýöne islendik ýagdaýda segmentlemegi haýsy alamatlar we derejeler bilen geçirilmelidigini dogry anyklamaly.

Bazary segmentlere bölmegiň esasy maksady alyjylary anyk toparlara bölüp olara gerekli önümlere we dürli bazar çärelerıne gönükdirmekden ybaratdyr:

1. Alyjylaryň diňe isleglerini kanagatlandyrmakdan ybarat bolman, eýsem olaryň şahsy häsiýetlerini, olaryň bazarda özlerini alyp baryşy we ş.m. düşünmekden ybaratdyr. Bularyň netijesinde önümler bazaryň talabyna doly gabat gelýär.
2. Anyk bazarda bädeşligiň anyk tebigatyna düşünmek mümkin. Ýagdaýlary öwrenmek, bilmek bilen bazar segmentlerinı saýlamak aňsatlaşýar, anyk bäsdeşlikde öňdeligi almak üçin harytlaryň nähili häsiýetlerde bolmalydygy kesgitlenýär.
3. Guramaçylyk mümkinçilikleri bir ýere ýygnamaga we oňaýly ugurlara ugrukdyrmaga şert döreýär.
4. Bazary öwrenmeklık netijesınde gullukçynyň we üpjünçilik işgäriniň esasy güýji peýdaly geljegi bar alyjylara ugrukdyrylýar.

5. Marketing işiniň meýilnamalary düzülende bazar segmentleriň aýratynlyklary hasaba alynýar we şonuň netijesinde bazar elementleriniň dogry işlemegine mümkinçilik döreýär. Mysal üçin, anyk bazar segmentiniň talabyna laýyklykda reklama etmeklik.

Bazarlary segmentlemegiň umumy bir usuly ýok. Bazaryň gurluşyny we segmentlemegiň iň gowy degerli usulyny tapmak üçin segmentlemegiň birnäçe görnüşini ulanmaly.

Alyjylar üçin niýetlenen bazarlary segmentlemegiň birnäçe görnüşine ýüzleneliň.

## Segmentlemegiň geografiki ýörelgeleri

Segmentlemegiň geografiki ýörelgelerinde bazarlary her dürli geografiki birliklere bölmeklik göz öňünde tutýar. Mysal üçin, Türkmenistan boýunça bazarlary segmentlänimizde: welaýatlara, şäherlere, etraplara we şäherçelere we mikroraýonlara, obalara bölmek mümkin.

Geografiki segmentlemegiň zerurlygy, sebitleriň arasynda, howa şertleriniň, ilatyň medeni gymmatlyklarynyň tapawudynyň barlygydyr. Geografiki segmentlemek reklama serişdelerini ulanmakda hem uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, oba ýerlerinde Ýewropa nusgadaky geýimleri reklama etmek düýbünden nädogrydyr. Matalary öndürýän ýa-da satýan kärhana (söwda bazarlary daşary ýurtlardan satmak üçin mata getirýär) her bir sebitiň özboluşly aýratynlygyny däp-dessuryny göz öňünde tutup 1 ýa-da 2 geografiki birlikde ýa-da bütin ýurduň möçberınde matalar bilen söwda etmegi mümkin. Mysal üçin, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň, Galkynyş etrabynyň, Farab şäherçesinde köplenç tebigy, wiskoz süýümlerinden dokalan uly güller bilen bezelen ýüpek matalary, şahy (awrowyý) matalara köpräk isleg bildirýär. Tersine, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy, Balkanabat şaherlerinde, Etrek, Esenguly, Bereket etraplarynda ýaşaýan aýal-gyzlar bir reňkli orta ýaşan we gartaşan aýallar zolakly (şotlandka) matalara uly isleg bildirýärler.

Türkmenistanyň howa şertleri türkmenleriň özboluşly durmuş ýaşaýşyny döredipdir. Yssy howa adamlaryň köplenç daşarda ömrüniň geçmegine esas bolýar. Şol sebäpli başga sowuk ýurtlara garanyňda her dürli mebellere bolan islegler bizde pesräkdir. Ýa-da bolmasa tomusky, ýazky geýimlere bolan islegler has ýokarydyr. Yssy döwrüň dowamlylygy sebäpli köp iýmitler sowadyjylarda saklanýar, şonuň içinde Türkmenistanyň ılaty köpräk uly göwrümli sowadyjylara, kiçiräk doňduryjylara (morozinliklere) isleg bildirýärler. Jaýlaryň içini sowatmak üçin kiçi göwrümli, arzanrak kondisionerlere isleg bildirýärler. Kiçi göwrümli 0,33 litrlik gaplarda "Türkmen Kola", "Ýedigen", "Arçabil" we beýlekiler ıçımlıklerı yssy wagty öndürmeklik känbir önümçilik kärhanalary üçin oňaýly däl, sebäbi gaty suwsan adam 1 çüýşe 0,33 lıtrlık içimlikden gananok, 2-siniň nyrhy bolsa 1,5 litrlik göwrümli plastmass gapdaky içimlikleriňkä golaýlaýar.

## Demografiki ýörelge boýunça bazary segmentlemek

Demografiki ýörelge boýunça bazary segmentlemek bazary alyjylar boýunça toparlara bölmekdir. Munda şu aşakdaky demografiki üýtgeşmeler göz öňünde tutulýar. Alyjylaryň ýaşy, jynsy, maşgalanyň sany, maşgalanyň durmuş döwürleriniň tapgyrlary, girdejiniň mukdary, işleýän işi, bilimi, dini, milleti we ş.m. göz öňünde tutulýar. Demografiki ýörelge köplenç sarp edijiler bazarlaryny segmentlemekde ulanylýar. Munuň esasy sebäbi sarp edijileriň islegi, sarp etmegiň tizligi, demografiki özgerişleri bilen bir-birine örän baglydyr.

**Sarp edijileriň ýaşy** – alyjylary harytlaryň zerurlygy ýaşlary bilen baglanyşykdadyr.

Ilaty ýaşlary we olaryň ömür döwürlerı boýunça segmentläp marketingıň her dürli usullaryny ulanyp, ilatyň anyk ýaş toparlaryna niýetläp her dürli harytlary hödürlemek mümkin. Muňa matalaryň mysalynda seredip geçeliň. Aýal-gyzlar üçin köýneklik matalary ýaşy boýunça segmentlesek, onda ýaş gyzlar, gelinler, orta ýaşan aýallar we gartaşan aýallar üçin bölmek mümkin.

Ýaş türkmen gyzlary açyk reňkli ýukarak matalardan tikilen köýnekleri halaýar, gartaşan aýallar bolsa galyňrak dokrak reňkli matalary halaýarlar, gülli matalardan gartaşan aýallar hiç haçan köýnek tikinmeýärler. Oýnawaçlaryň mysalynda segmentlemegiň ýaş araçäklerine üns bermek mümkin. Çagalaryň ýaşyny segmentler boýunça 3 döwre bölmek mümkin: bakja, mekdebe çenli ýaş we mekdep ýaşyndakylara.

Irki bakja ýaşynda (1 ýyla çenli) oýnawaçlaryň görnüşleri köp däl. Olar ýönekeý we geometrik formadadyrlar. Bulara açyk reňkli şarlar, töwerekler, käbir rezin oýnawaçlar degişlidir. Bir ýyldan soňra çagalaryň hereketlerini emele getiriji oýnawaçlar gerek bolýar (toplar, tigirjikli oýnawaçlar we ş.m.).

Iki ýaşyň soňragynda çagalaryň iň gowy görýän oýunlary gum gazmak, ony daşamak. Şol sebäpli olar üçin bedrejikler, piljagazlar, awtomobiller, suw guýgyçlar (leýkalar) we ş.m. gerek bolýar. 2,5 ýaşdan soňra çagalar iň gadymy oýnawaçlardan biri bolan gurjaga üns berip başlaýarlar.

Mekdep ýaşyna çenli (3-7 ýaş) çagalaryň oýunlary anyk mazmuna eýe  bolup dürli-dürli bolup başlaýar. Çagalar özbaşdak oýunlar gurap başlaýarlar.

Orta mekdebe çenli (4-5 ýaş) çagalaryň hereketi we oýunlary oýnamaga höwesi artýar. Şu ýaşdaky çagalar üçin dürli ölçegdäki gurjaklar, mebeller, aşhana gap-gaçlary, ulag serişdeleri zerurdyr.

Mekdebe taýýarlanýan (5-7 ýaş) çagalar okuwa taýýarlaýan oýnawaçlara köpräk üns berip başlaýarlar (harplar, sanlar, stoluň üstünde oýnalýan oýunlar we ş.m.).

Mekdep ýaşyndaky çagalar (7-17 ýaş) aňy ösen özbaşdak pikirlenmäge ukyply.

Kiçi mekdep ýaşyndaky çagalar (7-12 ýaş) ilki başda öňki oýnan oýnawaçlaryny oýnaýarlar. Ýöne oýunlaryň häsiýetleri olaryň mazmuny çuňňurlaşýar. Bu ýaşdaky çagalaryň düşünjesini dikeltmek, okuw materiallaryny berkitmek üçin bolan oýnawaçlaryň zerurlygy ýüze çykýar. Bu oýnawaçlara her dürli konstruktorlar, stoluň üstünde oýnalýan oýnawaçlar we ş.m.

degişlidir. Mekdep döwründe hemme çagalar küşt, şaşka, futbol, woleýbol, basketbol oýunlary oýnamany gowy görýärler.

Orta (12-14 ýaş) we ýokary (14-17 ýaş) mekdep ýaşyndaky çagalar foto, radio tehnika bilen modelleri ýasamagy, ýygnamagy gowy görýärler. Bu ýaşda ylmyň pudaklaryna degişli stoluň üstünde oýnalýan oýunlar has köp talap edilýär.

**Jynsy boýunça segmentlemek**-geýimler, kosmetiki harytlary we başgalary jyns boýunça segmentlemek köpden bäri adat bolup gelýär. Soňky döwürde önümçilik kärhanalary segmentlemegiň şu tipine uly üns berýärler. Mysal üçin, öň aýallar hem-de erkekler dezodorantlaryň dürli görnüşlerini bilelikde peýdalandylar. Häzir bolsa önümçilik kärhanalary aýratynlykda aýallar we erkekler üçin dezodorant öndürýärler. Söwda dükanlary harytlaryň niýetlenişiniň jyns aýratynlyklary boýunça hem ýöriteleşýärler. Mysal üçin, “diňe aýallar üçin”, “diňe erkekler üçin”, “ýetginjekler üçin”, ady bilen ýöriteleşdirilen dükanlar bar. Köp önümçilik kärhanalary öz reklamasyny dogrudan dogry erkeklere ýa-da aýallara gönükdirýärler.

Matalary alyp görsek; aýallar egin-eşikleri üçin niýetlenen matalar: ponbarhat, welýur, atlas, krepdeşin we ş.m. Erkekleriň egin-eşikleri üçin niýetlenen matalar: triko, şewiot, kowerkot we ş.m.

**Girdejileriň mukdary.** Girdejileriň mukdary boýunça bazary segmentlemek marketingde awtomobiller, halylar, mebeller, egin-eşikler, kosmetika harytlar ýalylar üçin ulanylýar. Önümçilik kärhanalary öz kärhanalaryna köp girdejili adamlaryň ünsüni çekjek bolýar, mysal üçin: haly fabrikleri uly ölçegdäki türkmen halylaryny dokaýarlar, garaköli baganasyndan taýýarlanan aýal poltolaryny tikin fabrikleri alyjylara hödürleýärler. “Ýimpaş” dükanynda bar bolan zeýtunyň nyrhyna serediň; pes, orta, ýokary-bu ýerde, elbetde, hil görkezijisi esasy rol oýnaýar, ýöne şonuň bilen birlikde, ilatyň girdejileriniň mukdary hem göz öňünde tutulandyr. Zergärlik harytlaryň mysalynda girdejiniň mukdary has anyk görünýär. Göwher daşlary bilen bezelen ýüzükler, kulonlar girdejisi has ýokary bolan adamlar üçin niýetlenendir.

Abraýly bölek-satuw söwda işgärleri ýeke bir uly girdejili adamlara hyzmat etmek üçin dükanlary açmak bilen çäklenmän (mysal üçin, daşary ýurtlarda), eýsem ilatyň iň pes düşewüntlileri üçin hem has arzan nyrhlardaky harytlary satýarlar we olara hyzmat edýärler.

**Geodemografiki ýörelge boýunça bazary segmentlemek.** Soňky wagtlarda bazary geodemografiki ýörelge boýunça segmentlemeklige köp üns berilýär. Munda ýaşalýan sebitler klassifikasiýa edilýär we olary birnäçe tiplere bölýärler. Bu bölünişik ilat ýazgysy geçirilende ýörite anketalardaky soraglara jogap toplamak arkaly amala aşyrylýar. Şunda häsiýetleri boýunça sebitler bir topara birleşdirilýär. Geodemografiki maglumatlar bazary segmentlemegiň täze serişdesi hasaplanyp maksatly segmentleri anyklamaga ýardam berýär. Bu maglumatlar ýurduň her böleginde ýaşaýan ilatyň demografiki häsiýetleri boýunça, satyn alyp bilijilik häsiýetleri boýunça ýaşaýyş derejelerine görä hyzmat etmek üçin maksatly bazarlary ulanmaga mümkinçilik berýär.

Geodemografik usul häzirki wagtda dünýäniň birnäçe ösen uly ýurtlarynda ulanylýar.

**Bazary segmentlemegiň psihografiki ýörelgesi.** Psihografiki segmentlenende alyjylar jemgyýetiň haýsy synpyna, durmuş keşbine, şahsy häsiýetlerine degişliligi netijesinde toparlara bölýärler.

**Jemgyýetiň synplary** – jemgyýetiň ol ýa-da bu synpa degişli adamlaryň haryt saýlamaklyk ukyplary we häsiýetleri dürli-dürli bolýar. Mysal üçin, Beýik Britaniýada dynç alyş şäherleri, auksionlar işgärleriň maşgalasyna niýetlenendir. Şunda maşgalanyň her bir agzasy üçin gyzyklanmaga, oýnamaga, dynç almaga mümkinçilik döredilendir.

**Ýaşaýyş keşbi** – ilatyň ol ýa-da bu haryda gyzyklanmagy, esasan olaryň ýaşaýyş durmuşynyň ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr. Marketologlar köplenç bazary segmentlänlerinde ilatyň ýaşaýyş durmuşy bilen baglaşdyrýarlar. Mysal üçin, Türkmenistanyň şertinde oba ýerlerinde ýaşaýan, daýhan birleşiklerde işleýän adamlar ýönekeýräk nah matalardan

tikilen egin-eşiklere isleg bildirýärler. Şäherdäki talyp ýaşlar bolsa modaly eşige esasy üns berýär.

**Şahsyň tipi** – şahsyň üýtgäp durýan häsiýetleri bazary segmentlemekde marketologlaryň ünsünden düşmeli däldir. Özleriniň öndürýän harytlarynda alyjylaryň şahsy talaplaryny we häsiýetlerini göz öňlerinde tutmalydyrlar. Şahsyň tipi boýunça bazary segmentlemeklik kosmetiki, spirtli içgileriň, çilimleriň haryt hereketini tizleşdirmekde giňden ulanylýar.

**Piwo içgisine isleg bildirýän şahslary görnüşi boýunça segmentlemek**

| Piwo içgisiniň tipi | Şahsyň tipi | Içijiniň endigi |
|---|---|---|
| Oturylyşykda içýän | Öz isleglerine we maksatlaryna ýetmek üçin hereket edýän adam, elmydama öň hatarlarda boljak bolýan ýaş adam | Özüniň hereketlerine gözegçilik edip bilýän, käbir ýagdaýlarda köp içip serhoş bolmagy hem mümkin, alkogolik däl dynç alyş, baýram günleri içýän köplenç ýoldaşlarynyň arasynda içýän. |
| Öz tonusyny (ýagdaýyny) gowulandyrmak maksady bilen içýän | Başga adamlaryň ýagdaýyna düşünýän. Başgalar üçin öz bähbidinden geçýän adam. Orta ýaşlarynda. | Özüniň hereketlerine gözegçilik edip bilýän, gaty seýrek serhoş bolýança içýän. Köplenç işden soň öz dostlary bilen içýän. Piwony içýäniň esasy sebäbi başgalara ýöne ýoldaş bolmagy üçin. |
| Köp içýän | Başgalaryň mätäçligini syzýan, düşünýän köplenç işi oňuna | Piwony köp içýän – köplenç serhoş bolýan wagtal-wagtal öz hereketine gözegçilik |

| | | |
|---|---|---|
| | bolmaýan. Munuň üçin özüni günäkärleýän adam. | edip bilmeýär. Alkogolik bolmagy hem mümkin. Hakykatdan gaçmak üçin piwony köp içýär. |
| Piwony yzygiderli elmydama içýän | Başgalara biparh garaýan özüniň işiniň oňuna bolmaýanlygyny başgalardan görýän. | Köp içýän köplenç serhoş bolýar. Alkogolik hem bolýar. Hakykatdan gaçmak üçin içýär. |

**Alyjylaryň özlerini alyp baryşy boýunça bazary segmentlemek.** Harytlary bilişleri, tanaýyşlary, nähili edip ulanmaly we umuman harytlara garaýyşlary boýunça toparlara bölünýärler.

Haryt bilen iş salyşýan adamlaryň köpüsi adamlaryň haryda bolan garaýşy bazary segmentlemekde esasy görkeziji diýip hasaplaýarlar.

Haryt satyn almak üçin sebäpler (bahanalar). Alyjylary öz aralarynda harydy satyn almak ýa-da harydy ulanmak barada täze pikirleriň (ideýalaryň) emele gelmegi bilen tapawutlandyryp bolýar. Mysal üçin, aýal-gyzlaryň köýneklik matalary satyn almagy üçin esasy sebäpler toýlar, baýramlar bolmagy mümkin. Şol sebäpli önümçilik we söwda kärhanalary ýurdumyzda bolýan toýdyr - baýramlarda aýal-gyzlaryň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen gerekli matalary öndürmeli ýa-da başga ýerlerden getirip satmaly. Türkmenlerde adat bolup galan Gurban baýramy günleri aýal-gyzlar hökman täze geýim geýinmeli. Gelin edinip, gyz çykarýanlar in matadyr taýýar geýimleriň onlarçasyny satyn alýarlar.

Sebäplere görä bazary segmentlemek kärhanalar üçin harydy ulanmaga – satmaga mümkinçilik döredýär. Mysal üçin, biziň şertimizde ertirlik, günortanlyk we agşamlyk naharda çaý hem içilýär. Ýöne miwe şerbetleri hem bizde gaty köp. Azyk senagat assosiasiýasy türkmeniň datly miwelerinden şerbetler öndürip günortan we agşamlyk naharyň aralygynda adamlara teşneligi

gandyrmak üçin witaminlere baý şerbetleri reklama etse ikitaraplaýyn köp peýda bolardy

**Gözlenýän peýda** - segmentlemegiň esasy görnüşleriniň biri-alyjylary harytlarda gözlenýän peýdasyna görä klassifikasiýa etmeklik. Mysal üçin, sagatlar satyn alnanda ondan gözlenýän peýdany segmentlemek maksady bilen barlaglar geçirilende: alyjylaryň 23% sagatlaryň iň pes nyrhlysyny satyn alypdyrlar, 46 %-sagatlaryň ygtybarlygyna we hiline üns beripdirler, 31% bolsa haýsy hem bolsa bir sene mynasybetli sagat satyn alypdyrlar. Daşary ýurt sagat öndürýän firmalaryň biri "Ýu.S.Taým" özüniň ünsüni 1-nji we 2-nji segmente gönükdirip "Taýmeks" atly sagady öndürip, olary tiz satyn alynýan harytlar dükanlaryň üstünden satyp başladylar. Ýakyn wagtyň içinde şu saýlanyp alnan segment firmany dünýäde iň ady belli sagat kompaniýasyna öwrüpdir.

Peýdanyň hasabyna segmentlemek esasy peýdalary saýlamagy ündeýär, şol peýdalary alyjylar anyk harytlardan, ýagny şol peýda hususyýetli harytdan gözleýär.

Mysal üçin, diş pastasy boýunça geçirilen barlaglar netijesinde 4 sany peýda segmenti anyklanypdyr: tygşytlamak, bejeriş täsiri, kosmetiki täsir we tagam beriş hili.

**Diş pastasynyň garaşylýan peýda esasynda Segmentlenişi**

| Peýdanyň görnüşleri boýunça | Demografiki häsiýetleri | Özüni alyp barşyna häsiýetnama | Psihografiki häsiýetleri | Ulanylýan esasy diş pastalary |
|---|---|---|---|---|
| Tygşytlamak (pes nyrh) | Erkekler | Aktiw ulanyjylar | Ýokary garaşsyz häsiýetli esasan nyrh görkezijilere üns berýänler | Satuwda bar bolan islendik diş pastasy |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Bejeriş täsiri (çüýremekden gorap saklamak) | Köp maşgalaly adamlar | Aktiw ulanyjylar | Ipohondrikler, konserwatorlar | “Krest” |
| Kosmetiki täsirli (dişiagardýan, ýalpyldadýanlar) | Ýetginjekler | Çilim çekýänler | Örän köp tanyşlylar, tiz tanyşýanlar, utanjaň däller | “Maklins”, “Ultrabraýt” |
| Tagam beriş hili (gowy tagamly) | Çagalar | Narpyzly sakgyçlary söýýänler | Durmuşy, ýaşaýşy oňat görýänler. Hemme zatda, ýerde özleriniň gatnaşaslary gelýänler. | “Kolgeýt”, “Eým” |

Her bir segmente özboluşly demografiki, psihografiki häsiýetler degişlidir. Mysal üçin, dişlerini çüýremekden gorap saklamagyň aladasyny edýänler köp maşgalalar diş pastalaryny aktiw ulanýarlar konserwatorlar. Ondan başga-da her bir segmentiň söýýän pastalary bar eken. Diş pastalaryny öndürýän, başga ýerlerden getirýän we satýan kärhanalar şu segmentleri öz işlerinde ulanyp, haýsy segmente peýdanyň haýsy görnüşleriniň gabat gelýändigini we haýsy diş pastalarynyň bädeşlik ukybynyň ýokarydygyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Kärhanalar bazara täze diş pastasyny çykaryp, täze peýdalary gözlemegi hem mümkin.

Umuman segmentlemegiň bu usuly adamlar näme üçin şol bir görnüşli harydy satyn almaga çalyşýanlygyny anyklamak üçin ulanylýar.

**Ulanyjynyň derejesi**- käbir bazarlary şu segment boýunça hem bilmek mümkin. Harydy ulanmaýanlar, öň ulananlar, azrak

ulananlar, täze ulanýanlar we yzygiderli ulanýanlar. Uly kärhanalar bazarlaryň esasy bölegini eýelemekçi bolup azrak ulanýanlary öz tarapyna çekmekçi bolýarlar. Kiçiräk kärhanalar bolsa yzygiderli ulanýanlary öz tarapyna çekmegi maksat edinýärler. Sebäbi ulanyjylaryň her haýsysyna bazar işleriniň özboluşly garaýşy bar.

**Ulanmagyň, peýdalanmagyň çaltlygy.** Bazarlary harytlary peýdalanmagyň çaltlygy boýunça toparlara bölmek mümkin: gowşak, aram we aktiw (alyjylar) ulanyjylar. Bazarlary harytlary peýdalanmagyň çaltlygy boýunça toparlara bölmek mümkin: gowşak, aram we aktiw (alyjylar) ulanyjylar.

Aktiw ulanyjylar köplenç bazaryň köp bolmadyk bölegini tutýarlar, ýöne olaryň paýyna harytlary ulanmagyň köp göterimi gabat gelýär. Daşary ýurtlarda ilatyň arasynda piwo boýunça geçirilen marketing barlaglary netijesinde 68%-piwo içmeýänler, galan 32% bolsa ikä bölünipdir, hersi 16%-den. Şolardan bir topary azrak içýänler, beýlekisi – aktiw (köp içýänler), ýagny piwonyň 88 % şolar içýärler, ýagny azrak içýänlerden 7 esse köp. Şol sebäpli piwo öndürýän kärhanalar we satýanlar öz piwosyny birnäçe azrak içýäni, gyzyklandyrandan 1 aktiw (köpräk) içýäni gyzyklandyrany peýdaly.

| | 68% içme-ýänler | 16% azrak içýänler | 16% köp içýänler |
|---|---|---|---|
| Piwo | 0 % | 12 % | 88% |

Harytlary aktiw ulanyjylaryň demografiki we psihografiki häsiýetleri birmeňzeş, şonuň ýaly-da olaryň reklama serişdelere bolan ynançlary hem meňzeşdir. Piwony köpräk (aktiw) içýänleriň köpüsi işçi bolup ýaşlary hem 25-50 töweregidir, azrak içýänlerde bolsa işçiler azrak-ýaşlary boýunça bolsa 25-e çenli,

50-den bolsa ýokarakdyr. Aktiw (köpräk) içýänler telewizora günüň dowamynda 3,5 sagatdan hem köpräk seredýärler. Az içýänler bolsa 2 sagatdan hem azrak, onda-da sport programmalaryna tomaşa etmegi gowy görýärler. Bu maglumatlar marketologlara reklama serişdelerini dogry ulanmaga mümkinçilik berýär. Şu ýokarda görkezilenlerden Türkmenistanyň azyk assosiasiýasynyň önümleri üçin ulanylsa öz oňyn netijesini bererdi.

**Sarpa goýulyş derejesi** – bazary segmentlemegiň ýene-de bir görnüşi alyjylary anyk haryda sarpa goýuş derejesidir. Alyjylar harydyň markasyna aýratyn sarpa goýup diňe şol markaly ýa-da diňe şol bir harytlary satyn almagy gowy görýärler-bulara köp şertler täsir edýär. Mysal: 5 sany markaly harydy alýarys А, Б, В, Г we Д. Şu markalara sarpa goýýanlar 4 topara bölýäris.

1. **Gürrüňsiz sarpa goýýanlar**-bu alyjy yzygiderli bir markaly harydy satyn alýar. Bu ýagdaýda alyjynyň satyn alyp bilijilik tertibiniň shemasy А,А,А,А,А, ýagny bu alyjylary gürrüňsiz А marka sarpa goýýandygyny aňladýar.
2. **Saýlap sarpa goýýanlar**- bu alyjylar 2-3 haryt markalaryna sarpa goýýanlar. Şunda alyjynyň tertibiniň shemasy А,А,Б,Б,А,Б. Ýagny harytlary sarpa goýulyşy А we Б markaly harytlaryň arasynda bölünýär.
3. **Sarpa goýmak derejesiniň üýtgäp durmagy**- bu alyjylar bir görseň bir markaly, soň başga markaly harytlara isleg bildirýärler. Şunda alyjynyň tertibiniň shemasy А, А,А,Б,Б,Б görnüşi ýaly А marka baradaky pikirini Б marka bilen çalyşýan ýaly.

Gynansakda, bazarda “gürrüňsiz sarpa goýýanlary” tapmak aňsat düşenok. Ýöňe bular hem käwagtlar özleriniň söýgüli markalaryndan ýüz öwrüp başga bir markaly harydy satyn alýarlar. Ondan başga-da “nyrhlaryň hiliniň pes bolmagy” alyjylaryň bir markadan başga marka geçmegine esasy sebäp bolup biler.

**“Geň” alyjylar**- bu alyjylar markaly harytlaryň hiç birine-de sarpa goýanoklar. Alyjylaryň tertip shemasy А,В,Д,Б,Г,В

görnüşe öwrülmeýär we markaly harytlaryň islendigini satyn alýar ýa-da bar bolan harytlaryň assortimentinden başga bir üýtgeşik görnüşlerini satyn almaga isleg bildirýär. Önümçilik kärhanalary öz bazarlarynda harytlary goýulýan sarpanyň derejesini bilmek maksadynda seljerme geçirmegi mümkin. Olar alyjylaryň haýsy sebäplere görä öz öndürýän önümlerine sarpa goýandyklaryny bilmelidirler.

Mysal üçin, Türkmen halylaryna alyjylar dünýä bazarynda haýsy görkezijilerine sarpa goýýarlar. Türkmen halylarynyň hiç bir ýeriň halylaryna meňzeş däl aýratynlyklary bar: halynyň gölleriniň owadanlygy, läle ýaly açylyp duran gyzyl reňkli, 1m² dykyzlygy (100-lerçe müň çitim) pürüniň pesligi, ýüpek ýaly ýalpyldap, pagta ýaly ýumşaklygy, estetik häsiýetleriniň iň ýokarylygy. Dünýäň ýüzünde öz Türkmen halylarymyz bilen bäsleşip biljek hiç bir halkyň halysy ýokdyr. Eger-de başga bir ýurt öz halysyny owadan hasaplaýan bolsa özüniň ýagdaýyny bazarda oňatlaşdyrjak bolsa, onda deňeşdirme häsiýetlerini reklama edäýmeli.

Önümçilik kärhanalary alyjylary öwrenmek bilen haýsy sebäplere görä olar öz öndürýän harytlaryndan el çekip başga bäsdeş kärhanalaryň harytlaryna köpräk isleg bildirýändiklerini we bazar boýunça nirede kemterräk gaýdýandyklaryny bilerler. Entek hiç bir haryt markasyna sarpa goýmaýanlary bolsa, kärhana derrew öz markasyny teklip edip bilýär.

Sarpa goýmaklyk bilen gaty seresap bolmaly, köplenç alyjylar haýsam bolsa bir marka sarpa goýýan ýaly welin, ýöne köplenç “endik” ýa-da “tapawudy ýok”, pes nyrh ýa-da başga almaga haryt ýok ýagdaýlar bolmagy mümkin.

## Alyjylaryň anyk harydy häsiýetlendirip anyklamaga taýýarlyk derejesi

Adamlaryň anyk bir harydy satyn almagy üçin taýýarlyk derejesi bolýar. Olardan käbirleri şol haryt hakynda hiç zat bilenoklar, 2-njileri-haryt hakynda habarly, 3-njilerinde maglumat ýeterlik, 4-njileri gyzyklanýarlar, 5-njileri işleýärler, 6-njylary

satyn almaga meýil bildirýärler. Ýokardaky alyjylar toparlaryň san gatnaşygy (tapawudy) taýýarlanylýan marketing maksatnamasynyň häsiýetine uly täsir edýär. Mysal üçin, Aşgabadyň “Ahal” tikin önümçilik birleşigi erkekler üçin öndürýän geýimlerine erkek adamlaryň arasynda gyzyklanma döretjek bolýar. Başky döwürde erkek adamlar Aşgabadyň “Ahal” önümçilik birleşiginde öndürilýändiginden we olaryň isleg ödeýiş häsiýetleri barada hiç zat bilmeýändikleri mümkin. Şunda marketingiň esasy wezipesi reklamanyň ýa-da başga ýollar bilen şol geýimleri barada köpräk maglumatlar berip, erkek adamlary habarly etmekden ybaratdyr. Soňra reklamadan eger-de peýda bolsa, erkek adamlaryň ünsüni şol geýimleriň daşary ýurtlaryň ady belli firmalaryň öndüreninden hili, estetik, funksional, ergonomik häsiýetleri bilen birlikde pes däldigine çekmeli. Umuman, marketing maksatnamasy düzülende ýokardaky toparlar öz aralarynda haryt satyn almaga taýýarlygy boýunça gözegçilik etmeli.

Haryda bolan garaýyş. Ilat esasan hem bazar ykdysadyýeti şertlerinde položitel, otrisatel ýa-da parhsyz garamagy mümkin. Mysal üçin, anyk segment alyp göreliň – talyplaryň iýmit üçin çykarýan çykdajylaryny hasaplap göreliň. Talyplar her hilli alkogolsyz içgileri iň köp içýänler hasaplanýar. Esasy iýmitleriniň daşyndan talyplar ýeňiljek iýmitler (buterbrotlar) bilen garbanmagy halaýarlar we şol iýmitleri satyn alýarlar.

Ortaça talyplar bir aýda 6-7 sapar haryt satyn alýarlar. Alynýan harytlaryň köpüsi kosmetiki we parfýumeriýa harytlarydyr.

## 6.2. Halkara bazarlary segmentlemek

Diňe dünýä belli käbir kompaniýalar biziň planetamyzyň bazarlaryna ýeterlik derejede mümkinçiligi bolup, önümlerini çykaryp bilýärler. “SONI” özüniň harydyny 100-den gowrak döwletde satýar, emma beýleki ady belli kompaniýalar köp dünýä bazarlaryna özüniň harydyny çykarýarlar. Biziň şertimizde Türkmen milli haly we haly önümleriniň 100-lerçesine

çykarmaga we dünýä bazarlarda ornumyzy (segmentimizi) tapmaga mümkinçilik bar. Hili, owadanlygy we başga isleg ödeýiş häsiýetleri bilen Türkmen halysynyň öňüne geçip biljek ýekeje başga ýurt halysy ýokdur. Köp döwletler dünýä bazarlarynda işlemeklige kynçylyk çekýärler. Geografiki taýdan gaty ýakyn ýurtlar hem bir-birinden ykdysady medeni, syýasy ulgamlary bilen tapawut edýärler. Şol sebäpli önüm öndüriljek dünýä bazarlaryny hem özleriniň içki bazarlaryna maňzlaş edip alyjylaryň isleglerini göz öňünde tutup segmentlemeli.

Halkara bazarlary geografiki ýörelge boýunça anyk sebitler boýunça: Günbatar Ýewropa, Ýuwaş okean sebiti, ýakyn gündogar ýa-da Afrika ýurtlaryny segmentlemek mümkin. Eýýäm köp ýurtlar geografiki sebitlere bölünip bazar toparlara bölünendir "açyk söwda zonalary". Mysal üçin, Ýewropa birleşigi, açyk söwdanyň, Ýewropa assosiasiýasy ýa-da Demirgazyk Amerika açyk söwda assosiasiýasy. Bu assosiasiýalar özaralaryndaky päsgelçilikleri aýyryp göwrümi boýunça we birmeňzeşräk bazary döredýärler. "Awaza" açyk ykdysady zolagy hem muňa mysaldyr. Geografiki segmentlemek goňşy ýurtlaryň köp zatlary birmeňzeş diýip hasaplaýar. Bu dogrudan hem şeýle, ýöne käbir ýagdaýlarda mysal üçin, ABŞ bilen Kanadanyň köp zatlary birmeňzeş, emma bu iki ýurt hem medeni, ykdysady tarapdan goňşy ýurtlary Meksikadan tapawutlanýarlar. Bir sebitdäki alyjylar hem bir-birinden tapawut edýärler.

Köp bazarlary ykdysady şertler boýunça segmentlemek mümkin. Mysal üçin, döwletleri ilatyň girdejisiniň derejesi ýa-da umumy ykdysady ösüşiniň derejesi boýunça segmentlemek mümkin.

Mysal üçin, käbir ýurtlar Uly ýedilik ýurtlary-ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Kanada we Italiýa öňden adat bolup gelişi ýaly durnukly ykdysady ösüşe eýedirler. Ýaňy ösüş ýoluna düşen ýurtlar hem bar, Singapur, Malaýziýa, Taýwan, Günorta Koreýa, Braziliýa, Meksika, Hytaý. Ýurduň ykdysady düzümi şol ýurduň ilatynyň harytlara we hyzmatlara bolan isleginiň derejesini we bazar mümkinçiliklerini häsyetlendirýär.

Ýurtlary syýasy-hukuk şertleri boýnça hem segmentleseň bolýar: Döwlet gurluşynyň görnüşi, häkimiýetiň durnuklylyk derejesi, karz-pul syýasaty we ş.m. Bu şertler islendik kompaniýalaryň öz işlerini anyk ýurtda başlamak üçin esas bolup durýar.

## 6.3. Önümiň esasy parametrleri boýunça bazary segmentlemek

Bazary önümleriň esasy häsiýetleri boýunça segmentlemek mümkin. Şunda ol ýa-da bu önümleriň alyjylar üçin haýsy häsiýetleriniň oňaýlydygyna we şol häsiýetleriň olaryň isleglerine gabat gelýändigine seredip segmentlemek mümkin.

Bazary önümleriň häsiýetleri boýunça segmentlemegiň täze harytlary öndürmekde we olary ýerlemekde uly ähmiýeti bar. Eger-de önümçilik tehnologiýany, enjamlary täzeläp we täze önümleri yzygiderli öndürilip durulsa, onda şol önümçilik kärhanasynyň bäsdeşlikde üstün çykjagy ikiuçsuzdyr. Täze harytlary döretmek we öndürmek bu bazar göreşinde üstün çykmak hem-de alyjylaryň we araçyllaryň siziň kärhanaňyza biparh garamazlygynyň girewidir. Täze tehnologiýany ulanmaklyk bu çykýan çykdajylary azaltmaga we şonuň bilen birlikde önümiň nyrhyny azaltmaga, hiliniň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Egerde iki proses hem ýerlikli ulanylsa, onda-ýagny täze önümleri döretmek we täze tehnologiýany ulanmak-hersinden gelýän peýdanyň mukdaryny köpelder. Bu mesele öňdebaryjy Ýapon firmalarynda bazary segmentlemekden soňra assortimenti täzelemek meselesini öňlerinde ýöňe ýerden goýmaýar. Bazarlarda öz paýyňyzy gelejekde nämeleriň hasabyna köpeldip bilersiňiz diýip soralanda olaryň 70% golaýy täze harytlary öndürmegiň hasabyna diýip jogap beripdirler. Bu ýene-de bazarda anyk bir netijeleri gazanmakda täze harydyň kärhanalar tarapyndan öndürilmegi we bazara çykarylmagynyň hökmanydygyny tassyklaýar.

Eger-de kärhanaňyz kim bilen, haýsy segmentde bädeşlik edip bolarka diýlen soraga jogap tapmakçy bolsa, onda hökmany suratda önümiň bazarda uly abraý gazanjak görkezijisine üns beräýmeli. Bazara täze önüm girizilende hemme taraplaýyn häsiýetleri, görkezijileri ilatyň talabyna laýyk gelmek bilen birlikde onuň nyrhy hem ortaça elýeterli bolmalydyr. Diňe şu ýagdaýlar bolanda täze önümiň bazarda uly abraýy we paýy eýelemegi mümkin.

# VII – BAP

## Haryt, haryt nyşanlary we gaplamak

### 7.1. Haryt we onuň görnüşleriniň klassifikasiýasy

Yzygiderlik we aýgytlylyk, özboluşlyk we belent jogapkärçilik – bular Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Täze Beýik Galkynyş eýýamynyň esasy ýörelgeleri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly häzirki wagtda halkara möçberde deňsiz-taýsyz, intellektual we tehnologiki bäsdeşligiň dowam edýän eýýamynda kärhanalar öndürýän harytlarynyň görnüşlerini köpeltmeli, hilini ýokarlandyrmaly we olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny gazanmaly.

Geljekki döwrüň esasy maksady bazar ykdysadyýeti we netijeli halkara hyzmatdaşlygy esasynda ilatyň ýokary derejeli ýaşaýyş üpjünçiligi bolan, ykdysady taýdan ösen döwleti göz öňünde tutýan Türkmenistany ösdürmekden ybaratdyr. Şu maksada ýetmek üçin Türkmenistanda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak zerur, şol hünärmenleriň bir topary bolsa marketologlardyr. Marketologlar, bazary dolandyrýan hünärmenler esasy şu işleri akylly – başly çözmelidirler; harydy kesgitlemek; täze harytlary döretmek; bazary öwrenip, ony segmentlere bölmek; bazara gerekli isleg ödeýiş häsiýetli harytlary işläp taýýarlamak we iş başarjaň dellalçylar bilen alyja ýetirmek; harytlary reklama etmek; alyjylara ibermek we başga işler.

Biziň ýurdumyzda bazar ykdysadyýetini kemala getirip işlemek üçin bazary öwrenmegiň we dolandyrmagyň esaslaryny öwrenmeli we giňden ulanmaly. Şonuň üçin, biz şu bölümde harydyň nämedigini kesgitläris, sebäbi bu köp sanlaýyn we çylşyrymly düşünje. Soňra “marketing” nukdaý nazaryndan köp görnüşli harytlaryň bölünişine serederis. Her bir harydy haryt markasyna öwürmek mümkinçiligine seredip, täze harytlary

döretmek, görnüşlerini emele getirmek ýaly meseleleriň çözgüdine serederis.

Trikotaž önümleri, haly we haly önümleri, makaron önümleri, resminamalary, kagyzlary, surata almak işleri, surat çykarmak işleri, "Owadan" öýünde saçyňa timar bermek işleri-bularyň hemmesi haryt.

Haryt (önüm) belli bir islegi kanagatlandyrmak maksady bilen bazarda satyn almak, satmak, çalyşmak, hakyna tutmak ýa-da başga ykdysady geleşik etmek predmeti hökmünde çykyş etmek bilen zatlaryň, hyzmatlaryň we işleriň jemidir. Bazarda haryt bolup fiziki obýektler, kärhanalar, hyzmatlar, iş orunlar hyzmat edip biler. Ýöne biz şu ýerde harydyň birligi barada aýtmaly.

**Haryt birligi**- bu ululygy, nyrhy, daşky görnüşi we başga görkezijileri bilen häsiýetlendirilýän aýratyn bütewilik. Mysal üçin, sabyn-haryt; bir bölek "Akja" sabyny-2 müň manat baha bilen haryt birligi bolup durýar.

Haryt oýlanyp tapylanda 3 tarapy göz öňünde tutmaly: zerurlyk tarapy, hakyky öndürilişi we haryda göz öňünde tutulan goşmaça hyzmatlar. Harytlary öndürmekde Türkmenistanyň ykdysadyýetinde we syýasatynda öz ugurlary bardyr. "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli Maksatnama laýyklykda senagat syýasatynyň esasy maksady ykdysadyýetiň çig mala gönükdirilmeginden çykmak üçin şertler döretmekden, ýurduň harytlarynyň netijeliligini we bädeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň senagat önümçiliginiň möçberiniň ortaça ýyllyk ösüş depgininiň 20 % bolmagynda önümçilik mümkinçiligini durnukly artdyrmagyň hasabyna önümçiligiň deňeçerligini üpjün etmekden ybaratdyr. Olara Diýarymyzyň gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty ministrliginiň Türkmenistanyň Prezidenti Nyýazow adyndaky aýna kombinaty mysal bolup biler, bu kombinat diňe ýerli çig malyň hasabyna işleýär. Özümizde dünýäde ekologik taýdan iň arassa aýna alyp bolýan kwars çägäniň bardygyny bolsa, diňe özbaşdak Garaşsyz ýurt bolanymyzdan soňra ýüze çykarylandyr. Aýna kombinatynda

dürli galyňlykly, ýagtylygy dürli derejede geçirýän dury we reňkli aýna listler, ýönekeý we nagyşly çüýşeler, aýna gaplary, derman guýmak üçin niýetlenen enjamlar , ýagtylyk çeşmeleriň daşyna geýdirilýän owadan şar hem-de başga şekilli plafonlar, jemi 50-den gowrak görnüşli aýna önümleri öndürilýär.

Harytlary öndürmekde bäsdeşlik usuly hem ulanylýar. Bäsdeşlik diýlende bu taýda zawod-fabrikleriň özara öndürýän önümleri, ulanylýan çig maly, tehnologiýasy , harytlaryň gaplanylyşy; ýerleşdirmek we harydy etmek düzgünleri hem göz öňünde tutulýar.

Nebiti gös – göni ýurdumyzyň çäklerinde taýýar haryt görnüşe çenli gaýtadan işlemegiň, Türkmenistanda nebit-gaz toplumyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugruna öwürýär we täze nebit-gaz, himiýa toplumyny halkara bäsdeşligiň esasynda gurmaga mümkinçilik berýär. Bu bäsdeşlikde “Magubeni-Jey-Ji-Linda” Ýapon-nemes konsorsiumy üstün çykdy diýlip yglan edildi. Şu kompaniýanyň teklipleri: maliýeleşdirmegiň şertleri, tehnologiýalary, şeýle hem taýýar önümiň hili we marketing boýunça iň amatly teklipler diýlip yglan edildi. Bu toplum polietileniň ýylda 200 müň tonnasyny çykarar. Onuň öndürjek önümleriniň arasynda polietilen, ortaça hem-de ýokary dykyzlygy bolan plýonka, polietileniň kabel we turba görnüşleri hem-de polietilen lentasy bar.

Kärhanalar, firmalar ýokarda aýdylyşy ýaly, hemişe haryt hödürlemekde netijeli ýollary gözlemeli.

Bazary öwrenmekde işleýän hünärmenler aýratyn harytlaryň marketingiň esasy ugruny saýlananda harytlaryň birnäçe toparlara bölünişini şolaryň özboluşly häsiýetlerine baglylykda işläp düzmeli.

Marketing işlerinde harytlar ulanyş möhleti, peýdalanyş wezipeleri (material üpjünçiligi) maddy görnüp duran netijeleri (syzyş) alamatlary boýunça üç topara bölünýär. Uzak möhletleýin ulanylýan (hyzmat edýän) harytlar-adaty uzak wagtyň dowamynda ulanylýan sarp ediş harytlar, olar uzak möhletli we köp gezek işi ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Bu harytlara sowadyjy

enjamlar (holodilnik), telewizor, wideo-apparatura ýaly harytlar mysal bolup biler.

**Gysga möhletleýin ulanylýan harytlar**-bu maddy önüm bolup, bir ýa-da birnäçe gezegiň dowamynda öz serişdelerini sarp edýän harytlar. Olara şeker, çaý, duz, sabyn, sintetiki-ýuwujy serişdeler mysal bolup biler.

**Hyzmatlar**-bu iş, peýda ýa-da islegi kanagatlandyrma görnüşde satylýan obýektler. Bu esasan bejeriş işleri, kserokopiýa işi, dellekhana işleri we başgalar.

Milli ykdysadyýetiň gurluşynyň üýtgedilmegi häzir ozaly bilen sarp edijiler bazaryny şu toplumyň kärhanalaryny has çalt ösdürmegiň hasabyna özümizde öndürilýän harytlar bilen has doly üpjün etmek meselesini çözmäge gönükdirilendir.

Soňky ýyllarda ýurduň bazary bölek-satuw haryt dolanyşygynyň ösüşiniň durnukly depginleri bilen hem-de halkyň sarp edýän harytlarynyň ýeterlik bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Munuň özi bolsa ilaty durmuş ähmiýetli köp gereklenip isleg bildirilýän harytlar bilen (çörek, çaý, un, ýarma, et, süýt önümleri, şeýle hem sintetiki ýuwujy serişdeler, şahsy-gigiýeniki serişdeler we başgalar) doly üpjün etmäge mümkinçilik berdi.

Sarp edijiler bazarda köp dürli harytlary satyn alýarlar. Marketingde, dürli harytlary toparlara bölmekde iň amatly usul bolup, sarp edijileriň durnugan hereketiniň esasynda bölünmegi bolýar.

Bu alamaty boýunça harytlary şulara bölmek bolar:

- Gündelik isleg bildirilýän harytlar;
- Öňünden saýlanylýan harytlar;
- Aýratyn zerurlyk esasynda alynýan harytlar;
- Tötänleýin alynýan harytlar;

1. **Gündelik isleg bildirilýän harytlar**-ýygy-ýygydan, pikirlenmän, köp wagt we güýç sarp etmän, başga harytlaryň häsiýetleri bilen deňeşdirilmän alynýan sarp ediş harytlar. Olara mysal bolup sabyn, sintetiki ýuwujy serişdeler, sarp edilýän harytlar, şahsy we maşgala, durmuş harajatlary üçin

alynýan harytlardyr. Gündelik isleg bildirilýän harytlary öz gezeginde şu aşakdakylara bölmek mümkin: hemişe isleg bildirilýän esasy harytlar; tötänleýin alynýan harytlar, zerurlyk bildirilýän harytlar.

2. **Öňünden saýlanylýan harytlar**-olar esasan saýlanylýan we satyn alynýan wagtynda sarp ediji tarapyndan nyrhy, hili we daşky görnüşi, peýdalanyş alamatlary boýunça deňeşdirilýär. Şu topara mebeller, elektrik-durmuş harytlary, ýeňil maşynlar degişli. Öňünden saýlanylýan harytlar öz gezeginde meňzeş we meňzeş däl görnüşlere bölünýärler. Meňzeş harytlary sarp edijiler esasan hil derejesi boýunça kesgitlenýär we nyrhlaryň tapawudy bolmagy mümkin. Satyjy bu ýagdaýda nyrhlaryň tapawudynyň sebäbini düşündirmeli. Eger-de sarp edijiler mebel, aýakgap-geýim ýaly meňzeş däl harytlary saýlanlarynda bu taýda esasan olaryň isleg ödeýiş häsiýetlerini ýüze çykarmaly. Sebäbi sarp edijileriň öz islegine laýyklykda saýlanan geýiminiň nyrhynyň tapawudy ony onçakly gyzyklandyranok. Şol sebäpli öňünden saýlanylýan harytlaryň görnüşlerini giňeltjek bolmaly, dürli sarp edijileriň islegini kanagatlandyrar ýaly, onsoňam söwda kärhanalarynda gowy taýýarlanan satyjylar işlemeli we olar haryt barada akylly-başly maglumat hem-de maslahat bermäge ukyply bolmaly.
3. **Aýratyn zerurlyk bildirilýän harytlar**-zerurlyk döreýän wagtynda satyn alynýan harytlar. Ýagyşly gün saýawan almak, gyşda garly howada geýmek üçin ädik we gary arassalaýjy gurallary almak.
4. **Tötänleýin alynýan harytlar**-meýilnamalaşdyrylman we gözlenmän dürli söwda nokatlarda alynmagy mümkin bolan harytlar. Adatça şunuň ýaly harytlar dürli söwda kärhanalarda, dürli ýerlerde satylýar, şol sebäpli olary sarp edijiler gözlänok. Mysal üçin, aýakgap bagjyklary, lawr listi, kükürtler sarp edijileriň akymynda ýerleşmegi bilen ol harytlar gözlenmän satyn alynýar.

## 7.2. Senagat (önümçilik) üçin niýetlenenharytlaryň klassifikasiýasy (toparlara bölünişi)

Kärhanalar we guramalar köp möçberde harytlary we hyzmatlary satyn alýarlar. Senagat üçin harytlar olaryň önümçilikde gatnaşýan çenine hem-de olaryň otnositel deňeşdirme möçberi gymmatyna baglylykda toparlara bölünýär. Esasan 3 topary görkezmek bolar: materiallar we detallar, kömekçi materiallar, kapital emlägi we hyzmatlar.




Surat 7.1. Senagat üçin harytlaryň klassifikasiýasy.

**Materiallar we detallar** - bu öndürijiniň önüminde doly ulanylýan haryt. Olar öz gezeginde 2 topara bölünýär: çig mal hem-de ýarym fabrikat we detallar.

Çig mal özüne oba hojalyk önümlerini goşýar (däne, pagta, miwe we gök önümleri we ş.m.), tebigy önümleri (balyk, nebit, gaz, hek, tehniki duz, kükürt we başg.). Oba hojalygynyň

önümleriniň marketingi tebigy önümleriň marketinginden tapawutlydyr.

Oba hojalyk önümleri köp sanly öndürijiler arkaly ýerleşdirilýär.

Oba hojalyk önümçiligini hojalyk taýdan dolandyrmagyň gurluşyny we düzümini kämilleşdirmegiň iňňän möhüm şertleriniň biri hem oba hojalyk çig malyndan tä taýyn önüm öndürmäge çenli önümçiligiň gutarnykly siklini üpjün edýän hususy haryt öndürijileri-kärendeçileri, fermerleri hem-de gaýtadan işleýän kärhanalary çekmek arkaly paýdarlar jemgyýetini döretmeklik bolup durýar. Oba hojalygyň önümleri çalt zaýalanýan haryt bolup hem-de möwsümleýin ýetişdirilişine baglylykda aýratyn marketing usullaryny ulanmaklygy talap edýär. Türkmenistanyň azyk senagatyny ösdürmek maksatnamasy umumy milli strategiýanyň-baş ugruň düzüm bölekleriniň biridir. Bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň doly azyk garaşsyzlygyny we howpsuzlygyny gazanmaga getirer.

Tebigy önümleri hödürlemekde hem marketing işleri geçirilýär. Bar bolan dürli görnüşli we baý mineral çig mal serişdeleri, gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagyň, olary gaýtadan işlemegiň, öz hajatlarymyz üçin we eksport üçin ibermegiň ýokary depginlerini üpjün edýär. Olaryň arasynda senagat ähmiýetli nebit, gaz, gidromineral çig mallary, natriniň sulfaty, ýod bromly suwlar, daş, kaliý duzlary. Kükürt, magdan däl gazylyp alynýan materiallar (gurluşyk materiallary) ýaly zatlar bar. Düzgün bolşy ýaly, bular esasan agyr we göwrümli harytlar, ýöne haryt birliginiň orta nyrhy ýokary däl, öndürijiden sarp edijä ulag arkaly geçirmek çylşyrymly we amatly däl.

Arzan çig mal känleriniň bolmagy (hek, tehniki duz), ösen infrastruktura , ýokary hünärli işçi güýjiniň ýeterlik bolmagy, häzirki aýry-aýry tehnologiki gurluşlaryň täze önümçilik üçin durkunyň täzelenmegi, “Türkmenmineral” önümçilik birleşiginde önümleriň her bir görnüşi boýunça 70 müň tonna barabar bolan kalsinirlenilen hem-de kaustiki soda öndürýän zawodyň gurulmagy kesgitlenildi. Munuň özi azyk, dokma we aýna senagatynyň hem-de beýleki önümçilikleriň barha artýan

islegleriň üpjün edilmegine, kanagatlandyrylmagyna mümkinçilik berýär.

Ýarym fabrikatlar we detallar bular maddy komponentler (demir, süýüm, sement) hem-de önümleriň aýry-aýry bölekleri (şinalar, podoşlar).

Maddy komponentleri esasan önümçilikde işläp bejermek üçin ulanylýar, deriler göne öwrülýär; süýümler-mata; gön materiallar-aýakgaba we ş.m.

Maddy komponentleriň deňligi sebäpli olar satyn alnanda esasy ähmiýetli taraplary, harydyň nyrhy we üpjün edijiniň ygtybarlylygy önüm komplektleýin bölekler tutuşlaýyn üýtgedilmän, taýyn önümlerde ulanylýar. Mysal üçin, taýyn podoş aýakgap üçin; motor tozan sorujylar üçin we başga esasy marketing işleri bu ýagdaýlarda olaryň nyrhy we serwis (hyzmat edişi).

**Kapital emlägi**- haryt bolup, taýýar önümiň bir bölegi bolup durýar. Olary öz gezeginde 2 topara bölseň bolar:

- stasionar desgalar;
- kömekçi gurallar (abzallar).

Stasionar desgalar-bular esasan gurluşyk desgalar (zawod, administratiw jaýlar, kombinatlar) we stasionar enjamlar (generator, pressler, ştamplar, kompýuterler) we kontor gurallaryny (ofis mebeli, gaplaýjy enjamlaryny) goşýar.

Kömekçi gurallaryň ulanyş möhleti stasionar gurallaryňkydan gysgarak, ýöne işçi gurallaryňkydan köpräk. Kömekçi gurallary öndürijiler kä ýagdaýda göni sarp edijiler bilen işleýär. Emma häzirki bazar şertlerinde Türkmenistanyň dürli künjeklerinde bar bolan önümçilik mümkinçiliklerini has çalt depginler bilen özleşdirmek, täze obýektleri giň möçberlerde gurmaklyk göz öňüne tutulansoň, öndürijiler alyjylar bilen dellalçylar we biržalar arkaly işleýär. Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal birža filiallary welaýatlarda işleýär. Öz marketing işlerinde esasan harydyň (kömekçi gurallaryň) hilini, häsiýetini we nyrhy hem-de satyn alnandan soň edilýän hyzmatyny göz öňünde tutýar.

Kömekçi materiallar we hyzmatlar-olar taýyn önümiň gymmatyna känbir täsir edenok.

Kömekçi materiallar 2 görnüşli bolýar: işçi materiallar (çalgy ýaglar, ýazuw kagyzlar, galamlar, ruçkalar, kanselýar harytlary) we abatlaýyş, tehniki hyzmatlar üçin materiallar (reňkler, çüýler, şýotkalar we ş.m.).

Önümçilik üçin haryt bazarynda kömekçi materiallar sarp ediş bazarynda gündeki isleg döredýän harytlar bilen deňdir, sebäbi olar hemişe we zor salynman alynýan harytlar bolýar. Kömekçi materiallar esasan dellalçylar arkaly satylýar, sebäbi alyjylar köp, olar dürli-dürli ýerlerde ýerleşýärler, haryt birliginiň nyrhy pes. Kömekçi materiallaryň hemmesi diýen ýaly standartlaşdyrylan, aýratyn bellikler, markalar tapawutlananok, ýöne esasy göz öňüne tutulýan zatlar harydyň nyrhy we hyzmaty.

Iş sebäpli hyzmatlar tehniki hyzmatlaryna, bejeriş hyzmatlaryna (çap edilýän gurallary bejermek) we maslahat beriş hyzmatlaryna bölünýär.

Harydyň häsiýetnamasynyň marketingiň esasy ugruna uly täsiriniň bardygy şeýlelikde aýdyň bolýar. Marketingiň esasy ugruna harydyň häsiýetnamasy, bäsdeşleriň sany, bazaryň segmentleri, ykdysadyýetiň ýagdaýy hem uly täsir edýär.

Önümçilik üçin marketingiň esasy ugrunda harytlary öndürmekde ýa-da getirmekde esasan iň gowy üpjün edijileri we iň ýokary hilli öndürijileri saýlaýarlar. Häzirki zamanyň tehnologiýasyna eýe bolan hem-de nebiti gaýtadan işleýän toplumlaryň gurluşygynda ýeterlik tejribe toplan dünýäniň esasy kompaniýalaryny pudaga çekmek boýunça örän uly işler edildi. Ýaponiýanyň, Germaniýanyň, Fransiýanyň, ABŞ-nyň, Eýranyň, Türkiýäniň we Ysraýylyň kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen bilelikde gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň täze önümçilikleriniň üçüsiniň-katalitik riforming, katalitik-kreking desgalarynyň we çalgy ýaglaryny öndürýän zawodyň binýadyny tutdy.

## 7.3. Haryt nyşanlary

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmasy bilen biziň döwletimiziň dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulmagy, bazar gatnaşyklaryna geçmek esasy wezipeleriň biri boldy, standart, hil we nyşanlar meselesiniň täze ýörelgelerinde esaslandyrylmagy derwaýys zerurlyk hökmünde ýüze çykdy. Önümiň standartlanyşy, hili we haryt nyşanlary boýunça işleriň esasyny kabul edilen kanunlar kesgitleýär. Olar “Standartlaşdyrmak we metrologiýa hakynda”, “Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda”, “Patent işleri hakynda”, “Azyk howpsuzlyk hakynda”, “Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda”, “Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykýan ýeriniň ady hakynda” Türkmenistanyň kanunlary. Şu kanunlar Türkmenistanyň durmuş - ykdysady özgertmeleriň baş ugryna laýyklykda Türkmenistanyň ýokary hilli önümleri öndürmegini üpjün etmek çygrynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Marketingiň esasy ugrunda käbir harytlar işläp geçirilende satyjy özüne anyklamaly nyşanly harydy öndürip hödürlemelimi ýa-da ýok. Bu çözgüdiň anyklanyşy haryt syýasatynyň möhüm talaby bolup, ol haryt barada düşünjäni, onuň gymmatyny we möhümliligini ýokarlandyryp biler. Şol işleri geçirmek üçin aşakdaky düşünjeleri we olaryň kesgitlemelerini öwreneliň.

Haryt markasy hökmünde söz düzüm aňlatmalary, şekillendiriş, nyşan, bellik göwrüm aňlatmalary we başga aňlatmalar hem olaryň utgaşdyrylmagy bilen alnyp bilner.

**Haryt nyşany** diýmek - munuň özi haýsydyr bir edara görnuşli taraplaryň ýa-da raýatlaryň beýleki bir edara görnüşli taraplaryň ýa-da raýatlaryň bir kysymdaş harytlaryndan degişli suratda tapawutlanmagyna ýardam edýän aňlatmalar.

**Markanyň ady** - bu nyşanyň bölegi, ony aýdyp, okap bolýar. Mysal üçin, “Şewrolet”, “Adidas”, “Toshibo”, “Bereketli”, “Türkmenistanhowaýollary”, “Ruhybelent”, “Ak Maýa”.

**Markanyň belligi** (simwolik alamatlandyrylşy) - nyşanyň bir bölegi, ony görüp, tanap aýtsaň bolýar, ýöne okap bolanok, ol

mysal üçin simwolik alamatlandyryş, şekillendiriş, aýratynlyk reňki ýa-da ýöriteleşdirilen şriftde bejerilen bellik. Mysal üçin “ADIDAS” firmanyň şekili, “Metro - Gold - bmw Maýer” studiýasynyň nyşan belliginde ýolbarsyň şekillendirilişi, “Türkmenhowaýollary” milli guramasynyň nyşan belliginde ak kepderiň şekili we ş.m.

**Haryt nyşany** - bu haryt markasy ýa-da onuň bölegi bolýar we hukuk taýdan goralýar. Haryt nyşanyna bolan hukuk şahadatnama bilen tassyklanylýar, onuň güýji bolsa haryt nyşanynyňTürkmenistanyň döwlet görkezijisinde bellige alnan gününden on ýyldan artyk bolmadyk möhlete çenli ýöreýär.

Haryt nyşanlary islendik reňkde ýa-da gatyşyk reňkde bellige alnyp bilner. Haryt nyşany baradaky şahadatnama, haryt nyşanlary bellige alnandygy, onuň birinji bolup durýandygyny, şahadatnamanyň eýesine şonda görkezilen harytlary markalamak üçin haryt nyşanyny ulanmagy barada berilýän aýratyn hukugyny tassyklaýar hem-de onda haryt nyşanynyň şekili görkezilýär.

## Marka bellikleri barada çözgütler

Ilki başda kärhananyň ýa-da firmanyň öz harydyna marka adyny bellenmäge netijä gelmegi gerek. Geçmişde köp harytlar marka atsyz satylýardy. Öndürijiler we dellalçylar öz harytlaryny göni çeleklerden ýa-da ýaşiklerden satyp, üpjün edijiler barada agzanokdylar.

Birinji bolup haryt markany Amerikanyň Birleşen ştatlarynda patentlenen derman serişdelerini öndürijiler ulandy. Soňky ýyllarda umumy milli firmalar we umumy milli mahabatlandyrma serişdeleri ýaýrandan soň haryt markalary giňişleýin ulanylyp başlady. Öňki markalaryň ady henize çenli belli “Zinger” tikin maşyny, “Wazelin” ýagy.

Önümlere marka atlaryny goýmaklyk giňişleýin ýaýrady, şu gün öndürilýän ýa-da satylýan harytlaryň köpüsi markaly.

Öndürijiler duzy aýratynlykly gaba gapgarýarlar, apelsinlerde ony öndürijiniň adyny ştamp ýa-da ýazgy görnüşde görkezýärler, gazly suwlary dürli gaplara guýup at berýärler.

Türkmenistanda önümler, hyzmatlar sertifikasiýadan geçende olara laýyklyk sertifikaty berilýär, normatiw-resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigini kepillendirýär we Türkmenistanyň önümine laýyklyk milli belgisini goýmaga hukuk berýär. Bu bellik standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikasiýalaşdyryş boýunça Döwletara geňeşiň (SDA) standartlaryna we standartlaşdyryş boýunça halkara guramanyň (ISO) standartlaryna laýyklykda işläp geçirildi.

Laýyklyk milli belgisi grafiki görnüşde Türkmenistanyň haryt belligi, resmileşdirilen düzgünde bellige alnan we Türkmenistanyň adyndan ulanylýan belgi. Laýyklyk belgisi Türkmenistanyň adyndan ulanylyp şol harydyň, hyzmatyň bellenilen düzgünleriniň esasynda barlanandygy we gözlegden geçirilendigine hem-de laýyklyk sertifikaty alandygyny tassyklaýar. Ýurdumyza getirilýän we eksport bilen daşyna çykarylýan önümler (hyzmatlar) döwlet standartlaryna gabat gelmeli we milli laýyklyk belgisi bolmaly.

Laýyklyk belgisi halyň göli şekilinde görkezilen we TDS diýen ýazgy goýulýar.Türkmenistanyň önümine laýyklyk milli belgisi sertifisirlenilen önüme goýulýar. Milli belligiň ululygyny öndüriji ýa-da üpjün ediji saýlaýar ýa-da sertifisirlenen önümleri ulanylýan kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylary. Milli belligiň ölçegleri üýtgedilende onuň Türkmenistanyň haryt belliginiň maglumat we many bitewiligini ýoýmaly däl. Sertifisirlenen önümiň laýyklyk milli belgisi her bir önümiň markirowka goýulýan ýerinde bellenilýär hem-de ulanyjynyň we haryt öndürijiniň resminamalarynda pasport, ýarlyk, etiketka goýulýar. Önümde, gapda we resminamalarda laýyklyk milli belgisini goýulýan ýerini ony ulanmaga hukuk gazanan kärhana kesgitleýär. Eger-de laýyklyk milli belgisini önüme goýmaklygyň mümkinçiligi bolmasa, onda ony sarp ediş gabyna goýulýar. Mysal üçin Turkmenistanyň azyk senagat assosiasiýanyň AKMAÝA süýt paýdarlar jemgyýeti öz önümleriniň ýaglygy 15% bereketli gaýmaga we ýogurt önümlerine Türkmenistanyň önümine laýyk milli belgisini goýmaga hukuk gazandy we şolary gaplanylýan gabyna goýulýar. Eger-de şol bellik önümiň özünde

ýa-da gabyna goýmaklyk mümkinçiligi bolmasa, onda ol belligi şol harydyň resminamalarynda we mahabatlandyrma geçirýän maglumatlarda görkezilýär. Laýyklyk milli belgisi bir reňkde goýulýan ýerinde anyk, çürt-kesik ýerine ýetirmeli. Laýyklyk milli belgisini (görkezýän) şekillendirilişi anyk we aýdyň görkezýän dürli tehnologiki usullar arkaly geçirmek mümkin.

Türkmenistanyň önümine laýyklyk milli belgisini goýmaga hukuk gazanan önümlere (hyzmatlara) öz nyrhyndan 10% goşmaça nyrh goýmaga mümkinçilik berýär. Ol hem marketingiň bir elementi bolup, bazar şertlerinde giňden ulanylýar.

Haryt nyşany hökmünde firmanyň ady, firmanyň belligi, harydyň şekili ýa-da olaryň utgaşygy ulanylýar, eger-de olar döwlet tarapyndan bellige alnan bolsa hukuk tarapdan goralýar.

Häzirki döwürde haryt markasynyň bellenilişiniň 4 görnüşi bar:

**Haryt markasy** - bu ady, belligi, şekili (ýa-da olaryň utgaşygy), olar bir topar öndürijileriň bir kysymdaş harytlaryny başga öndürijileriňkiden tapawutlandyrmak maksady bilen ulanylýar.

**Firmanyň ady** - söz, harp, sözleriň ýa-da harplaryň topary olary okap, aýdyp bolýar.

**Firmanyň belgisi** - bu şekil, nyşan ýa-da üýtgeşik reňk.

**Haryt şekili (keşbi)** - bu belli bir haryt markany göz öňüne getirmek mümkinçiligi: firmanyň atlary, firmanyň bellikleri we haryt keşbi - olar marketingiň bellikleri bolup durýar hem-de eger-de haryt belligi hökmünde bellige alnan bolmasa, ol bäsdeşleriň olary ulanmagyndan hukuk tarapdan goranmagyny üpjün edip bilmeýär.

Häzirki döwürde marka atlary goýmak giňişleýin ýaýrady we hemme harytlara diýen ýaly goýulýar.

Haryt markasy alyja birnäçe häsiýetleriniň toplumyny, aýratyntynlyklaryny we hyzmatlary ýetirýär. Ol bellik, görnüp duran şekili hökmünde haryt barada belli maglumatlary berýär. Mysal üçin, iň gowy haryt markalary taýýarlaýjynyň kepillendirilen borçnamalaryny görkezýär. Haryt markasy şu 4 sany manyny berýär.

1. **Häsiýetler.** Ilki bilen marka we onuň belli häsiýetleri baglanyşýar. Mysal üçin, “Mersedes” haryt markasy şu häsiýetler bilen tapawutlanýar “gowy konstruirlenen”, “örän oňat düzümi”, “ygtybarly”, “tiz ýöreýji (tizlikli)”, “gymmat nyrh”. Haýsy-da bolsa bir ýa-da birnäçe häsiýetlerini alyp, kompaniýa öz harydyna mahabatlandyrma geçirip biler. Köp ýyllaryň dowamynda “Mersedes Benz” öz harydyna şeýle mahabatlandyrma berýärdi: “dünýäde deň geljek ýok derejede konstruirlenen awtomabil” - bu tassyknama ol maşyna şa ýoly açdy.

2. **Aýratynlyk.** Sarp edijiler harytlary we häsiýetleri alman, olaryň peýdalylygyny we aýratynlygyny satyn alýarlar. Şol sebäpli häsiýetleriň niýetlenişini we joşgunly aýratynlyklaryny görkezmeli. Mysal üçin ugtybarlyk häsiýetiniň şu ähmiýetli, peýdaly tarapyny görkezip bolar: “birnäçe ýyllap maňa täze awtomabil almaga zerur bolmaz”, “gymmat nyrh” häsiýeti şu joşgunly tarapy bilen görkezmek bolar. “Şu awtomobilde men özümi möhüm, gerekli we hormatly görnüşde duýýaryn”. “Gowy konstruirlenen” häsiýetiniň şu ähmiýetli tarapyny görkezmek bolar: “awariýa ýagdaýynda men özümi howpsuz duýýaryn”.

3. **Gymmaty.** Bulardan başga-da marka sarp edijileriň gymmatlyk ulgamy barada maglumat berýär. “Mersedes” awtomobil alýanlar olaryň örän oňat ulanyş häsiýetlerine, howpsuzlygyna we abraýyna nyrh goýýarlar. Hödürlenýän aýratynlyklaryna laýyklykda haryt markalary bilen işleýän marketologlar anyk sarp edijileriň toparlaryny bellemeli.

Ýekebarlyk (indiwidualnost) ýokardaky sanalyp geçilenlerden daşary, haryt markasy ýekebarlyk tarapyny görkezýär. Önümleriň, hyzmatlaryň öz aýratynlyklary, ýekebarlygy bar.

Markalaryň ulanylmagy sarp edijiler üçin köp peýda getirýär:

- Haryt markalar sarp edijilere harydyň hili barada belli bir maglumatlary bermeli. Şol bir harydyň markasyny satyn alýan sarp edijiler, her gezekde şol bir deň derejedäki hili alýarlar.

- Bulardan başga-da haryt markalar satyn almagyň ýerlikli tarapyny alýar (göz öňüne getirseňiz söwda merkezlerine baranyňyzda tekjelerde müňlerçe harytlara gözüňiz düşýär).
- Netijede, markaly harytlar sarp edijileriň ünsüni täze harytlara çekýärler. Şonda haryt markasy esas bolup, täze harydyň aýratynlykly häsiýetleriniň bardygy hakynda maglumat berýär. Haryt markalary ulanmak satyjylara artykmaç hukuk berýär.

1. Haryt markasy satyja tabşyryklary işläp geçirmek işlerini ýeňilleşdirýär.

2. Öndürijiniň (satyjynyň) haryt markasy we haryt nyşany harytlaryň has aýratynlykly häsiýetlerini hukuk tarapdan goraýar we bäsdeşler tarapyndan şol häsiýetleri deň derejede gaýtalamaga mümkinçilik bermeýär.

3. Haryt markany ulanmak satyjylara markalary tarapdarlykly amatly satyn alyjylary özüne çekmek mümkinçilik döreýär.

4. Öz gezeginde markalaryň ulanmaklygy satyjylara bazary segmentlemek işlerine kömek berýär.

Iň soňunda markalaryň ulanylyşy sarp edijilere hem-de jemgyýete gymmatlyk galýar.

Haryt markalary ornaşdyrmagy goldaýan sarp edijiler olary ulanmaklyk harytlaryň hiliniň has hem ýokarlanmagyna we durnuklylygyna getirýär diýip pikir edýär.

- Haryt markalary ulanmak täze harytlary döretmäge höwes döredýär, öndürijilere harytlaryň täze häsiýetlerini gözlemäge höweslendirýär. Şeýlelikde, markanyň mälim bolan derejä ýetmegi harytlaryň her dürlüligini köpeldýär we alyjylara harytlary saýlamaga mümkinçilik döredýär.
- Markanyň ulanylmagy alyjylara haryt barada köpräk maglumat almaga, harydy gowy tanamaga we ony nireden alyp boljakdygyny anyklamaga kömek edýär.

Haryt markanyň gerekli adyny saýlamak marketing işiniň esasy bölegi. Bu soraga uly yhlaslylyk bilen seretmeli. Haryt markalaryň gowudan - gowy atlaryny tapmak - çylşyrymly mesele. Onuň çözgüdi harydyň şekilinden, onuň

aýratynlyklaryndan, artykmaçlyklaryndan, maksatly bazarlardan we hödürlenýän marketingiň esasy ugrundan başlanýar.

Haryt markalarda şu taraplar möhüm eýelemeli.

- Ol harydyň artykmaçlyk we hil tarapyny gowy, doly aňlatmaly. Mysal üçin, “Oasis” (miwe içgisi), “Dobryý” (miwe içgisi), “Ak maýa” süýt önümleri.
- Ol aňsat (ýeňil) aýdylmagy, gowy tanalmaly we ýadyňda galmaly, esasan gysga atlary saýlamaly Mysal üçin, “Dove” (sabyn), “Akja” (sabyn), “Ramiss” (ýuwujy serişde), “Datly” (gazly suwlar).
- Ol ýekebara bolmaly. Mysal üçin, “Shell”, “Kodak”, “Cristian Dior”, “Aktam”, “Ruhybelent”.
- Haryt markasy bellige alynmaga we hukuk tarapdan goralmaga ukyply bolmaly.

## Markanyň strategiýasy

Kärhanalar, firmalar özlerine umumy markanyň baş ugruny saýlamaly. Ol ýeke şolaryň hemme harytlaryna täsir etmän, eýsem, täze görnüşli harytlaryň marka atlarynyň ösüş taraplaryny hem kesgitlemeli. Markanyň esasy ugry barada gürrüň gidende firmanyň öňünde birnäçe mümkinçilikler döreýär. Birinjiden ol:

a) Markanyň maşgalasyny (semeýstwennost) giňeltmek (bar bolan haryt markalar bar bolan harytlaryň çäginde giňelýär, esasan olaryň täze görnüşi, ululygy ýa-da tagamynyň hili boýunça).
b) Markanyň ulanyşynyň çäklerini giňeltmek (bar bolan markalary täze görnüşli harytlara ýaýratmak)
ç) Köp markalara tarap çemeleşmek (mnogomaroçnyý podhod - haçan-da öňki harytlara täze markalar goýulanda)
d) Täze markalar (haçan-da täze harytlar üçin markalar goýulanda).

## Markanyň maşgalalyk çözgütleri

Markanyň maşgalasynyň giňeltmegi şu ýagdaýda geçýär, (kärhana bir haryt kategoriýasynda we haryt markasynda täze goşmaça häsiýetleri hödürleýär, mysal üçin, harydy täze hilli döretmek, görnüşini, reňkiniň çözgüdini, düzümini ýa-da gabyň görnüşini üýtgetmek.

Kärhanalaryň täze harytlary ornaşdyrmagy esasan köp ýagdaýlarda markanyň maşgalasynyň giňelmegine eltýär. Sarp edijileriň dürli harytlara islegiň bardygyny göz öňünde tutup, kärhanalar dürli taraplarda markanyň haryt görnüşlerini giňeldýär. Oňa sebäp bolup, täze döredilen önümçilik kuwwatlary hem bolup biler. Marka harytlaryň bir ugruny giňeltmek kä ýagdaýlarda töwekgelçilik bilen bagly. Ýokary we giň derejede özüni tanadan haryt markasynyň öz aýratynlygyny ýitirmegi mümkin. Öň sarp edijiler COCA-COLA, soranlarynda 0,33 litr gaplanan çüýşeli içgini alýandylar. Indi bolsa satyjy hökman soramaly. “Size nähilisini Classik ýa-da Cherry Goko ýa-da Coca-Cola, bankada ýa-da baklažkada”.

Markanyň ulanylyş çäklerini giňeltmek diýlende bu esasan öňki üstünlikli marka atlaryny täze önümleri öndürilende ýa-da görnüşlerini täzelenende ulanmak.

“Procter and Gamble” kompaniýasy öz adyny kir ýuwujy serişdä hem-de gap-gaçlar üçin ýuwujy serişdäni ýerleşdirip gowy netije gazandy. Swatch şweýsar firmasy markaly öndürýän sagatlaryna telefon apparatlary goşdy.

Markany giňeltmegiň esasy ugry uly üstünlige eýe bolýar: birinjiden, markanyň giňeldilmegi uly segmenti özüne gurşap alýar we başga aýratyn markalar bilen deňeşdireňde has ýokary, ýerlikli mahabatlandyrmany berýär. Ikinjiden, özüni gowy tanadan haryt markasy kärhanalara bazarda täze harytlary bilen çalt ornaşmaga mümkinçilik döredýär, harydy çalt tanaýarlar we sarp edijiler ony has çalt kabul edýärler. Mysal üçin “Soni” kompaniýasy öz adyny köp sanly elektron harytlaryna goýýar, şonuň bilen täze harytlary çalt kabul edip, satyn almaga mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ýedi ýyllygy mynasybetli 1998-nji ýylda “Türkmenistan Coca-Cola” alkogolsyz içgileri öndürýän zawod işe girizildi. Azyk senagaty assosiasiýasy, Coca-Cola amerikan kompaniýasy bilen bilelikde gurlan kärhananyň esasy işi “Coca-Cola”, “Fanta”, “Sprite” ýaly dünýä ölçeglerine laýyk gelýän alkogolsyz içgileri, “Bonaqua” mineral suwuny taýýarlamak. Öndürýän önümlerini myhmanhanalara, dükanlara, bazarlara öz ulaglary bilen eltip berýärler.

Lever, Brother, Mars, Procter and Gamble kompaniýalary her aýratyn öndürýän harytlaryna aýratynlykly haryt markalaryny döredýärler. Mysal üçin “Lever” kompaniýanyň ýuwujy poroşoklary: Persil, Wisk, Surt, Radion we ş.m. öz aýratynlyklary we gaplary bilen tapawutlanylýar. Köp markaly tarapa çemeleşmek ugruny ýöredýän kärhanalar. Esasan birmeňzeş harytlara dürli atlar berýärler, olar markalaryň dürli funksiýalaryna we aýratynlyklaryna baglylykda bazary segmentlemek işlerini takyklaýarlar.

Käbir kärhanalar köpsanlaýyn markalary aýratyn harytlar üçin däl-de aýratyn haryt toparlary üçin döredýär. Köp markalylyga çemeleşmäniň garşylygy korporatiw markanyň esasy ugry bolup durýar. Korporatiw markasy döredilende kärhana öz adyny esasy markanyň ady görnüşinde öz öndürýän harytlarynda ulanýar, oňa mysal edip Mersedes - Bens, Philips kompaniýalaryny görkezmek bolar. Biziň ýurdumyzda bolsa “Ak maýa”, “Galla önümleri”, “Gündogar” ýaly kärhanalar mysal bolup biler. Bu ugruň esasy aýratynlygy marketinge sarp edilýän maýa goýumlaryň tygşytlylygy, haryt markanyň giňişleýin tanalmagy hem-de täze harytlaryň çalt ornaşdyrylmagy bilen baglydyr.

Eger-de şol kärhana durnukly derejede bolmasa, korporatiw markany ulanmaklyk has ýerlikli we rejeli bolýar.

### 7.4. Harytlary gaplamak

Gaplama marketing ulgamynda esasy düzüm hökmünde seredilýär we oňa köp serişde sarp edilýär. Bazarda hödürlenýän harytlaryň köpüsi hökmany ýagdaýda gaplanmaly. Käbir harytlary (mysal üçin çüý gapylar we penjereler üçin esbaplar) gaplamagyna uly üns berilmeýär. Beýleki harytlaryň bolsa (mysal üçin, süýt we süýt önümleri, parfýumer kosmetiki harytlar) gaplanyşyna uly üns berilýär. Gaplamagyň maksady gaplanan harytlaryň howpsuzlygyny, olary saklamagy, daşamagy, gaýtadan ulanmagy üpjün etmek. Gaplama işi önümiň öndürilişi - tehnologiki prosesinde iň soňky amalydyr. Gaplar esasan, sarp ediş gaplaryna we transport görnüşine bölünýär. Sarp ediş gaplar parfýumer - kosmetiki, durmuş - himiýa, süýt we süýt önümlere hökmany bolup, ol esasan korobka gutujyklar, bankalar, diş arassalaýan pastalary goýulýan alýuminiý turbalar görnüşde giňişleýin ulanylýar. Transport (daşamak üçin) gaplar harytlary daşky täsirlerden goramak, saklamak, daşamak üçin hokmany bolup, esasan ýaşik, çelek, karton korobkalar görnüşde ulanylýar.

Onümleriň häsiýetlerine baglylykda gaplar gaty (ýaşşik, çelek, bidon, banka, çüýşe, gutujyk), ýarym gaty (karton, örülen korzina) hem-de ýumşak (halta, paket, sellofan plýonka) görnüşlere bölünýär. Ýangyna howply we ys çykaryjy (aseton, lak) harytlar ýörite germetiki gaplara gapgarylýar.

Sarp edijileriň hemme talaplaryny üpjün etmeklik we önümleri ýokary hilli we ýitgisiz oňa ýetirmegiň maksatlaryny birinji derejede amala aşyrmaly.

Häzirki döwürde gaplamaga berilýän üns maşyn gurluşyk pudagynda özbaşdak bölümiň döremegine getirdi. Ol pudak harytlary gaplamak üçin ýöriteleşdirilen enjamlar öndürýär, ammar hojalygyny gurnamak üçin gurallar taýýarlaýar we harytlar daşalanda hilini saklamak üçin täze çig maly döretmegiň üstünde işleýär. Önümiň öndürilişi, ýerleşdirilişi, geçirilişi we sarp edilişi boýunça soraglaryň bir düzüme baglanşygy gaplamanyň meselelerine täzeden seredilmegini talap etdi. Bu ýagdaýda gaplamaň rejeliligi - ykdysady düzüminiň netijeleriniň ýokary

galmagyna esasy şert bolup durýar. Bazar ykdysadyýetiniň talaby esasan önümçilik döwrüniň, ýük akymlarynyň kämilleşmegine, çykdajylaryň peselmegine hem-de önümleriň ýitgisiniň döremezligine birnäçe çäreleri geçirmekdir.

Şu bölümde seredilýän gaplama-gapgarma enjamlar has köp azyk önümleri üçin ulanylýar we şonuň üçin azyk howpsuzlygy hakynda nygtamaly, Milli maksatnamada oňa şeýle kesgitleme berilýär: "Azyk howpsuzlygy özümizde öndürilýän azyk önümleriniň görnüşlerine bolan isleglerini ýokary derejede doly kanagatlandyrmagy, ýurduň haryt öndürijilerini goldamagy we olaryň bähbirlerini goramagy göz öňünde tutýar"

Ýokarda görkezilen çäreler ýerine ýetirilmegine ýardam berýän kanuny bellemeli. Ol 2000-nji ýylyň 11-nji iýulynda kabul edilen "Azyk howpsuzlygy hakynda" Türkmenistanyň kanunydyr. Bu kanun Azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň çäklerinde döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy ugur - ýollaryny kesgitleýär, şeýle hem raýatlaryň ýeneki ýyllardaky sagdyn we talaba laýyk iýmite bolan hukuklaryny amala aşyrmagyň hukuk esaslaryny belleýär.

Azyk senagaty assosiasiýasy boýunça önümleriň möçberini artdyrmak. Täze netijeli tehnologiýalary ornaşdyrmagyň esasynda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän bäsleşlige ukyply önümleri öndürmek, gollanma işlerini has ýokry derejede geçirmegini talap edýär.

Soňky wagtlarda gaplama, marketingiň bir meselesine öwrüldi. Ýokary derejede isläp bejerilen gaplar sarp edijiler üçin goşmaça oňaýlylyk döredip biler, öndürijiler üçin bolsa önümi ýerleşdirmekde goşmaça serişde bolup çykyş edýär. Gaplamanyň marketing işlerinde giň ulanmagyna dürli görnüşdäki faktorlar täsir edýär.

**Söwdada öz-özüne hyzmat etmek usulynyň giňden ulanylmagy.** Türkmenistanyň söwda merkezlerinde we supermarketlerde harytlaryň köpüsi öz-özüne hyzmat etmek usuly arkaly satylýar (Türkmenistan milli söwda merkezi, Ýimpaş söwda merkezi)

Bu şertlerde gaplama satyjynyň birnäçe wezipesini ýerine ýetirýärler, ol harydy sarp edijileriň ünsüni çekmeli, harydyň häsiýetlerini görkezmeli we sarp edijileriň haryda bolan ynamyny döretmeli, şol sanda satyn almaga ukybyny ýokarlandyrmaly.

**Sarp edijileriň sosial durmuş ýagdaýynyň ösüşi.** Sarp edijileriň sosial durmuş ýagdaýýlarynyň ösüşi, olaryň satyn alyp bilijilik derejelerini ýokarlandyrýar we olar önümiň kämilleşen, ýokary hilli gaplama üçin artykmaç pul tölemäge taýýardyrlar.

**Firmanyň şekili we markanyň şekili.** Gowy derejede işläp geçirilen gaplar sarp edijileriň tiz wagtyň içinde firmany ýa-da markany tanamaga kömek edýändigini belleseň bolýar. Her bir alyjy häzirki wagtda "Kodak" plýonkalaryň sary gaplary bilen giňden tanyş.

**Täze üýtgeşmeler üçin mümkinçilikler.**

Gaplamakda täze üýtgeşmeleriň girizilmegi öndürijiler üçin uly möçberde peýda getirip biler: 1-nji bolup öz alkogolsyz içgilerini gapgarylýan segmentli çanakly bankalarda hem-de suwuklyk parfýumer - kosmetiki harytlary - aerozol gaplamada hödürläp firmalar öz hataryna köp sanly sarp edijileriň ünsüni çekdi.

Täze harytlar üçin netijeli gaplary işläp bejermeklik birnäçe çözgütleri kabul etmegi talap edýär. 2-njiden, gaplamagyň konsepsiýasyny döretmek hökmandyr.

**Gaplamagyň konsepsiýasy** - bu anyk haryt üçin gabyň nähili derejede bolmalydygyny we nähili orny eýelemelidigini kesgitleýär. Gaplamanyň esasy wezipesi nämeden ybarat: harydy has ygtybarly goramagy üpjün edmek; gaplama - gapgarmanyň täze usullaryny hödürlemek, harydyň ýa-da firmanyň hili häsiýetnamalaryna kesgitli maglumatlary ýetirmeklik. Soňra gaplamanyň konstruksiýasyna başga düzümler barada çözgütleri kabul etmeli: olaryň ululygyny, formasyny, çig maly, ýazgylaryň görnüşi, markasy, belgisiniň bolmagy. Esasan şu zatlara kesgitleme gerek. Ýazgynyň näçe bolmalydygy köp ýa-da az, näme ulanylmagy sellofan plýonka ýa-da haýsy hem bolsa dury plýonkany we başga. Aýry-aýry bölekler özarasynda arabaglanyşygy bolmagy.

Gaplamak işiniň wezipeleri şulardan ybarat.

**Birinjiden,** öndürilen önümiň hilini we mukdaryny saklamak häzirki döwürde haryt gaplamagyň esasy tarapy harytlaryň ammarlarda saklanyş işlerini ýeňilleşdirmek we netijeliligini ýokarlandyrmagy dürli transport serişdelerinde geçirmek, aňsat ýükläp düşürmeklikligi üpjün etmek, söwda işgärleriniň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we iş şertlerini ýeňilleşdirmek. Gaplamanyň gös - göni wezipesi bolup, onuň önümleri mehaniki täsirlerden, hapadan we zaýalanmagyndan goramak bolýar.

**Ikinjiden,** gaplamanyň derejesini ýokarlandyrmagyň ähmiýeti dürli pudaklarda öndürilýän önümler bilen baglanşykly. Azyk we derman senagaty pudaklarynyň ösüşine baglylykda gaplama işleriniň ähmiýeti ýokarlanýar. Öndürmegiň möçberiniň artmagy çykarylýan önümiň hiliniň ýokarlanmagyna we görnüşleriniň köpelmegine, azyk harytlaryň ýurdumyza daşary ýurtdan getirmegi kem-kemden kemeltmäge mümkinçilik berýär.

S.A.Nyýazow adyndaky Aşgabadyň aýna kombinaty ekologiki taýdan arassa türkmen aýnasyndan edilýän ýod we beýleki derman gutularyny ýasamakda derman senagatynyň gaplama meselesini çözýär.

**Üçünjiden,** kataloglar boýunça taýyn önümleri saklamak, iýmit kärhanalaryny we döwrebap söwda görnüşlerini ösdürmek gaplamagyň esasy elementi bolup durýar.

Önümi gaplamaga, gapgarmaga we ony geçirmäge hem aralykda saklamaga çykdajylar önümçililik çykdajylaryna degişli bolup, önümiň nyrhyna täsir edýär. Harydyň berk satuw nyrhynda ol ortaça 10% bölegi eýeleýär. Bu görkeziji parfýumer - kosmetika ýaly harytlarda has ýokary bölegini eýeleýär we harydyň nyrhynyň 40% çenli öz içine alýar.

**Dördünjiden,** azyk garaşsyzlygyny we azyk hopsuzlygyny gazanmak hem-de ýurdumyzyň ilatynyň islegini özümizde öndürilýän arassa önümleriň ähli görnüşleri bilen durnukly derejede kanagatlandyrmak häzirki zaman bazar şertleriniň wajyp meseleleriniň biridir.

Azyk senagat assosiasiýasy boýunça gaplaýjy enjamlaryň has täze görnüşlerini ornaşdyrmak we şonuň esasynda önümleri ýarym fabrikatlar görnüşde kiçijik we häzirki zaman gaplarynda öndürmegi giňeltmeklik öz ýurdumyzyň önümlerine bolan islegleri ýokarlandyrmagyň kepillendirmesidir. Assosiasiýanyň kärhanalary ähli ýerde gaplaýjy enjamlar bilen enjamlaşdyrylýar we şunuň netijesinde öndürilýän önümleriň 100% möçberi alyjylara häzirki zaman dünýä ölçegleriniň hiline we görnüşine laýyk gelýän kiçi gaplarda hödürlenilýär. Gaplaýjy enjamlar özleriniň reňki, çig maly, ýazgysy, şekili boýunça harydyň manysyny we niýetlenişini ýüze çykarmaly. Sebäbi gaplaýjy enjamlarda görkezilýän şekili, suratlar arkaly alyjy haryt bilen tanyşýar, bu haýsy reňkiň şekiliň aýratyn orny bardygyny bellemek gerek.

**Bäşinjiden,** gaplaýjy enjamlaryň esasy wezipesi olaryň owadanlygy we maglumat berijilik ukuby bilen baglydyr. Gaplaýjy enjamlarda görkezilen şekiller alyja haryt barada maglumat berýär (taýýarlanyş usuly, saklamagyň düzgüni, dogry ýapmak düzgünleri)

Harytlar ( işler, hyzmatlar) hakyndaky maglumatda şu aşakdakylar görkezilmelidir.

- Harytlar (hyzmatlar, işler) barada hökmany talaplar bildirýän standartlaryň ady;
- Harytlaryň isleg ödeýiş häsiýetleri, iýmit önümleri barada bolsa olaryň düzümi (şol sanda hem şolar taýýarlananda peýdalanylan başga iýmit önümlerini we azyk garnuwlarynyň sanawy), agramy hem-de göwrümi, ýokumlylyk (kaloriýalylyk) derejesi, standartlaryň hökmany talaplaryna garanyňda adamyň saglygy üçin zyýanly maddalaryň möçberi hem-de keselleriň aýry - aýry görnüşleri üçin ulanmaga ýaramaýandygy (iýmit bolmaýandygy). Bulardan başgada harytlary (işleri, hyzmatlar) ýerlikli we howpsuz ulanmaklygyň kadalary we şertleri, harytlaryň hyzmat ediş möhleti, taýýarlaýjy adresi.

Harytlaryň gabynda görkezilen maglumatlar edil harytlaryň özi baradaky häsiýetlerine dogry gabat gelmelidirler. Türkmenistanda gaplanan iýmit öndürilende olaryň gelip çykan ýeri hakyndaky maglumat bolmalydyr. Daşky gabyndaky ýazgy anyk, gysga we diňe gerekli maglumatlary öz içine almalydyr.

**Altynjydan,** häzirki döwürde gaplamalara täze talaplar goýulýar: gaplaýjy-gapgyryjy enjamlar, daşky gurşawy hapalamaly däl, çaklaýjy materiallar gaýtadan işlenilmäge we sanawly ulanmaklyga ukuply bolmalydyr.

Harydy ýerleşdirmekde işleýän adamlar hökmany marketing toplumynda 4 sany elementi bilmeli: haryt, harydyň nyrhy, harydy geçirmek we harydy ýerleşdirmek. Harydy gaplama bolsa marketingde bäşinji element bolup durýar diýseň boljak.

Gerekli harydy talaba laýyk öndürmek, geçirmek, gerekli nyrha we gerekli ýere eltmeklik kärhananyň üstünliligini üpjün edýär. Gaplaýjy enjamlar şu işleriň birinjisinde esasy sazlaşdyryjy bolup çykýar. Önümi ýerleşdirmäge kömek etmek üçin gaplama birnäçe wezipeleri ýerine ýetirmeli, olaryň sanyny we maksatlaryny aýry-aýry synaglar her dürli kesgitleýärler.

Ýokarda seredilişi ýaly, derňewler geçirlende 4-6 çenli gaplamanyň ýerine ýetirýän işleri göz öňünde tutulyp seredilýär. Eger bir has zerur tarapyna üns bersek, onda 4 sany wezipäni (ýerine ýetirilişi) aýratyn jemläp bileris: önümiň belli ölçege çäklendirilişi (lokallaşdyrma), daşky gurşawyň täsirinden goralmaly, önümiň ulanyş oňaýsyzlygyny üpjün etmegi, maglumat bermek wezipesi.

Önümiň belli ölçege çäklendirilişi (lokallaşdyrmak wezipesi). Bu her bir gabyň özüne kesgitli harydyň göwrümini we mukdaryny gurşap alynmagyny aňladýar.

Munuň ýaly çäklendirilişiň esasy maksady bu harydy ýerleşdiriliş ulgamynda geçmegini üpjün edýär.

Senagat we oba hojalyk önümleri bir ýerden başga ýere geçirmek üçin, önümçilik, ýükleýji - düşüriji işler, ammarlamak we ulaglar arkaly daşamak, ösen we ösüp barýan ýurtlarda lokallaşdyrmaga zerurlyk bildirýär.

Netijede, onüm söwda geleşikleriň ýerine ýetirilmegini we sarp edijilere has amatly bolan ýerlerde satmak, satyn almagy üpjün edýär. Bu ýerde köp harytlar üçin ýöriteleşdirilen gaplary ulanmaklyk zerur bolup durýar. Mysal üçin, aerozol gaplara gapgarylan reňkler parfýumer - kosmetiki harytlar we başga durmuş himiýa harytlary. Umuman aýdanymyzda, häzirki zaman jemgyýetiň talaby oba hojalyk we senagat harytlaryny şeýle gaplaýjy - gapgaryjy enjamlara gapgarmak we şonuň esasynda satmaga oňaýly ýerlere getirmek, saklamak, ýüklemek we ýerleşdirmek mümkinçilikleri döretmek häzirki zaman jemgyýetiniň talaby bolup durýar. Muny "Balkanabat" söwda merkeziniň mysalynda hem görmek bolýar. Şu günki söwda merkezdaki görkezilip goýlan harytlaryň hem ençeme görnüşleriniň bellik kagyzlarynda "Iýmit" önümçilik birleşikleri diýilen ýazgy durandyr. Söwda merkezinde göze gelüwli edilen, oňat gaplanylan harytlaryň hemmesi azyk senagaty assosiasiýasy bilen "Iýmit" önümçilik birleşiginiň öndürýän önümleri. Mysal üçin, hususy kärhanada wafliniň "Şokoladly", "Wanilli", "Ýer tudanaly", "Apelsinli" ýaly 20-35 gramly owadan kagyzlarda çykarylýan görnüşleri, 450 gram we 75 gram hemde 4 kg barabar bolan karton kagyz gutylarynda oňat edilip gaplanylan görnuşleri bolup, halkyň isleg bildirýän harydyna öwrüler.

## Goraýjy hökmünde ýerine ýetirýän işi

Bu gaplamanyň wezipesiniň öňünden bellenen iki taraply manysy bar: bir tarapdan-ol gapgarylýan önümi daşky gurşawyň täsirinden goramagy üpjün etmeli, başga tarapdan bolsa, adamlary hem-de daşky gurşawy önümleri gaplamak we gapgarmak bilen onuň howplylygyndan we zyýanyndan goramaly.

Önümi daşky gurşawdan goramak gaplamanyň esasy wezipesi bolup durýar. Mälim bolşy ýaly önümleriň köp bölegi şu aşakdaky täsirlere sezewar bolýarlar:

- Hojalyk kir ýuwujy serişdeleri düzümindäki hloruň ýitmesinden goramak;

- Kartoşkadan öndürilen çipsileri howanyň ýokary çyglygyndan goramak;
- Kompýuteriň mikroprosessorlaryna elektrostatiki razrýadlaryň täsir etmeginiň öňüni almak (bu ýagdaý olaryň elektrik zynjyrlaryny zaýalaýar, deformirleýär).

Önümde fiziki şikesler bolmaly däl we olar şikes ýetirilen görnüşde bolmaly däl. Reňki solan mata ýa-da çyglyk çeken we goňur reňkli şeker, özüniň esasy görkezijileri boýunça ýararly bolsa-da ol öz sarp edijilerini tapyp bilmez.

Başgaça aýdanymyzda gaplama önümiň we daşky gurşawyň arasynda ýerleşýär. Gaplamanyň esasy wezipesi- harydy kem-käsleýin ýa-da tutuşlaýyn zaýalanmagyna getirýän täsirden goramak. Bellemeli zat haryda şikes ýetiräýjek daşky gurşawyň ýagdaýlarynyň sanawy ýyl-ýyldan köpelýär. Harytlaryň käbir görnüşleriniň hökmany ýagdaýda gaplanmagy aýdyň, sebäbi hiç bir sarp ediji şokolad şiresini, ýumşak syry, ýuwujy serişdeleri, ýelimleri, reňkleri, ösümlik ýagy gapsyz alyp bilmeýärler. Muňa garamazdan gaplar döredilende we kämilleşdirilende hökmany ýagdaýda onuň ulanylandan soň daşky gurşawa täsirini göz öňünde tutmaly.

Gaplama pudagynda işleýän alymlaryň, kärhana ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriň ünsüni esasan şu zatlara çekmeli:

- gaplama üçin ulanylýan materiallaryň gaýtadan işlenilmegini üpjün etmeli;
- daşky gurşawa zyýanly maddalary getirýän gaplamanyň galyndylaryny ýok etmeli;
- ekologiki howpsuz çig maldan gaplary döretmeli.

Geljekki gaplama-gapgarma enjamlaryň zyýanly zatlaryň howa göýbermeginiň azaldylmagyny gazanmaly. 2010-njy ýyla çenli döwür üçin esasy ileri tutulýan ugurlaryň biri ekologiýa howpsuzlygy-ol hem häzirki wagtyň talaby. Ekologiki howpsuzlyk zyýanly zatlaryň howa göýberilmeginiň

azaldylmagynyň kadalarynyň pugta berjaý edilmegine gönükdirilen çäreleriň toplumyny göz öňünde tutýar.

Gaplaýjy-gapgaryjy enjamlaryň has täze görnüşleriniň ornaşdyrylmagyna aýratyn üns bermeli ileri ugry bar-ol hem birinjiden, ol önümden boşansoň täzeden ulanmaga mümkinçilik berýänleri. Mysal üçin, mürepbeden boşan gaby soňunda durmuşda stakan görnüşde ulanylmaga ukyby, metal gaplary boşandan soň olarda un, çay, makaron önümlerini saklamaga ukyplylygy, çagalar üçin iýmitlerden boşan kiçijik gutujyklary-kiçiräk çüý we şaý-sepleri saklama ukyby. Gaplary täzeden ulanmak soragyna şu tarapdan seredilmegi harytlary ýerleşdirmäge höweslendirmä we şonuň bilen birlikde gaplama enjamlaryna sarp edilýän çig maly azaltmagyna ýardam edýär. Gaplaýjy-gapgaryjy enjamlaryň gaýtadan ulanylmagy, ýagny ony ulanylandan soň önümçilik kärhanalara gaýdyp berilmegi, hapalardan arassalanmagy we şol bir önüm bilen ýene-de gapgarylmagy, gaplanyş materiallaryň netijeli tygşytlylygyna mümkinçilik döredýär. Şuňa içgilerden boşan çüýşeleri ýygnamak we gaýtadan doldurmak mysal bolup biler. Bu ýagdaý täze çüýşe ýa-da plastmassa gaplara bolan islegi peseldýär (azaldýar), ýöne gaplary yzyna gaýtarmak we täze önüm gapgarylmanka arassalamak çykdajylar bilen baglanyşyklydyr.

Ulanylan gaplaýjy-gapgaryjy enjamlary täzeden işläp bejermek bu iň soňky ýyllarda ileri tutulýan ugurlar bolup, ol jemgyýetçiligiň ünsüni özüne çekýär we tebigy baýlyklaryň şol maksatlar bilen ulanylmagyny azaltmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, alýuminiden konserwa bankalary eredip , täze konserwa bankalar üçin alýuminiý taýýarlamak, täze aýna gaplary üçin öňki ulanylanlary eretmek, gaplamak, kagyz üçin köne kagyzlary işläp taýýarlamak.

Gaplamanyň gerekli däl galyndylaryny ýok etmek çylşyrymly mesele bolup durýar. Gaplama materiallaryň köp bölegi – kagyz, karton, plastmass, gowy ýanýan materiallar, ýanmaga ýaramly. Eger-de ýakmaklygy kyn bolsa (döwlet tarapyndan gadagan edilen bolsa), onda gaplamanyň galyndylaryndan gutarmak işi uly we çylşyrymly bolmagy

mümkin. Geljekde gaplamany kämilleşdirmek ugurlarynyň biri dünýä derejesine laýyk gelýän häzirki zaman gaplary öndürýän tehnologiýany ulanmak we her bir anyk haryt üçin rejeli gaby ulanmak.

## Önümiň ulanyş oňaýlygyny üpjün etmegi

Gaplamanyň bu wezipesi has köptaraplaýyn we sarp edijiniň islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir, ýagny gaplama şol harydy ulanýan adama ýokary derejede we has anyk peýda hyzmatlaryny getirmelidir. Hökmany ýagdaýda, mysal üçin, gaplar aňsat açylmaly, önümi arkaýyn çykaryp ulanmak üçin hem-de galan harydyň bölegini täzeden ulanmaklyk maksady bilen gowy ýapylmalydyr, ýagny marketingde täze harytlaryň ekspertizasy geçirlende surat alýan apparatlaryň (fotoapparatlaryň), käbir saz gurallaryň (gyjak, skripka, akkordion) gabyndan aňsat çykmagy we girmegi kesgitlenilýär, ergonomiki isleg ödeýiş gymmatyna täsir edýär. Gaplama kä ýagdaýlarda bilmäge höwesli çagalar üçin elýeterli bolmaly däl.

## Habar beriş wezipesi

Gaplama iň soňunda maglumatlaryň hemmesini özünde jemleýär.

Ilkinji gezekde ol alyjylary harydyň aýratynlyklary barada habar bermek bilen, söwda zalynda harydy sarp edijiler bilen baglanyşdyryjy bolup hyzmat edýär. Ol elmydama harydyň şekili, düzümi, gurluşy şeýle hem daşky ýazgylaryň we çeperçilik tarapdan bezegi bilen baglanyşykda bolmalydyr. Gaplama harydyň şeýle bir tarapy bolman, ilkinji göze görünýän we önümiň aýratynlyklaryny açyp görkezýän serişdedir. Daşynda owadan kagyz ýarlykly “Gawun kaky” ýaly ýazgyly bankalary, gaplary synlanylanda olar ünsüňi özüne çekýär. Bankalaryň daşyndaky suratlaryň aşagynda bolsa “Türkmenistanyň Altyn asyrynyň önümleri” diýen ýazgy bar. Şeýle harytlaryň dükanlaryň

tekjelerini bezäp dursa, ony gören her bir alyjynyň entek tagamyny datmanka ol harydy uly höwes, duýgy bilen eline aljakdygy belli. Netijede, gaplamanyň dizaýny marketingiň esasy ugruna gabat gelmeli, täze asyr, täze müňýyllyk başlanýar. Durmuş öňde täze wezipeleri goýýar, XXI asyr Türkmenistanyň Altyn asyry diýlip yglan edildi. Türkmenistanda öndürilen her bir önümleriniň gabynda ýa-da bir burçunda “Türkmenistanda öndürildi” ýa-da “Türkmenistanyň Altyn asyrynyň önümleri” diýen ýazgy bar. Gowy derejede gaplanylan harytlar alyjylaryň arasynda isleg döredýär.

Türkmenistanyň P.B.S.T. Milli Maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin her kim öz ornunda berk durup, halal zähmet çekmeli. Yhlas bilen işläp, öz Watanymyzyň ösüşine mynasyp goşandyny goşmak her bir türkmenistanlynyň mukaddes borjudyr.

## 7.5. Harytlaryň belgilenişi barada çözgütler

Gaplamagyň bir bölegi bolup durýan we ýarlyklardan başlap çylşyrymly grafiki şekillerde gutarýan etiketkalar örän dürli-dürli bolup bilýärler. Etiketkalar birnäçe wezipäni ýerine ýetirýändir; bolmanda etiketkalar harydy ýa-da harydyň nyşanyny kesgitleýändir, ýagny onuň aýry-aýry häsiýetnamasyny suratlandyrýar (harydy kim taýýarlady, haçan we nirede, onuň düzümi, çig maly, ulanmak boýunça teklipler we tehniki howpsuzlygy).

Galybersede, etiketka özüniň gelşikli özüne çekiji grafiki bezelişi bilen harydyň bazarda satuwynyň hereketini (prodwiženiýe) ýokarlandyrmaga kömek etmelidir.

Etiketkalar bilen baglanyşykly hukuk häsiýetli meseleler bir wagtdan bäri dowam edip gelýändir. Mysal üçin, etiketkalar sarp edijini ýalňyşdyryp biler ýa-da olarda haryt barada zerur bolan maglumatlaryň bolmazlygy mümkin ýa-da tehniki howpsuzlyk şertleri boýunça maslahatlaryň bolmazlygy mümkin. Şu sebäplere görä-de, köp ýurtlarda etiketkalar ýörite kanunçylyk esasynda sazlanylýar (kadalaşdyrylýar). Söwda kärhanalarynda bolsa,

satylmak üçin niýetlenen harytlaryň etiketkalarynda olar barada hemme gerek bolan maglumatlaryň we olaryň milli we halkara standartlaryna gabat gelýändigine göz ýetirmek artykmaçlyk edýän däldir.

Belli haryt nyşanlarynyň etiketkalaryň wagtyň geçmegi bilen köne modaly (könelişen) ýaly bolup görünýär we täzelenmegi talap edýär.

Soýuz döwründe öz respublikamyzda öndürilýän azyk we azyk däl harytlarymyzyň etiketkalary SSSR-iň standartlaryna gabat getirilip, hiç hili biziň özümiziň milli ruhymyzy, medeniýetimizi, duýgularymyzy aňlatmaýan hem-de diňe rus dilinde ýazylan etiketkalar harytlar barada maglumatlary bererdi. Şeýle-de, Soýuz döwründe önümçilik kärhanalarynyň arasynda bäsdeşlik ýok diýen ýalydy, bu bolsa harytlaryň etiketkalarynyň birnäçe ýyllaryň dowamynda üýtgedilmän galmaklygyna getiripdi.

Garaşsyzlygymyzy alan ýylymyzda beýläk ýurdumyzda döredilen, gurulan ýüzlerçe täze zawodlar, fabrikler we beýleki önümçilik kärhanalarynyň köpelmegi bilen sarp ediş bazarlarynda biziň hususy azyk we azyk däl önümlerimiziň görnüşleriniň giňelmekligi bilen bäsdeşlik emele gelip başlady, bu bolsa harytlar barada mümkin boldugyndan köp maglumatlary berip bilýän, harytlaryň sarp edijileriň ünsüni özüne has köp çeker ýaly estetiki taýdan has kämilleşen etiketkaly belgileme usullaryny ulanmaklygy talap edýär. Häzirki döwürde özümizde öndürilýän azyk harytlary bolan: süýt önümler, alkogolsyz içgileriň örän giň görnüşleri, çakyr zawodlarynyň önümleri we beýlekileri, şeýle-de azyk däl senagat pudaklarymyzyň önümleri (dokma, geýim-aýakgap, haly we başgalar) häzirki döwrüň dünýä standartyna gabat gelýän örän özüne çekiji owadan, haryt barada mümkin bolan maglumatlaryň köpüsini özünde jemleýän etiketkalary bilen bellemek usuly giňden ulanylýandyr.

Harytlary belgilemek boýunça ýetilen, ýokarda agzalan üstünliklerimize ýetmeklikde esasy rol oýnan zat, ol hem biziň Prezidentimiziň ýurdumyzyň senagat pudaklarynyň hünärmenlerini ylmy-tehniki, ykdysady we tehnologiýa tarapdan

ösen ýurtlara özi bilen äkidip ýa-da ýörite sapar bilen belli wagtlyk ibermek arkaly dünýä ölçeglerine hil taýdan gabat gelýän önümler bilen ýakyndan tanyşdyryp durmasydyr.

Ýokarda umumy görnüşde agzap geçen zatlarymyzy has aýdyňlaşdyryp aýdanymyzda, **harytlary belgilemek**-bu harytlar barada maglumat we habar beriji häsiýete eýedir. Belgilemek boýunça etiketkalarda önümiň öndürilen ýeri, kärhananyň ady, ulanylýan maksatlary, materiallary, konstruksiýasy, ölçegleri, ulanmaklygyň düzgünleri, daşamaklygyň we saklamaklygyň düzgünleri we ş.m. maglumatlar berilýändir. Mysal üçin, täze harytlar üçin ony ulanmaklygyň şerti we düzgünleri barada teklip örän peýdalydyr ýa-da harydyň hilini saklamak barada teklipler (sintetiki süýümden önümleri ýuwmak we ütüklemek) peýdalydyr. Şeýle-de duýduryş beriji belgileme maglumatlary (önümiň awulydygy, ýangyn howplylygy, portlugy, ýokary we pes temperaturalaryň täsirlerine çydamlylyk derejesi we başgalar) hem örän wajypdyr.

Çylşyrymly tehniki önümleriniň belgileme maglumatlary (telewizorlar, radio kabul ediji apparatlar, holodilnikler, sagatlar we başgalar) goşmaça pasportlar bilen üpjün edilip, şol önümleriň hyzmat edip bilijilik we kepillendiriji möhletleri görkezilýär. Şeýle-de, pasportda birnäçe tehniki häsiýetnamalar, tertip sany, öndürilen möhleti we başgalar görkezilýär.

Belgiler hem göni önümiň özüne berilip biliner (metaldan, plastmassadan, çüýşeden önümler bolanda) ýa-da oňa berkidilen ýarlyga (esasy, barlag ýarlyklary bolup bilýärler), etiketkalar, birkalara (ýüküň agramy, ady, adresi, ýazylan tagta bölegi), mata lentalarynda berlip bilner.

Önümi belgilemekligiň mazmuny hemişelik we belli bir yzygiderlilikde üýtgäp hem bilýär, mysal üçin, tapgyrynyň tertip sany hasaba alynanda, önümiň öndürilen möhleti we ş.m. görkezilende bellik edilýär.

Belgilemek haryt baradaky maglumaty alamatlaryň we nyşanlaryň üsti bilen aňladylmagydyr. Özüniň berilýän alamatlaryna, nyşanlaryna beglylykda belgilemek sözleriň, harplaryň, sanlaryň, nyşanlaryň şeýle-de şekilleriň (suratlar,

figuralar, grafikalar), göwrüm-giňişleýin (üç ölçegli relýef şekilinde) we kombinirlenen (birleşdirilen, toplanan) bolup bilýärler.

Harytlaryň görnüşleriniň köpüsi üçin adaty belgilemek maglumatlary bolup şular hyzmat edýärler:

- Önüm taýýarlaýjy kärhananyň haryt nyşanynyň şekili;
- Kärhananyň ady we ýerleşýän ýeri;
- Önümiň ady;
- Standartyň ýa-da tehniki şertiň tertip sany;
- Harydyň isleg ödeýiş häsiýetnamalary;
- Öndürilýän möhleti we ş.m.

Zerur bolan ýagdaýynda önümiň hilini saklamak boýunça şertleýin belgileme berilýär.

Eger-de önümleriň käbir görnüşleri üçin daşamak, düşürmek, ýüklemek şertleri aýratynlyk talap eden ýagdaýynda (aýnadan, keramikadan, çylşyrymly tehniki gurluşy-mehanizmi bolan önümler), onda önümiň daşky gabynda ýa-da gaplamasyna ýörite bellik berýärler, ýagny harydyň häsiýetiniň aýratynlygyny we onuň bilen nähili çemeleşmelidigini görkezýär, mysal üçin, “Agä boluň”, “Aýna”, “Ýokary”, “Togalamak bolmaýar”, “Çyglylykdan gorkýar” we ş.m.

Belgilemekligiň hiline onuň maglumat berijilik taraplaryndan başga tehnologiki, estetiki we ykdysady talaplar hem bildirilýär.

Belgileme ilkinji gezekde anyk, jemlenen we ýatda galyjy bolmalydyr. Psihologiýa nukdaý nazaryndan has maksada laýyklygy sanlar arkaly belgilemek usulydyr.

Belgileme ýokary hilli bolmak bilen ýokary tehnologiýada we tygşytly ýerine ýetirlen bolmalydyr.

# VIII – BAP

## Täze harytlary döretmek we olaryň ýaşaýyş döwri

### 8.1. Täze harytlary döretmek

Täze harytlary işläp taýýarlamaklyk marketing işleriniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýandyr.

Harytlar bazarynda täze harydyň döremegi, onuň ulanylýan maksatlaryna baglylykda, zerurlygynyň ýüze çykmagy netijesinde emele gelýär.

Täze harydyň döremeginde, marketingiň 2 usulyndan ugur almak arkaly çemeleşmek bolýar:

- önüme ugrukdyrylan bazar;
- sarp edijä ugrukdyrylan bazar.

Ulanylýan maksatlary boýunça göz öňünde tutulýan harydyň bazardaky assortimentine, hiliniň derejesine, oňa bolan islegiň, talabyň derejesine, özüne düşýän gymmatyna baglylykda marketingiň usullary kesgitlenilýär.

Eger-de göz öňüne tutulýan önümiň haryt bazaryndaky assortimentiniň, oňa bolan islegiň talabyň ýokary bolmadyk ýagdaýynda, onda marketingiň birinji usulyny ulanmak, maksada laýyk diýip hasap etmek bolar. Sebäbi, göz öňüne tutulýan önümiň görnüşi näçe az bolsa, şonça-da sarp edijiniň islegini kanagatlandyrmak boýunça önümi saýlamaga bolan ähtimallyk derejesi peselýär we önümiň bar bolan görnüşi bilen kanagatlanmaly bolýar. Şeýlelikde, bäsleşigiň pes bolmagy netijesinde, özüniň isleg ödeýiş häsiýetleri boýunça beýlekilerden tapawutlanyp bilýän önümiň "sarp edijisi" öz-özünden aňsat tapylýar. Ýagny, bazarda önüme bolan talap, teklipden (hödürlemeden) ýokary bolýar. Netijede hödürlenýän harydyň sarp edijini özüne çekijiligi ýa-da sarp edijini tapmak boýunça amala aşyrylmaly marketing işleriniň zerurlygy peselýär. Şeýle bäsleşigiň ýokary bolmadyk ýagdaýynda, önümiň özüne düşýän

gymmatyny peseltmekligiň hasabyna girdeji alyp bolmakmümkinçiligi emele gelýär.

Ulanylýan maksatlary boýunça göz öňünde tutulýan önümiň bazarda assortimenti (görnüşleri) ýeterlik ýokary bolan ýagdaýy, bäsleşigiň ösmegine getirýär we isleg ödeýiş (sarp edijilik) häsiýeti, ýagny hili ýokary bolan önümlere isleg, talap ýokarlanýar. Şeýle ýagdaýda ulnylýan maksatlary boýunça göz öňünde tutulýan harydyň söwda-da hereketini ýokarlandyrmak we ýokary girdeji almak maksady bilen, marketingiň ikinji usuly bolan sarp edijä ugrukdyrylan usulyny ulanmaklyk maksada laýyk gelýär. Bu diýildigi – häzirki döwrüň önümçiliginiň ösen, ýokary tehnologiýasynda we ilatyň (sarp edijileriň) önümlere bolan isleginiň, talabynyň ýokary ösen ýagdaýynda, bäsleşikde üstünlik gazanmak we ýokary bolan harytlary döretmek we baha syýasatyny dogry ýöretmek arkaly gazanmak bolar.

Diýmek, ulanylýan maksatlary boýunça göz öňünde tutulýan harytlara bolan sarp edijileriň islegini, talabyny doly öwrenip (kesgitläp), harydyň hilini, beýleki özleri bilen bäsdeşlik edýän harytlaryň hilinden belli derejede ýokary bolan harytlary döredip we satylyş bahasyny bäsleşýän harytlaryňky bilen deň ýa-da ol diýen ýokary bolmadyk derejede kesgitlemek arkaly ýokary girdeji almak mümkinçiligi emele gelýär.

Türkmenistanyň geografiki taýdan ýerleşişini, onuň ykdysadyýetiniň we önümçiliginiň ösüş derejesini, çig mal we energetiki mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, täze harytlary işläp taýýarlamakda aýratyn metodologiki çemeleşmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Şeýle-de azyk däl harytlarynyň aýry-aýry görnüşleri boýunça täze harytlar işlenip taýýarlananda türkmen halkynyň medeni mirasyny, däp-dessuryny, sungatynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup marketingiň häzirki zaman çemeleşmek usullary bilen utgaşdyrylyp amala aşyrmalydyr.

Biziň gelin-gyzlarymyzyň özleriniň geýnişinde eşikleriniň milliligini saklamaklyk endigi, biziň aňymyza, ganymyza siňen milli sazlarymyzy, mukamlarymyzy diňe öz milli saz gurallarymyz bolan dutarda, gyjakda, gargy we dilli tüýdüklerimizde çalyp bolýanlygy, biziň ata-babalarymyzdan

bäri endik eden esbaplarymyz we gurallarymyz bolan türkmen pyçagy, türkmen pili, türkmeniň şaý-sepleri, haly-palaslary we ş.m. harytlar we önümleriň häzirki zamanyň talaplaryna gabat gelýän täze görnüşlerini işlenilip taýýarlanylanlarynda ýokarda belläp geçişimiz ýaly hökmany suratda öz milliligimizi saklamak bilen ýerine ýetirilmegi zerurdyr.

## Täze harytlary işläp taýýarlamaklygyň esasy ugry

Täze harydy işläp taýýarlamaklygyň döwri umumy görnüşde şu aşakdaky döwürleri (tapgyrlary) öz içine alýar: täze ideýalary (teklipleri) döretmek-oýlap tapmak, teklipleri (ideýalary) saýlap taýýarlamak, harydyň jähtini işläp taýýarlamak, marketingiň esasy ugruny işläp taýýarlamak, önümçilik mümkinçilikleriniň seljerilmesini (analizini) geçirmek, önümiň özüni işläp taýýarlamak, bazar şertlerinde synagdan geçirmek we täjirçilik (söwda) işi arkaly ýerleşdirmek (satmak).

Harytlara bolan islegiň, tehnologiýanyň we bäsdeşligiň çalt üýtgäp durmaklygy kärhananyň ýa-da firmanyň häzirki öndürýän harytlary bilen girdeji alyp öz-özüni dolandyryp ösüp gidip bilmejekdigi aýdyňdyr. Sarp edijileriň yzygiderli artýan islegleri we talaplary netijesinde olar has ýokary hilli, kämilleşen harytlaryň döremegine garaşýar. Bäsdeşler bolsa, bu täze harytlar bilen olary üpjün etmek üçin bar güýçlerini goýýarlar. Şol sebäpden hem her bir önümçilik kärhanasynyň ýa-da firmasynyň täze harytlary işläp taýýarlamak boýunça öz maksatnamasy, esasy ugry bolmaly.

Kärhana ýa-da firma täze haryda esasan 2 usul bilen eýe bolup biler:

**Birinjiden,** özi oýlap tapman, işläp taýýarlaman başga ýerden eýe bolup biler, ýagny durşuna şol harydy döredip, firmany satyn almak ýa-da şol keseki harydy öndürmäge rugsat edýän patenti ýa-da ygtyýarnamany satyn almak arkaly;

**Ikinjiden,** özüniň hususy güýjüne daýanmak arkaly, ýagny özünde ylmy barlag we işläp taýýarlaýan bölümleri döretmek arkaly.

Täze harydy işläp taýýarlamagyň barşyna seretsek, onda “täze haryt” diýlende, onuň şu aşakdaky görnüşleriniň bardygyny ýatlatmalydyrys:

**Birinjiden,** düýbünden ulanylýan maksatlary boýunça özüne meňzeş beýleki harytlardan tapawutlanýan;

**Ikinjiden,** şol bir harydyň kämilleşdirilen görnüşi;

**Üçünjiden,** häzirki bar bolan görnüşiniň täzeden üýtgedilip ýasalan (modifikasiýalaşdyrylan) görnüşi.

Şol bir wagtyň özünde biz sarp ediji, bu täze işlenilip döredilen we özüne hödürlenilen harydy täze döredilen diýip hasap etjekmi diýen soragada bir wagtda seretmeli bolýarys.

Bazarda geçirilen barlaglaryň netijesinde şu aşakdaky ýagdaýlar ýüze çykarylypdyr, ýagny hemme hödürlenilen täze harytlaryň içinde halkyň sarp edýän harytlarynyň 40%; senagat harytlarynyň bazarynda 20%; hyzmatlar bazarynda 18%-i şowsuzlyga uçrapdyrlar.

Indi, täze döredilen harytlaryň näme sebäplere görä şowsuzlyga uçraýandygynyň sebäplerine seredeliň. Bu sebäpler örän kändir: şol pudaga seredýän ýokary wezipede oturan başlyk özüne oňat ýaraýan pikiri (ideýany), marketing barlaglarynyň ýaramaz netijelerine seretmezden geçirmegi; täze harydy döretmek boýunça ideýanyň (pikiriň) oňat bolup, ýöne bazaryň göwrümine artykmaç nyrh berilmegi, täze haryt ideýa boýunça kesgitlenilenden başgarak ýasalan bolmagy mümkin, onuň bazarda gaty bir gowy görünmeýänräk ýerde goýulan bolmagy mümkin, gowy reklama edip bilen däldirler ýa-da has ýokary nyrh kesgitländirler; kä ýagdaýlarda harydy işläp taýýarlamak üçin çykarylan çykdajylaryň, garaşylandan has ýokary bolmagy, kä halatlarda bolsa bäsdeşleriň jogap urgusy garaşylandan has güýçlüräk bolmagy mümkin.

Şeýlelikde, kärhananyň öňünde iki ýagdaý emele gelýär: bir tarapdan täze harydy işläp taýýarlamaklygyň zerurlygy; başga bir tarapdan täze döredilen harydyň üstünlige eýe bolup biläýjek mümkinçiliginiň o diýen köp däldigi. Şol sebäpden hem kärhana maksada dogry ugrukdyrylan bolmaly. Mundan başga-da kärhananyň hünärmenleri-täze harydy döredijiler, harydy

döretmekligiň her bir döwründe işi örän ünsli, sünneläp ýerine ýetirmeli. Täze harydy döretmek boýunça bu işleriň esasy döwürleri şu aşakdaky görnüşde aňladylyp bilner.




Surat 8.1. **Täze harydyň işlenip taýýarlanmagynyň esasy döwürleri**.

## Täze pikirleriň (ideýalaryň) emele gelmegi, döremegi

Täze harydy döretmeklik zerurlygy ýüze çykanyndan soňra, ony döretmekligiň ilkinji döwri, ol barada täze pikirleriň gözleginden başlaýar. Kä halatlarda şeýle pikirler (ideýalar) bazaryň durmuşynyň özüniň salgy bermegi bilen duýdansyz hem döreýän wagty bolýar. Islendik kärhana täze harytlary döretmekligiň üstünde hemişe işlemelidir we olar barada täze pikirleriň gözleginde hemişe bolmalydyr. Şeýle-de kärhana özüniň önümçiliginiň aýratynlygyna baglylykda nähili täze harydyň üstünde işlemelidigini we haýsy bazar üçin şol harydy taýýarlamalydygyna dogry düşünmelidir. Eger-de şeýle

edilmese, onda emele gelen täze pikirleriň netijesinde tassyklanylmaga çenli birnäçe çykdajy edilip taýýarlanylan täze dörediljek harydyň, ýokary ýolbaşçylyk edýän wedomstwa ýa-da ministrlik tarapyndan inkär edilmegi mümkindir. Sebäbi ýokary ýolbaşçy guramanyň, seniň hödürleýän täze harydyň seniň önümçiligiň aýratynlygyna ýa-da ulgamyna degişli däl diýmegi hem ahmaldyr.

Kärhana ýa-da firma täze harydy işläp taýýarlamagyň üstünde işlände, ol şol döretjek täze harydyň kömegi bilen nämä ymtylýandygyny dogry kesgitlemelidir (köp pul girdejisini almak; bazaryň belli bir bölegini eýelemek ýa-da başga maksatlar). Kärhana şol kesgitli döwür üçin ulanylýan maksatlary boýunça özüne gabat gelýän beýleki harytlardan düýbünden tapawutlanýan täze harydy ýa-da ozalky bar bolan harytlaryň kämilleşdirilen täze görnüşini ýa-da beýleki bäsdeşleriň harytlaryna meňzeş, ýöne hili boýunça tapawutlanýan harytlaryň üstünde işlemekçimi, şony dogry bilmelidir. Täze harydy döretmek üçin tagallalaryň birnäçe çeşmeleri bardyr. Olardan oňady sarp edijilerdir. Sarp edijilerden sorag geçirmek, olaryň üýşüp harytlar barada edýän maslahatlary, olardan gelýän hatlar we şikaýatlar boýunça olaryň harytlara bolan zerurlygyny, isleglerini bilip bolýar. Ideýalaryň beýleki çeşmeleriniň biri alymlardyr. Sebäbi olar täze häsiýetli materiallary döredip ýa-da gözläp tapmak bilen öňkülerden düýbünden tapawutlanýan ýa-da has kämilleşen täze harytlary döredip bilýärler. Bulardan başga-da kärhana ýa-da firma beýleki bäsdeşleriniň has özüne çekiji harytlary bilen yzygiderli tanyşyp durmalydyrlar. Ýene-de bir ideýalaryň çeşmeleriniň biri söwda işgärleri we arada durýan firmanyň dellallarydyr. Sebäbi olar her gün alyjylar bilen görşüp durýarlar. Pikirleri beriji beýleki çeşmelere oýlap tapyjylar, patent ynanylanlar, ylmy laboratoriýalar, senagat ulgamyndaky dolandyrmak meselesi boýunça konsultantlar, reklama agentleri, marketing barlagy boýunça firmalar, pudagara neşirýatlar degişlidir.

**Pikirleri saýlamak.** Pikirleri emele getirmek boýunça alynyp barylýan işleriň esasy maksady mümkin boldugyndan olaryň köp sanyny emele getirmekden ybaratdyr. Soňky

döwürleriň maksady bolsa bu sany azaltmakdyr. Bu ugurdaky ilkinji ädim pikirleri saýlamakdyr.

Pikirleri saýlamaklygyň maksady-mümkin boldugyndan çalt gerek däl ideýalary ýüze çykarmakdan we aýryp başlamakdan ybaratdyr.

Kärhanalaryň köpüsinde pikirini tanyjylar täze haryt döretmek boýunça pikirleri standart blankalarda hat görnüşde ýazyp beýan edýärler we soňra täze harytlar boýunça komissiýanyň seretmegine berilýär. Şeýle hödürlemede haryt barada maglumat, maksat tutulýan bazary we bäsdeşleri, bazaryň ölçegleri barada o diýen takyk bolmasa-da çaklama, harydyň nyrhy, täze harydy döretmek üçin işiň nyrhy we dowamlylygy, önümçiliginiň nyrhy we girdejisiniň mukdary barada maglumatlar bolýar. Haçan-da pikir oňat hasaplanylan ýagdaýynda-da ol kesgitli kärhana üçin gabat gelýärmi, ýagny onuň maksatlary bilen we serişdeleri bilen oňat ylalaşýarlarmy? Şol sebäpden hem kärhanalarda ýa-da firmalarda pikirleri nyrh bermek we olary saýlamak boýunça ýörite ugurlary işläp düzýärler.

**Gelnen pikirleriň üstünde işlemek we ony barlamak.**

Pikirleriň içinde saýlanyp alnan pikiri täze dörediljek haryda has ýakyn gabat geler ýaly, harydy has aýdyňrak ýagdaýda göz öňüne getirip bolar ýaly derejede onuň üstünde işlemeli.

Bu ýerde täze haryt baradaky umumy pikiri has aýdyň göz öňüne getirmäni we harydyň kesgitli görnüşini sarp edijiniň doly göz öňüne getirip biler ýaly derejede işlemekligini biri-birinden tapawutlandyrmaly.

**Haryt barada gelnen pikiriň üstünde işlemek.**

Mysal üçin, telewizor öndürýän kärhana “ýarym geçirji elementleri” ulanmak arkaly täze telewizorlary (täze harydy) öndürmeklige başlamakçy bolýar. Ol telewizor öňki çyraly telewizorlardan elektrik energiýasyny az sarp edýänligi, agramynyň (massasynyň) ýeňilligi, uzak ömürliligi, görkeziş hiliniň ýokarylygy, kompaktlylygy (ýygjamlylygy) bilen tapawutlanýar.

Bu haryt barada pikir, ýöne sarp ediji haryt baradaky umumy ideýany satyn almaýar. Olar haryt baradaky has aýdyň pikiri satyn alýarlar. Marketing boýunça işleýän hünärmeniň wezipesi mümkin bolup biläýjek haryt baradaky pikirleriň birnäçesini işläp taýýarlamakdan we olary deňeşdirmek arkaly iň özüne çekýänlerine nyrh bermäni we olaryň içinden iň gowusyny saýlamany başarmalydyr.

Ýarym geçirijili telewizorlar baradaky pikirler şu aşakdakylar ýaly bolup bilerler:

1-nji pikir. Ýarym geçirijili telewizor elektrik energiýasyny iki essedenem köp tygşytlaýar, göwresiniň ýygjamlygy; agramynyň azlygy ony öýüň içiniň beýleki goşlary (interýeri) bilen gabatlaşdyryp ulanmaga mümkinçilik berýär; uzak ömürliligi we ýokary hilli ses çykaryp we görkezip bilijiligi bilen tapawutlanýar.

2-nji pikir. Ýokary hilli görkezip bilijilik ukyby bolan ýarym geçirijili telewizor energiýany az harç edýänligi we uzak ömürliligi üçin çyraly telewizorlardan ykdysady taýdan has tygşytly we amatlydyr.

3-nji pikir. Ýarym geçirijili telewizor özüniň göwresiniň, agramynyň pesligi sebäpli olary has kiçi ölçeglerde-de (ekranynyň diagonaly boýunça) ýasap bolmak mümkinçiligi olary gezelençlere çykylanda, ýörüşlerde, syýahat döwründe-de ulanmaga has amatlydyr.

4-nji pikir. Ýarym geçiriji telewizor-goşmaça uly göwrümli agramly we ses edýän napryaženiýany sazlaýjylary (stabilizator) ulanmakdan halasdyr. Olar gyzgynlyk bolup çykarmaýarlar we ýokary hilli ses çykaryş we görkeziş ukyby bilen adamynyň psihofiziologiki ýagdaýlaryna oňaýly täsir edýändir.

## Täze haryt barada gelnen pikiri barlamak

Haryt barada gelnen pikirleri barlamak diýilende göz öňünde tutulýan sarp edijileriň toparynyň öňünde hemme işlenilip düzülen pikirleriň açyp görkezilmegi we olaryň gelen netijelerini kesgitlemek. Mysal üçin, 1-nji pikiriň işlenişiniň netijesi.

Ykdysady taýdan tygşytly, dürli şertlerde ulanmaga amatly, ýokary ses çykaryp bilijilik we görkezip bilijilik ukyby bolan ýarym geçirijili telewizor.

Sarp edijilerden ýokardaky pikir baradaky özleriniň nukdaý nazarlaryny şu aşakdaky soraglara jogap bermek arkaly aňlatmaklaryny haýyş etmeli:

1. Täze ýarym geçirijili telewizor baradaky pikir size düşnüklimi?
2. Beýleki telewizorlar bilen deňeşdirilende täze telewizoryň göze görnüp duran amatlylygyny duýýarsyňyzmy?
3. Siziň pikiriňizçe täze telewizor barada aýdylan zatlary dogry, takyk diýip hasaplaýarsyňyzma?
4. Täze telewizor siziň haýsy hem bolsa bir zerurlygyňyzy kanagatlandyryp biler diýip hasap edýärsiňizmi?
5. Siziň pikiriňizçe täze telewizoryň dürli häsiýetlerini nähili görnüşde kämilleşdirip bolar?
6. Satyn almak baradaky gelnen netijä kimler gatnaşyp biljek? Kim şu täze telewizory ulanjak?
7. Siziň pikiriňizçe täze telewizoryň nyrhy näçeräk bolsa gowy bolardy?
8. Siz täze telewizory satyn alardyňyzmy? (kesgitli hawa; ähtimal; ähtimal ýok; kesgitli ýok).

Sarp edijileriň ýokardaky soraglara jogaplary kärhana, gelnen pikirleriň haýsysynyň (wariantynyň) has özüne çekijidigini kesgitlemäge kömek eder. Ýöne berlen jogaplar boýunça çykarylan hasaplar diňe ugrukdyryjy häsiýete eýedirler, sebäbi adamlar hemme aýdyň zatlaryny durmuşa geçirip duranoklar.

## Marketingiň esasy ugruny işläp taýýarlamak

Goý, sarp edijileriň soraglara beren jogaplary esasynda 1-nji pikir hemmesinden ýokary netijä eýe boldy diýeliň.

Indi kesgitli ýarym geçiriji telewizor üçin marketingiň esasy ugrunyň başdaky görnüşini işläp taýýarlamaly.

Marketingiň esasy ugrunyň beýan edilmesi esasan üç bölekden ybaratdyr.

Birinji bölekde maksat tutunylýan bazaryň ululygy, gurluşy we ýagdaýy, şeýle-de satuwynyň möçberiniň görkezijileri, bazar paýy we ýakyn gelejekdäki ýyllarda alyp bolaýjak girdejisi barada maglumat taýýarlanylýar.

Ikinji bölekde täze harydyň mümkin bolup biläýjek nyrhy barada, onuň paýlanyşyna bolan umumy çemeleşme we birinji ýylyň dowamyndaky marketing işlerine çykdajynyň düzümi barada umumy maglumat berilýär.

Marketingiň esasy ugrunyň beýan edilmesiniň üçünji böleginde satuwynyň we girdejisiniň, şeýle-de marketingiň kompleksine (hemme taraplylygy) uzak wagtlylyk çemeleşmekligiň görkezijileriniň gelejekki maksatlary açyp görkezilýär.

## Önümçiligiň mümkinçilikleriniň we satuwynyň barlagy

Harydyň pikiri we marketingiň esasy ugruna görä netije kabul edileninden soňra, ýolbaşçy guramalar teklipleriň işjeň özüne çekijiligine nyrh bermeklige girişýär. Munuň üçin hökmany suratda harydyň satuwynyň, çykdajylarynyň we girdeýjileriniň bellenen barlag görkezijilerine seljeriş geçirmeli. Bu kärhananyň maksatlaryna gabat geliş derejesine göz ýetirmek üçin wajypdyr. Eger-de seljeriş (barlagyň) netijeleri kanagatlanarly bolsa, onda täze harydy gönüden-göni işläp taýýarlamak döwrüne başlamak bolar.

## Harydy işläp taýýarlamak

Eger-de haryt baradaky gelnen pikir onuň önümçiliginiň we satuwynyň mümkinçiliginiň barlag döwürlerinden üstünlikli geçen bolsa, onda ylmy-tehniki we tejribe – konstruktorçylyk işläp taýýarlamak döwri başlanýar. Şu soňky döwre çenli haryt barada ýazgy görnüşinde, suratlaryň üsti bilen ýa-da haryda meňzeşligi boýunça belli derejede ýakynlaşan sudury (maketi) arkaly beýan etmeklik amala aşyryldy. Harydy işläp taýýarlamak döwründe haryt baradaky ideýanyň, ony işläp taýýar önümiň derejesine çenli

ýetirmekde oňaýlylyk, tehniki we söwda nukdaýnazarlary boýunça gabat gelýärmi diýen soraga jogap berler.

Ylmy barlag we işläp taýýarlamak bölümi haryt baradaky pikiri garaşylýan täze harydyň şu aşakdaky ölçegleri boýunça fiziki taýdan amala aşyrylmagynyň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini (wariantlaryny) döredýär:

1. Sarp ediji haryt baradaky pikirde beýan edilen hemme esasy häsiýetleriň onda jemlenen diýip kabul edýär;
2. Ol adaty şertlerde ulanylanda howpsuz we ygtybarly.
3. Onuň özüne düşýän gymmaty smetada taslanan önümçiligiň çykdajysyndan geçýän däldir.

Döredilјek täze harydyň barlag nusgasyny taýýar önüme çenli gutarnykly ýasamak üçin birnäçe gün, hepde, aýlar, kä halatlarda ýyllar gerek bolýar.

Täze haryt, harytlara mahsus bolan hemme isleg ödeýiş häsiýetlerine eýe bolmalydyr. Biziň mysalymyzda ýarym geçiriji telewizor sarp edijide özi barada oňat pikiri, islegi döretmelidir, ýagny oňat ýerine ýetirilen, howpsuz, ygtybarly haryt hökmünde özüni tanatmalydyr.

Haçanda täze harydyň barlag nusgasy taýýar bolandan soň ony barlagdan geçirmeli. Täze harydyň isleg ödeýiş häsiýetleriniň ýokary derejededigine oňat göz ýetirmek üçin onuň barlag nusgasyny hem laboratoriýa şertlerinde hem-de ulanylyş şertlerinde barlagdan geçirmeli.

Bazar şertlerinde tejribe (barlag) geçirmek.

Sarp edijiler tarapyndan barlag nusgasynyň isleg ödeýiş häsiýetleri boýunça synaglary üstünlikli geçeninden soňra, kärhana täze döredilen harydyň uly bolmadyk tapgyryny öndürýär we bazar şertlerinde barlagdan geçirilýär. Şeýlelikde bu döwürde haryt we marketing maksatnamasy dellallaryň we sarp edijileriň olara bolan garaýşlaryny isleg ödeýiş häsiýetleri, harytlary täzeden satyp boljaklygy, bazaryň ölçeginiň kesgitlenilişi boýunça anyklanylýar.

Bazar şertlerinde barlamaklaryň usullary harydyň görnüşine görä anyklanylýar we sazlanylýar.

## Köpçülikleýin täjirçilik önümçiligini ýola goýmak

Täze haryt bilen bazar şertlerinde geçirlen barlaglar kärhananyň ýolbaşçy guramasyna täze harydy öndürmekligiň maksada laýyklygy barada gytarnykly netijä gelmekligine mümkinçilik berýär. Eger-de kärhana täjirçilik önümçiligini ýola goýsa, onda oňa uly çykdajylary etmeklik garaşýandyr. Sebäbi bu ýagdaýda giden önümçilik toplumyny öz güýjüň bilen gurmak ýa-da ony satyn almak zerurlygy döreýär. Bulardan başga-da esasanam 1-nji ýylyň dowamynda reklama (mahabat) işlerine we satuwy goldamak, höweslendirmek işlerinede çykdajylar etmeli bolar.

Haçan-da kärhana täze döredilen haryt bilen bazara çykanda ol ony haçan, nirede, kime we nähili hödürlemelidigini kesgitlemelidir.

Haçan. Kärhananyň 1-nji wezipesi täze harydy bazara öz wagtynda çykarmakdan ybaratdyr. Eger-de täze haryt kärhananyň beýleki harytlarynyň satuwyna päsgel berse, onda gowusy täze harydyň önümçiligini bes etmeli. Eger-de täze harydyň guralşyna haýsy hem bolsa bir täzelik girizmek üçin wagt we serişde gerek bolsa, onda kärhananyň täze harydy täze ýyl bazara çykarmagy mümkin. Şeýle-de kärhanada ykdysady tarapdan durnuklylyk bolan ýagdaýynda ol täze haryt bilen bazara çykmaklygy wagytlaýyn togtatmaly bolar.

Nirede. Kärhana täze döreden harydy bilen ýeke ýere (bazara) çykmalymy ýa-da belli bir sebitiň bazarlarynamy, ýa-da birnäçe sebitara bazarlaramy ýa-da umumy ýurduň ölçeglerindemi, ýa-da halkara möçberindäki bazarlara çykmalymy, şony dogry çözmelidir. Hemme kärhanalara we firmalara özüniň uniwersallylygy, serişdeleriniň ýetmezligi, mümkinçilikleri boýunça täze harydy bilen bir bada umumy ýurduň möçberinde bazarlara çykmak başartmaýar. Adatça olar wagtlaýyn grafik esasynda bazary yzygiderli eýelemekligi amala aşyrýarlar. O diýen uly bolmadyk kärhanalar ýa-da firmalar ilki özüne has ýakyn bolan bir şäheriň bazaryna öz harydy bilen

çykýar. Soňra ol ýuwaş-ýuwaşdan beýleki şäheriňem bazarlaryny eýeläp başlaýarlar.

Kime. Kärhana ýa-da firma täze harydy bilen bazary yzygiderli eýeleýän döwründe özüne has amatly sarp edijileri saýlap almalydyr we satuwa iteriji täsir etmekde esasan şol sarp edijilere bil baglamalydyrlar.

Nähili. Kärhana harydyny bazara yzygiderli çykarmak üçin hökmany suratda nähili etmelidiginiň planyny (meýilnamasyny) işläp düzmelidir. Dürli marketing toplumyny we beýleki geçirilmeli işleriň smetasyny düzmelidir. Her bir täze bazar üçin kärhana aýratyn marketingiň meýilnamasyny işläp düzmelidir.

## 8.2 Harytlaryň bazardaky ýagdaýy, syýasaty we ýaşaýyş döwri. Harytlaryň bazardaky ýagdaýyny kesgitlemek

Önümiň bazardaky ýagdaýyny kesgitlemek diýmek, özüň ol baradaky teklibini sarp edijileriň ony özüne kabul edip alyjylygyny, isleglerini, bäsdeşligi, beýleki kärhanalaryň önümlerini we daşky gurşawda bolyp geçýän üýtgeşmeleri göz öňüne tutmak we baglanyşdyrmak bilen amala aşyrmagy aňladýar.

**Sarp edijileriň özüne kabul edip alyjylygy** - bu olaryň kärhananyň önümi we olaryň bäsdeşleri baradaky göz öňüne getirmeleridir.

**Sarp edijileriň islegleri -** bu önümiň özlerine degişli bolmak bilen sarp edijileriň önümde görmek isleýän zatlary, ýagny ideal düşünjeleri.

**Önümiň başdeşlik ýagdaýy bolanda** - sarp edijileriň bu kärhanany (firmany) onuň bäsdeşleri bilen deňeşdireniňde otnositel göz öňüne getirip bilijiligini aňladýar.

**Kärhananyň önümleriniň ýagdaýy** şol bir haryt toparlarynyň assortimentiniň çäginde, sarp edijiler tarapyndan kärhananyň dürli söwda nyşanlaryny özüne kabul edip bilijiligini we nyşanlaryň özara gatnaşyklaryny görkezýär. Şeýle-de kärhana daşky gurşawda bolup geçýän üýtgeşmeleri - (bu karhananyň önümleriniň sarp edijiler tarapyndan oňat hasaplanyp kabul

edilmegine täsir edýär) hem elmydama gözegçilikde saklanmalydyr. Bu üýtgeşmelere: täze önümiň bäsdeşleri, sarp edijileriň görnüşiniň, esasy ugrynyň üýtgäp durmagy, täze tehnologiýalaryň döredilmegi, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde harajatlaryň ýeterlikligi barada negatiw (ýalňýş, ters) maglumatlaryň berilmegi degişlidir.

Eger-de biz öz ýurdumyzyň ýeňil senagaty kärhanalarynyň önümleriniň mysalynda olaryň öz bazarlarymyzdaky ýagdaýyny seljersek, onda edil häzirki döwürde olaryň bazardaky ýagdaýynyň kesgitlenşiniň ýokarda agzalan kanunlara doly gabat gelmeýändigini görmek bolar. Mysal üçin, biz öz ýurdumyzda öndürilýän dokma önümlerimiziň bazardaky ýagdaýyna seljerenimizde, görnüşi ýaly önümleriň assortimentiniň bu toparynyň bäsdeşlik ýagdaýynyň biziň bazarymyzda ýok diýen ýalydygyna göz ýetirmek kyn däl. Häzirki döwrüň ýokary tehnologiýasy esasynda öndürilýän, hili boýunça dünýä ölçegine doly gabat gelýän; öz dünýä belli ýokary hilli pagta süýümimizden öndürilýän dokma önümleri dünýä bazarlarynda örän ýokary islege eýedirler. Esasanam muny Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky türkmen-türk egirme dokma toplumynyň mysalynda has aýdyň görmek bolar. Bu kärhananyň öndürýän önümleriniň esasy bölegi Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna we Kanada ýaly ykdysady we senagat taýdan ösen ýurtlara eksport edilýär. Eger-de bu kärhana özüniň öndürýän önümleriniň köp bölegini biziň öz içerki bazarlarymyzda ýerleşdirse (satsa), onda ol özüni ödäp bilmeýär. Sebäbi bu kärhananyň önümleriniň özüne düşýän gymmatynyň ýokary bolanlygy sebäpli dünýä nyrhlaryna gabat gelýän nyrhdan satmaly bolýar. Biziň bazarlarymyzyň sarp edijileriniň satyn alyp bilijilik ukyplarynyň dünýä nyrhlaryndan entek belli derejede pesligi sebäpli bu kärhananyň önümleri bilen bäsdeşlik dörär ýaly derejede içerki bazarlarymyzy üpjün etmek mümkinçiligi entek pesdir.

Elmydama öz halkynyň durmuş - ykdysady ýagdaýynyň aladasynda bolan merhemetli Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: “Biziň özümizde öndürilýän önümlerimizden ilkinji nobatda öz halkymyz peýdalanmalydygyny göz öňünde

tutup, arassa pagtadan öndürilýän, dünýä ölçeglerine hili boýunça gabat gelýän, ýokary hilli önümleriň belli bir mukdary (döwletiň hasabyna) öz içerki bazarlarymyza çykarmak bilen halkymyzyň zähmet haklarynyň satyn alyp bilijilik mümkinçiliklerinden hem has pes bolan nyrhlarda satylýar.

## Haryt syýasaty

Marketingi dolandyryjy, harytlary öndürmek barada karara gelende, hökmany suratda hemme hereket edýän kanunlary we kararlary esaslanmaga borçlydyr. Esasy üns bermeli döwürlere şu aşakdakylar degişlidir.

1) **Täze harytlaryň goşulmagy we köneleriň aýrylmagy.** Köne harytlaryň satuwdan aýrylmagy baradaky çözgüt kärhananyň öz haryt üpjün edijileri, dellallary we müşderileri bilen tassyklap hukuk borçlaryny hasaba almak bilen amala aşyrmalydyrlar.

2) **Patent hukuklaryny goramak.** Täze harytlary işläp taýýarlamakda (döretmekde) kärhana ýa-da firma paý kanunçylygy baradaky düzgüne boýun egmelidir. Önümçilik kärhanasy ýa-da firmanyň harytlaryna meňzeş bolan harytlary öndürmäge rugsat berilmeýär.

3) **Harytlaryň hili we howpsuzlygy.** Her bir önümçilik kärhanasy, goý ol geýim - aýakgap, medeni-durmuş we hojalyk harytlaryny öndürýän önümleriniň hili we howpsuzlygy baradaky kesgitli kanunçylyk düzgünlerine doly boýun bolmaga borçlydyrlar. Mysal üçin, iýmit we içgiler üçin niýetlenen gap-gaçlar öndürilende adamynyň organizmi üçin howply bolan sink ýaly elementleriň bolmagyna rugsat edilýän däldir (sink bilen örtülen gaplar). Mata, himiki elementler, awtomobil oýunjaklar, dermanlar we awulara meňzeş harytlar öndürilende bularyň önümçiligine degişli howpsuzlygyň kadalary barada kanun kabul edilendir. Islendik hil we howpsuzlyk tarapdan pes bolan harydy ulanyp zyýan çeken sarp ediji, şol harydy öndürilä ýa-da dellala garşy sud işini gozgamaga haklydyr.

4) **Önümiň hiliniň kepilligi.** Öndürijileriň köpüsi özleriniň önümleriniň ýokary hilliligini kepillendirmek we sarp edijileri ynandyrmak maksady bilen degişli hat üsti bilen kepilnama hödürleýär. Şeýle kepilnamalar haryt ulanylyp başlandan soňra önuň hiline kesgitli wagtyň dowamynda onuň öz wezipesini (ýerine ýetirmeli wezipesini) hatardan çykman ýerine ýetirjekdigine güwä geçýär we eger-de şol bellenilen wagtyň dowamynda önüm hatardan çyksa ýa-da öz wezipesini doly ýerine ýetirip bilmese, onda kärhana kepilnamada görkezilen şerte görä bejeriş işleri üçin pul almazdan ony mugt amala aşyrýar ýa-da täzesini çalşyp berýär, kä ýagdaýlarda bolsa puluny yzyna berýär.

## Önümiň ýaşaýyş döwri

**Önümiň ýaşaýyş döwri (sikli)** - bu önümiň bazara gelen wagtyndan tä ondan aýrylýança satuwyna, girdejisini, sarp edijileriň, bäsdeşlerini we marketinginiň baş (umumy) taslamasyny ýazyp beýan etmäge (aýdyňlaşdyrmaga) synanyşygyň konsepsiýasydyr (jemleýji netijä gelinmegidir).

Marketing boýunça hünärmenler harydyň ömür döwri bilen şu aşakdaky sebäplere görä gyzyklanýarlar. **Birinjiden,** birnäçe marketing hünärmenleri harydyň ýaşaýyş öňki döwürlere serediniňde has gysgaldy diýip bilmeýärler. **Ikinjiden,** täze önüm ösýän maýa goýumlaryny talap edýär. **Üçünjiden,** bu konsepsiýa marketing hünärmenine sarp edijileriň isleglериniň üýtgemegin, bäsdeşlerini we satmak boýunça kanallaryny we degişlilikde marketing meýilnamasyna üýgunlaşmaga mümkinçilik döredýär. **Dördünjiden,** ýaşaýyş döwri marketing hünärmenine haryt assortimentini aýyl-saýyl etmäge (firmanyň hödür edýän); köp kärhanalar özleriniň önümçiliklerinde täze, ösýän we ýetişen harytlaryň hutma-hutlygy boýunça gabatlaşmagyny gazanmaga ymtylýarlar.

Önümleriň ýaşaýyş döwrüniň konsepsiýasyny önümiň görnüşine (sagat), tipine (kwars sagady) we söwda nyşanyny ("seýko" firmasynyň kwars sagady) görä ulanyp bolar. Bularyň

içinde önümiň görnüşi onuň ýaşaýyş döwrüni has oňat yzarlap biler.

**Harytlaryň ýaşaýyş döwrüniň görnüşleri** - özüniň dowamlylygy, şeýle-de görnüşi boýunça biri-birinden güýçli tapawutlanýarlar. Muny 8.2-nji suratda görmek bolar.

A. Adaty egrisi




B. Klassyky (bum) egrisi




C. Gyzyklanma egrisi




D.Dowamly gyzyklanma egrisi



E. Döwürleŷin ŷa-da moda egrisi




F. Täzeden döreŷiş ŷa-da nastolgiŷa egrisi







G. Başa barmadyk egrisi
Wagt

Surat 8.2. **Harytlaryň aýry-aýry ýaşaýyş döwürleriniň görnüşleri**.

1-nji suratdaky <u>A. Adaty egriden</u> görnüşi ýaly harydyň satuwynyň başdaky ýagdaýyny we satuwyň aşak gaýdyşyny görmek bolýar. <u>B. Klassyky egri</u> adatdan daşary, belli harydyň uzak wagtyň dowamyndaky durnukly satuwyny görkezýär. <u>Ç. Gyzyklanma</u> egrisi harydyň çalt ýokary islege eýe bolşuny we şonuň ýaly hem çalt oňa bolan islegiň aşak gaçmasyny görkezýär. <u>D. Dowamlylykly gyzyklanma</u> egrisi haryda bolan islegiň çalt ösüp, soňra belli derejä çenli peselip, şol derejäniň uzak wagtlap saklanmaklygyny, oňa bolan islegiň doly ýok bolman belli bir döwre çenli uzak wagtlap saklanmaklygyny aňladýar. <u>E.</u>

Döwürleýin egri ýa-da moda egrisi - bu harytlaryň olara bolan isleglere baglylykda satuwynyň belli bir derejä ýeteninden soňra ýylyň dowamyndaky pasyllaryň ýa-da modanyň üýtgemegine baglylykda satuwyň üýtgemegini aňladýar. F. Täzeden döreýiş ýa-da nastolgiýa egrisi - harydyň, oňa bolan islegiň ýok bolup giden ýaly bolup görünmegine garamazdan ýene-de onuň satuwynyň gowulanmak ýagdaýyny görkezýär. G. Başa barmadyk egri-bu täze döredilen önümiň hiç hili islege eýe bolmandygyny görkezýär.

**Harydyň ýaşaýyş döwrüniň tapgyrlary (etaplary)** we onuň häsiýetnamalary 2 - nji suratda we 1 - nji tablisada berlendir we olarda ýaşaýyş döwründe hemme pudaklaryň işleýşi görkezilendir. Aýry alnan kärhana ýa-da firma üçin kesgitli maksatlaryna, serişdelerine, marketing taslamalaryna, ýerleşişlerine, bäsdeşlik gurşawyna, üztünligiň derejesine we özleşdirmek tapgyryna baglylykda harytlaryň ýaşaýyş döwrüniň tapgyrlary pudaklaýyn kärhanalaryňkydan tapawutlanmaklary mümkindir.

Özleşdirmek tapgyrynda maksat-täze haryt üçin bazary döretmekdir. Satuwyň ösüş derejedi önümdäki täzelige we ony sarp edijiniň näçe derejede işleýändigine baglydyr. Önümde uly täzelik girizeniňden, ony kämilleşdirmek önümiň satuwyny has çaltlandyryp biler. Bu tapgyrda bir ýa-da iki firma bazara çykar we bäsdeşlik çäklidir. Önümçiligiň we marketinginiň çykdajysynyň ýokary bolany sebäpli, önüm birligine düşýän girdeji peselýär. Ilkinji sarp edijiler-täzelikçiler, şeýle çykdajyny edip bilerler, sebäbi olar töwekgelçilik etmek bilen, ilkinji alyjylar hökmünde lezzet alýarlar. Ýönekeý belli harytlar (mysal üçin, çaý käseleri) üçin satuw giňdir; emma gowusyndan - gowusyny isleýän sarp edijiler üçin niýetlenen harytlaryň (mysal üçin, altyndan ýasalan çaý çemçejikleri) satuwy o diýen ýokary däldir. Önüme we sarp ediş bazaryny saýlamaklyga baglylykda firma ýokary nyrhlardan ýa-da köpçülikleýin bazaryň pes nyrhlaryndan başlap biler.

Ösüş döwründe marketing maksady-satuwy we elýeterli kämilleşdirilen önümleriň jemlenmesini giňeltmek. Ýokary

mümkinçilikleri bolan, ýokary düşewüntli bazara ýene-de birnäçe firmalar aralaşýar we pudaklaýyn satuw çalt ösýär. Şeýle bazarlaryň otnositel girdeýjisi ýokary, sebabi az sanly firmalaryň isleg ödeýiş hasiýetleri boýunça tapawutlanýan önümlerini bu baý bazar arkaýyn satyn alyp bilýär. Ösýän bazara gabatlaşmak maksady bilen öňki harytlaryň kämilleşdirilen görnüşleri teklip edilýär, satuw giňelýär, nyrhlaryň üýtgemek aralary emele gelýär we köpçülikleýin ynandyryjy mahabat ulanylýar.

Tablisa 8.1.

Harydyň adaty ömür dowamlylygynyň häsiýetnamasy.

| Häsiýetnamalar | Ömür dowamlylygynyň basgançaklary (etapy). | | | |
|---|---|---|---|---|
| | Özleşdirmek | Ösüşi | Ösüp ýeten ýagdaýy | Pese gaçmak |
| Marketingiň maksatlary | Jemgyýetçilik pikirini emele getiriji adamlary we täzelikçileri täze haryda çekmek | Satuwy giňeltmek we assortiment toparlar | Tapawutlanýan artykmaçlyklary goldamak | Gysgaltmak Janlandyrmak Bes etmek |
| Pudaklaýyn satuw | Ösüş | Çalt ösüş | Durnuklylyk | Gysgalmak |
| Bäsdeşlik | Düýbünden ýok ýa-da az mukdarda | Birnäçe | Güýçli | Köp däl |
| Pudakdaky girdejiler | Otrisatel | Ösŷän | Gysgalŷan | Gysgalŷan |
| Girdejileriň paýy | Pes | Ŷokary | Gysgalŷan | Gysgalŷan |
| Sarp edijiler | Täzelikçiler | Gurply adamlaryň köpçülikle-ŷin bazary | Köpçülikle-ŷin bazar | Konserwatorlar (köneçiller) |
| Haryt assortimenti | Bir asyl nusgasy | Dürli görnüşliliginiň artŷan sany | Doly assortiment topary | Iň ýokary isleg bildirilŷän harytlar |
| Satuw | Haryda bagly | Söwda nokatlary-nyň artŷan sany | Söwda nokatlaryň artýan sany | Söwda nokatlarynyň kemelýän sany |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Nyrh emele gelmegi | Haryda bagly | Nyrhlaryň giň aralykda üýtgemegi | Doly nyrh ugry | Aŷratyn nyrhlar |
| Herekete getirmeklik | Habar bermek arkaly | Ynandyrmak | Bäsdeşlik | Habar bermek arkaly |

<u>Harydyň ösüp ýetişen ýagdaýynda</u> kärhana ýa-da firma onuň tapawutlanýan artykmaçlygyny pes nyrh, ýokary hil we giň güwä geçilmegi) mümkin boldugyndan uzak wagtlap saklamaga çakyşýarlar. Pudaklaýyn satuw, bazarda harydyň köpelmek derejesine baglylykda durnukly ýagdaýa eýe bolýar, entek bar bolan ep-esli islegi peýdalanmak maksady bilen köp firmalar bazara aralaşýarlar. Bäsdeşlik iň ýokary (maksimum) derejesine baryp ýetýär. Netijede, umuman pudaklar boýunça girdeji azalýar, sebäbi harytlaryň ( önümleriň) nyrhy aşaklap baslaýar. Bu döwürde harytlaryň herekete getirilmesi (prodwiženiýe) örän ýokary bäsdeşlik ýagdaýyna eýe bolýar.




Surat 8.3. **Harydyň adaty ýaşaýyş döwürleriniň egrisi**.

Pese gaçmak döwründe firmanyň ýa-da kärhananyň hereketiniň üç sany mümkin bolan (alternatiw) ugry bardyr. Birinjiden, öndürilýän önümiň mukdaryny azaltmak bilen marketingiň maksatnamasyny gysgaltmak; söwda nokatlaryny azaltmak; ikinjiden önümi janlandyrmak (onuň bazardaky ýagdaýyny üýtgetmek -gaplama, ýa-da başga satuw usulyny ulanyp); üçinjiden, önümiň önümçiligini bes etmek. Bu tapgyrda sarp edijileriň azalmagy bilen satuw peselýär we firmalaryň köpüsi bazardan çykyp gidýärler. Haryt assortimenti has oňat modeli bolan arzan nyrha eýe bolan harytlary satýan dükanlarda jemlenýär.

Jübi kalkurýatorlarynyň ýaşaýyş döwrüniň mysalynda, önümiň ýaşaýyş döwri barada aýdyň görnüş emele gelýär: ol ilki döredilende örän gymmat durýan önüm bolmak bilen sarp edijiler tarapyndan giňden ulanylýan önüme öwrüldi; soňra aralyk nyrhdan geçip başlady we örän gysga wagtyň içinde örän pes nyrhly we köp mukdarda satylýan önüme öwrüldi.

## Önümiň ömür dowamlylygynyň konsepsiýasyna baha bermek

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, şeýle konsepsiýa marketing hünärmenleri üçin hem gyzykly hem-de peýdalydyr. Ýöne ol önümi maliýeleşdirmek üçin oňat esas bolup hyzmat etse-de, çaklama meselesinde özüniň peýdalydygyny şu aşakdaky sebäplere görä subut edip bilmedi:

**Birinjiden,** önümiň ýaşaýyş döwürleriniň tapgyrlary, umumy dowamlylygy we şekili (görnüşi), önümiň görnüşine baglylykda üýtgäp durýar;

**Ikinjiden,** daşky sebäpler, ýagny ykdysadyýet, puluň hümmetiniň peselmek derejesi we sarp edijileriň durmuş stili önümiň ýagdaýyna uly täsir edip biler we onuň ýasaýyş döwrüni uzaldyp ýa-da kiçeldip biler.

**Uçünjiden,** kärhana ýa-da firma önümiň ýaşaýyş döwrüni diňe bir dolandyrmak däl, ony uzaldyp hem biler. Netijeli marketing bazaryň täze segmentlerini emele getirip biler, önümiň

täze ulanarlyk ýagdaýlaryny tapyp biler ýa-da dellallaryň uly goldawyny döredip biler.

**Dördünjiden,** käbir kärhanalar ýa-da firmalar öz-özüni peseldýän satuw barada öňünden çaklama berýär we marketing barlagyny bes edýär. Eger-de olar muny şeýtmedik bolsadylar, onda önüm şowsuzlyga uçramazdy.

Bu soňky ýagdaýy – 8.4- nji suratdan aýdyň görmek bolar.

1. Firma, özüniň önümleriniň biriniň satuwynyň peselŷändigini duýýar.

2. Marketing goldawy bes edilŷär, firma satuwyň çalt aşak gaçmagyny üpjün edŷär.




Surat 8.4. **Öz-özüni peseldýän çaklama**.

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netije gelmek bolar:

- önümiň ýaşaýyş döwrüniň indiki tapgyrynyň haçan başlajakdygyny, näçe wagta dowam etjekdigini we satuwyň haýsy derejä çenli baryp ýetjekdigini öňünden aýtmak kyn.
- ýaşaýyş döwründe önümiň tapgyryny (etap) dogry kesgitlemek mümkin däl.
- Önümiň ýaşaýyş döwrüniň esasy dört fazasynyň (tapdyryň) kesgitli araçägi ýokdyr.

## 8.3 Önümleriň assortimentiniň emele gelmegi

**Önümiň assortimenti** diýip, haýsy hem bolsa belli bir alamatlary boýunça saýlanan harytlaryň dürli görnüşleriniň jemlenen toplumyna aýdylýar.

Senagat kärhanalary we firmalar tarapyndan öndürilýän önümleriň görnüşleri önümçilik assortimentini emele getirýärler.

Sarp ediş bazaryna, lomaý we bölek satuw söwda kärhanalaryna gelip düşýän önümler (harytlar) bolsa söwda assortimantini emele getirýärler. Önümçilik we söwda assortimantleri özara aýrylmaz baglanyşykdadyrlar.

Birinji çözmeli mesele harydy, hödür edilýän alyjylary göz öňünde tutmak bilen, hödür ediljek harytlaryň görnüşlerini saýlamakdyr, ýagny haryt haýsy maksat üçin hödür edilýär: sarp edijilik maksatlary üçinmi ýa-da önümçilik maksatlary üçinmi? Önümleriň bu alamatlary boýunça klassifikasiýa bölüp seredilmegi önümlere häsiýetnama berilendäki aýratynlyklaryny açyp görkezmäge we soňraky marketing barlaglaryny amala aşyrmaga ýardam eder.

**Sarp ediş harytlary** bolanda bular iň soňky, sarp ediji üçin niýetlenen bolup, haryt sarp edijiniň hususy özi; maşgalasynda ýa-da öý hojalygynda ulanmagy üçin niýetlenendir. Mysal üçin, köwüş (aýakgap), ruçka, awtomobil, telefon dagy haçan-da olary diňe öz hususy maksatlaryň üçin, maşgalaňda ýa-da öý hojalygynda peýdalanylanda sarp ediş harytlary bolup biler.

Önümçilik maksatlary üçin niýetlenen harytlary gelejekde olardan beýleki harytlary öndürmekde, hojalyk işlerinde peýdalanmak ýa-da olary täzeden başga sarp edijä satmak maksady bilen satyn alýarlar. Bu harytlaryň hataryna agyr tehniki we tehnologiki enjamlar çig mal, çap ediji maşynlar we ş.m. girýär. Bu harytlaryň alyjylarynyň hataryna senagat kärhanalaryny, lomaý ýa-da bölek satuw edaralaryny, döwlet ýa-da beýleki söwda däl kärhanalary agzamak bolar.

Önümçilik maksatlary üçin niýetlenen harytlary söwdany amala aşyrmak üçin gerek bolan netijä gelmeklik derejesi boýunça; nyrhy boýunça; sarp edilişiniň tizligi; önümçilikdäki

tutýan orny we şuňa meňzeşler boýunça toparlara bölmek bolar. Bulara desgalar, esasy we goşmaça enjamlar, çig mal, komponentler, taýyn şaýlar, ätiýaçlyk şaýlary degişlidir.

Esasy we goşmaça enjamlar önümçilik ulgamynda peýdalanylmak bilen, gutarnykly taýýar önümiň bir bölegi bolup bilmez. Esasy enjamlara ýokary derejelerde kabul edilýän çözgütler häsiýetlidir. Onuň nyrhy gymmat bolmak bilen köp ýyllaryň dowamynda ulanylýar we özüniň şekilini, durkuny üýtgetmeýär. Bu ýagdaýda marketing barlaglarynyň esasy wezipesi – öndürüjä, sarp edijä göniden-göni satmak; häsiýetnamalary we şertleri barada uzak wagtlaýyn gepleşikler, goşmaça hyzmat bilen üpjün etmek (hyzmat we remont), önümiň sarp edijiniň talabyna gabat getirilmegi, tehniki tejribe we toplumy bilen satmak bolup durýar.

**Goşmaça enjamlar** boýunça netije (çözgütler) aralyk derejelerde kabul edilýärler. Olar esasy enjamlardan arzan bolýarlar, birnäçe ýylyň dowamynda ulanylýarlar, rutarnykly tayyar önümiň bir bölegi bolup bilmeýärler we özleriniq şekilini we durkuny üýtgetmeýärler we özleriniň şekilini we durkuny üýtgetmeýärler. Mysal üçin, oýup deşiji enjamlar, ýük göterijiler we ş.m. Merketing işleriniň wezipeleri – söwdasyny esasy enjamlaryň söwdasy bilen baglanyşdyrmak; nyrhy, ölçegleri we mümkinçilikleri boýunça saýlamakda dürli görnüşleri bilen üpjün etmek; harydy ýerleşdirmek boýunça güýçli aragatnaşyklary ulanmak; ygtybarlylygy we netijeliligi aýratyn üns bermek; tehnıkı we ulanmaklygyň şerti boýunça goltgy bermek.

**Çig mal, materiallar we taýýar şaýlar** önümçiligiň barşynda doly ulanylyp biliner ýa-da o diýen gymmat bolmadyk we az wagtyň içinde sarp edilýän ahyrky önümiň bir bölegi bolup biler.

Bu ýagdaýda marketing işleriniň esasy wezipesi – yzygiderli we öz wagtyndaky üpjünçilik; hil; täzeden zakazlary (buýurmalary) kabul etmäge çalyşmak; nyrh emele getirilmeginiň standart görnüşini peýdalanmak; uzak döwürleýin geleşikleri gözlemek; alyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak bolup durýar.

**Önümçilik ätiýaçlyklary** – bu firmanyň ýa-da kärhananyň gündelik işlemegini üpjün edýän zerur bolan harytlardyr. Bular ulanylýan ätiýaçlyklar (elektrik çyralary, arassalamak üçin materiallar, reňkler); abatlaýyş işleri üçin ätiýaçlyklar (boltlar, wintler, berçinler); konselýar esbaplary, ruçkalar, wizit kartoçkalary.

Önümçilik ätiýaçlyklary çylşyrymly çözgütleri talap etmeýär, nyrhy arzan, az wagtyň içinde sarp edilýär we taýýar önümiň bir bölegi bolup durmaýar. Marketing boýunça esasy üns bermeli zatlar – elýeterligi, işiň dogry ýola goýulanlygy we zakazyň (buýurmalaryň) ýönekeýligi.

Bazar tejribesinde, marketing barlaglaryny (işlerini) amala aşyrmakda harytlaryň assortimentiniň gurluşy diýen düşünje giňden ulanylýandyr.

**Harytlaryň assortimentiniň gurluşy** harytlaryň assortimentiniň degişli bolan haryt toparlarynyň düzüminiň we olaryň özara mukdar gatnaşyklarynyň harytlaryň umumy assortimentinden prosent hasabyndaky düzýän paýyny aňladýandyr.

Önümleriň assortimentiniň gurluşynyň emele gelmegi diýip sarp edijileriň isleglerine gabat gelýänönümler bilen assortimentiň üstüniň ýetirilip (doldurylyp) we täzelenip durulmagyna düşinilýär.

Haçanda önümleriň assortimenti sarp edijileriň talaplaryna näçe derejede köp gabat gelýän bolsa, şonça olaryň assortimentiniň gurluşy aýlanyşykly we dogry hasaplanýar.

Umumy ýurduň sarp ediş bazarlarynyň möçberinde önümleriň assortimentiniň emele gelmegini göz öňüne getirsek, onda ol umumy görnüşde şu aşakdaky sebäplere (faktorlara) baglydyr: ýurduň öz hususy önümleriniň önümçiliginiň derejesi; ýurduň içerki bazarlarynda we banklaryndaky daşary ýurt walýutalarynyň medeni, ruhy we ykdysady ýagdaiýlaryna, olaryň harytlara bolan zerurlyklaryna we gün-günden ösýän isleglerine we talaplaryna baglydyr.

Ỳöne ýurduň sarp ediş bazarlaryndaky önümleriň assortimantiniň emele gelmegi, ýurduň çägindäki önümçilik

pudaklarynyň düzümindäki aýry-aýry önümçilik kärhanalarynyň öndürijilik derejesine, olaryň tehniki-ykdysady ýagdaýlaryna, sarp ediş bazarlary bilen gatnaşygyna baglydyr.

Haçanda önümçilik kärhanasy ýa-da firma sarp ediş bazarlaryna önümiň haýsy görnüşini hödür etjekdigini kesgitländen soňra, oňa bu önümiň dürli gürnüşliligini we assortimentini kesgitlemek zerurdyr.

Her bir kärhananyň, firmanyň maksat tutýan assortimenti bolmalydyr, ýagny özüniň saýlan önümleriniň kesigitli modeli, markasy (nyşany) ýa-da ölçegleri bolmalydyr. Mysal üçin, Aşgabadyň Saparmyrat Niýazow adyndaky aýna kombinaty köp görnüşli aýna önümlerini öndürýär ýa-da Aşgabadyň “Ahal” tikin önümçilik birleşigi geýimleriň dürli görnüşlerini, ýagny dürli biçüwlerde, ölçeglerde tikinçilik önümlerini öndürýär.

Haryt assortimenti kärhananyň (firmanyň) hödürleýän harytlarynyň hemme assortimentini, toparlaryny öz içine alýandyr.

Haryt assortimenti özünüň giňligi (hödür edilýän assortiment toparlaryndan gelip çykýar), çuňlygy (her bir assortiment torarynyň tutýan ornunyň mukdaryndan gelip çykýar) we deňeşdirip bolujylygy (ahyrky ulanylmagynyň umumylygy, ýaýradylan ýollary, sarp edijileriň topary we nyrhynyň aralygy nukdaý nazaryndan hödür edilýän assortiment toparlarynyň özara gatnaşyklaryndan gelip çykýan) bilen häsiýetlendirilýär.

**Giň assortimenti:** önümi diwersifisirowat (biri-biri bilen özara baglanyşygy bolmadyk köp sanly önümçilikleriň bir wagtda ösmegi we öndürilýän önümiň assortimentiniň giňelmegi) etmäge mümkinçilik döredýär; sarp edijileriň dürli talaplaryny göz öňüne tutmaga we bir ýerde satyn almaklygy höweslendirmäge ýardam edýär. Şol bir wagtda önümleriň dürli kategoriýalaryna serişdeleri we bilimleri goýmagy talap edýär.

**Assortimentiň çuňlygy:** bir haryt boýunça dürli satyn alyjylyk segmentleriniň islegini kanagatlandyryp biler; söwda nokatlarynda peýdalanylýan ýeri maksimal ýagdaýda ulanmaga mümkinçilik berer; bäsdeşleriň ýüze çykmaklygyna päsgel berer; nyrhlaryň üýtgeýiş aralygynyny teklip etmäge we dellallaryň

(dilerleriň) goldawyny höweslendirmäge ýardam berer. Ỳöne ol hem ätiýaçlyklary goldamaga, önümleri modifikasiýa etmäge (kämilleşdirmäge), buýurmalary ýerine ýetirmäge çykdajyny ulaldýandyr. Adatça **deňeşdirip bolýan assortimenti** dolandyrmak, deňeşdirip bolmaýandan aňsatdyr. Ol kärhana marketing we önümçilik ulgamyna uýgunlaşmaga berk mümkinçilik döredýär we satuwyň kanallary (ýollary) bilen durnykly gatnaşyklary üpjün edýär.

1-nji suratda haryt assortimentiniň giňligi we çuňlygy boýunça alternatiwi görkezilendir.

| Giňligi | **Çuňlugy**: Öwnuk | **Çuňlugy**: Çuň |
|---|---|---|
| Dar | Birnäçe birmeňzeş haryt toparlarynyň her haŷsysy üçin bir model (nusga) | Birnäçe birmeňzeş haryt toparlarynyň her haŷsysy üçin köp modeller |
| Giň | Birnäçe bir-birinden tapawutlanŷan haryt toparlarynyň her haŷsysy üçin bir model (nusga) | Birnäçe bir-birinden tapawutlanŷan haryt toparlarynyň her haŷsysy üçin köp model (nusga) |

Surat 8.5. **Haryt toparlarynyň görnüşleri**.

## Önümi dolandyrmaklygy guramak

Önümi dolandyrmaklygy guramaklygyň birnäçe görnüşleri bardyr. Kärhana olaryň içinden özüne geregini saýlap biler: marketingi dolandyryjy; önümi dolandyryjy; önümi maliýeleşdirmek boýunça komitet; täze önümi dolandyryjy; töwekgelçilik (wençurnaýa) topary.

**Marketing dolandyryjy ulgam** boýunça marketingiň hemme hereket wezipeleri (satuw, mahabatlandyrma, höweslendirmek we önümi taslamak) diňe bir ýolbaşça garaşly bolar. Ulgamyň bu görnüşi maňzeş önümleri ýa-da esasy bir

önümleriň assortimentiniň toparlaryny öndürýän kärhanalar üçin oňat ışleýändır. Bu ulgamyň çylşyrymly assortimenti bolan we her haýsy dürli marketingiň esasy ugruny talap edýän ünimçilik üçin o diýen oňaýly bolmazlygy ahmaldyr.

**Önümi dolandyryjy ulgam** bounça (haryt nyşany) orta toparyň (zweno) ýolbaşçysy bolýar we ol aýratyn önüme ýa-da uly bolmadyk topara jemlenen bolýar. Ol häzirki öndürilýän önümler we täze önümler bilen iş salyşmak bilen alnyp barylýan işleriň hemmesi bilen baglanyşykda bolup – marketing barlaglaryndan başlapgaplamaklygyň dizaýny, mahabatlandyrma işleriniň hemmesine ýolbaşçylyk edýä. Ol, haçanda köp görnüşli biri-birinden tapawutlanýan önümler bolanda we ususy tejribäniň we marketing çözgütleriň talap edilýän ýerinde oňat işleýändir. Bu ulgam her bir haryda ýa-da haryt nyşanyna (markasyna) ýeterlik üns bermäge mümkinçilik döredýär.

**Önümi meýilnamalaşdyrmak boýunça komitet** marketing, önümçilik konstruirlemek, maliýe şeýle-de ylma-barlag we işläp taýýarlaýjy funksional bölümleriň ýolbaşçylaryndan jemlenýär. Bu komitet önümi tassyklamak, oňa nyrh bermek we işläp taýýarlamak bilen meşgullanyp utgaşdyrmak (sowmestitelstwo) ýörelgesinde alnyp barylýandyr. Haçanda önüm bazara özleşdirilenden (doly salynandan) soňra komitet ýatyrylýar (göýberilýär), önüm bolsa, önüm boýunça iş dolandyryja geçirilýär. Bu ulgam ýolbaşçylara gönüden-göni we köp önümler boýunça netije çykarmaga mümkinçilik döredýär. Bu komitet tejribäniň görkezişi ýaly ilkinji gezekde beýleki usullara goşmaça usul hökmünde hereket edýär.

**Täze önümi dolandyryjy ulgam** häzirki bar bolan we täze önümleriň dolandyryjylaryny degişlilikde häzirki bar bolan we täze önümler üçin peýdalanylýar. Bu bolsa täze önümi ýeterlik wagt, harajat, güýçli höwes we tajribe bilen üpjün edýär. Täze önüm görkezilenden we hödürleninden soňra olara önümleriň dolandyryjysy ýolbaşylyk edýär. Bu ulgam, haçanda önüm özleşdirilende gymmat düşýän, gapma-garşylyga getirýän we üznüksizligi bozýan bolup bilmegi mümkin.

**Töwekgelçilik topary** – bu dürli hünärmenlerden ybarat bolan, garaşsyz bölüm bolmak bilen täze önümi işläp taýýarlamak boýunça hemme işlere ýolbaşçylyk edýär, ýagny täze önüm barada ideýanyň (pikiriň) döränden tä onuň bazara hödürlenýänderejesine çenli gözegçilik edýär. Bu topara gatnaşyjylar kärhanada diňe şu bölümde işlemek bilen aýratyn iş ýerini emele getirýärler. Haçanda önüm doly taýýar bolandan soňra bu topar dargadylýar. Bu ulgam gerek harajat bilen, başarnykly gurşaw (sreda), tejribe we hemişelik (durnuklylyk) bilen üpjün edýär, ýöne gymmat düşýär.

Guramaçylyk görnüşini saýlamaklyga täsir edýänlere şular degişlidir: kärhananyň teklipleriniň dürliliginiň derejesi, girizilýän täze önümleriň mukdary, täzelikliginiň derejesi, kärhananyň harajatlarywe ýolbaşçylygyň hünäri. Bu ýerde dürli guramaçylyk görnüşleriniň gabatlaşdyrylmagy has maksada laýyk bolardy.

8.2-nji tablisada önümleri dolandyrmagyň guramaçylyk görnüşleriniň deňeşdirilmesi berlendir.

Tablisa 8.2.

Önümleri dolandyrmagyň guramaçylyk görnüşleriniň deňeşdirilmesi.

| Guramaçylyk görnüşi | Personallaryň (işgärleriň) düzümi | Häsiŷetnama Ulanmaklygyň derejesi. | Durnuklylyk derejesi |
|---|---|---|---|
| Marketingi dolandyryjy – Laryň ulgamy | Marketingiň hemme funksional oblastlary diňe bir ŷolbaşça boŷun egŷärler | Kärhana birmeňzeş harytlaryň toplumyny ŷa-da bir esasy assortiment toparyny öndürŷär | Hemişe hereket edŷän ulgam bolup durŷar. |
| Haryt dolandyryjyny ň ulgamy. (markoŷ) | Aŷratyn alnan haryda ŷa-da harytlar toparyna ŷolbaşçy orta derejede jemlenendir. | Kärhana hersi aŷratyn dolandyryş tejribesini talap edŷän dürli harytlaryň köp | Hemişe hereket edŷän ulgam bolup durŷar. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | sanyny öndürŷär | |
| Önümi meŷilnamalaş – dyrŷan komitet | Dürli funksional bölümleriň ŷolbaşçylary gatnaşŷar. | Komitet harydy dolandyryjy ulgamyň üstüni ŷetirip durmalydyr. | Komitet dürli wagtlarda ŷygnak geçirŷär. |
| Täze önümi dolandyryjyny ň ulgamy | Häzirki bar bolan we täze harytlary aŷry-aŷry ŷolbaşçylar dolandyrŷarlar. | Kärhana birgiden harydy öndürŷär we täze önüm üçin köp mukdarda harajat, wagt we ŷolbaşçynyň tejribesi talap edilŷär. | Bu ulgam hemişelik hereketde, ŷöne täze harytlar öndürilip başlanandan soňra haryt dolandyryja geçirilär. |
| Töwekgelçilik (wençurnaŷa) topary. | Hünärmenleriň garaşsyz topary bolup, täze önümiň hemme tapgyryny ugrukdyrŷar. | Kärhana häzirki döwürde öndürilŷän harytlardan düŷbünden tapawut-lanŷan harydy döretmäge gyzyklanŷar we oňa, olary işläp taŷŷarlamakda awtonom gurluşy döretmeklik talap edilŷär. | Täze haryt özleşdirilende n soňra bu topar dargadylŷar, jogapkärçilik bolsa haryt dolandyryja geçirilŷär. |

## Harytlar we hyzmatlar bazarynda täjirçilik işiniň meseleleri

Assortiment syýasatynda şu aşakdaky faktorlar (ýagdailar) göz öňüne tutulmalydyrlar: dükanlarda dürli harytlaryň bolmaklygy, assortimentiniň durnuklylygy we dürliligi, onuň isleginiň üýtgemegine we möwsümleýin üýtgemeleriň bolup geçmegine gabat gelmekligi, dükanda harytlaryň rejeli ýerleşdirilmegi.

Uly söwda merkezlerinde (Türkmenistan söwda merkezi, Türkmenistanyň milli söwda merkezi) geçirilen barlaglaryň we tejribeleriň netijeleriniň görkezişi ýaly, baglanylyşýlýan hemme şertnamalar we olaryň spesifikasiýalarynda harytlaryň giňişleýin görnüşleri barada ýeterlik maglumatlar bolmaýar. Täjirçilik geleşikleriň, harytlaryň eltilmek (üpjün edilmek) şertnamalarynyň, harytlaryň içki toparlaýyn assortimentleriniň arasynda hakykatda berk baglanşyk bolmaýar. Şu ýagdaýdan esasan öndüriji we alyp satyjylar peýdalanýarlar. Ỳöne şeýle ýagdaý islege hemde hödürlemä oňaýsyz täsir ediş nyrhlaryň esassyz ýokarlanmagyna getirýär. 8.6-njy suratda harytlar we hyzmatlar bazarynda täjirçilik işiniň meseleleriniň özara baglanyşygy görkezililendir.




Surat 8.6. **Harytlar we hyzmatlar bazarynda täzirçilik işiniň meseleler toplumy**.

# IX – BAP

## Nyrh emele getirmek

Türkmenistan Watanymyzyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda gülläp ösýän döwründe nyrh bilen işlemek ykdysadyýetiň möhüm meseleleriniň biri bolup durýar.

Ilatyň durmuş üpjünçiligi, ykdysadyýetiň durnuklylygy döwletimizdäki nyrhlar bilen bagly bolup durýar.

Şol nukdaý nazardan Hormatly Prezidentimiziň nyrhlar barada alyp barýan syýasatynda il-ýurt, döwlet üçin uly bähbitleriň goralmagyna görmek bolar. Önümleriň özüne düşýän gymmatyndan pes nyrhdan satuwa goýberilmegi, käbir hökmany zerur önümler üçin nyrhlaryň düýbünden aýrylmagy diňe ilatyň durmuş üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, olaryň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga we ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösmegine gönükdirilendir. Ilatyň gündelik sarp edýän önümlerine sazlaşykly nyrhlary goýmak, birinji zerur önümleriň nyrhlaryna döwlet tarapyndan gözegçilik edilmegi diňe ilatyň bähbitlerini goramaga gönikdirilendir.

Elbetde, häzir biziň ýurdumyzda doly ösen bazar gatnaşyklary döremedik hem bolsa, ol ýakyn gelejekde dörär. Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwürde nyrh goýmagyň we nyrhlar bilen işlemegiň özboluşly aýratynlygy bardyr. Bazar gatnaşyklary emele gelýän wagtynda önümçilik kuwwaty doly öz güýjüne girip ýetişmeýär. Edil şonuň ýaly bäsdeşlik hem ösen derejede bolmaýar. Şonuň üçin hem nyrhlar hemme hiliň gaýtargysy bolup duranok.

Ykdysadyýetimiziň ýokary depginde ösmegi ýakyn gelejekde biziň ýurdumyzda hem ösen bazar gatnaşyklarynyň kemala geljegine şaýatlyk edýär. Şonda kärhanalara bazar öwrenmek ulgamynda nyrh emele getirmek we nyrh goýmagyň ugryny we tärini saýlamak çärelerini bilmeklik zerurlygy ýüze çykar. Elbetde, kärhanalar dürli önümleri dürli hilde we häsiýetde

öndürmegi başarar, ýöne olara diňe dogry nyrhlary goýmaklyk kärhananyň abraýyny we peýdalylygyny kesgitleýändir.

Nyrh emele getirmäge birnäçe içki we daşky ýagdaýlar täsir edýändir. Şol ýagdaýlar öwrenilende olaryň haýsy hem bolsa biriniň ünsden düşürmezlik kärhananyň nyrh ugrunyň şowsuzlyga uçramagyna getirer. Edil şonuň ýaly bu ýagdaýlary doly öwrenen we derňän kärhana üçin nyrhemele getirmekde kynçylyk döremez.

Elbetde, türkmen ilimiz üçın niýetlenen önümlere nyrh kesilende diňe harajatlara (içki ýagdaýlar) we gymmatlyga (daşky ýagdaýlar) üns bermän, milletimize mahsus bolan häsiýete, ýagny ynsanplylygada uly üns bermelidir.

Şu bölümde biz bazar gatnaşyklary şertinde marketing ulgamynda nyrh emele getirmegiň usullaryna we nyrh goýmagyň birnäçe ugurlaryna şeýlede baha üýtgedilende kärhanalaryň we bäsdeşleriň özüni alyp baryş hereketleriniň aýratynlyklaryna seredip geçeris.

## 9.1 Marketing ulgamynda nyrh emele getirmek we oňa täsir edýän ýagdaýlar

**Nyrh** – bu önümiň ykdysady tarapyny häsiýetlaendirýän görkezijidir. Kärhanalar bazara çykanda öz önüminiň bazaryň esasy bölegini eýelemegine ymtylýarlar. Şeýle işler elbetde ýokary derejede ýerine ýetirilen önüm bolsa mümkin bolýar. Ỳöne ýokary hilli önümi öndürmek her kärhana başartmaýar. Şol ýagdaýda bazarda aňsat üýtgedip bolýan önümiň görkezijisiniň esasynda kärhanalar işini guraýar. Netijede, bazarda nyrhlaryň esasynda bazar gatnaşyklary, bäsdeşlik ýüze çykýar.

**Nyrh** – önüm ýa-da hyzmat üçin soralýan pul mukdarydyr. Ỳa-da başgaça aýtsak, **nyrh** – sarp edijiniň önüme ýa-da hyzmata eýelik hukugyny gazanmak üçin berýän gymmatlyklarynyň jemidir.

Nyrhlar nähili goýulýar? Taryhda nyrhlar satyjynyň we alyjynyň arasyndaky söwda esasynda belli bolupdyr. Satyjylar özüniň garaşýan nyrhyndan ýokary nyrhy, alyjylar bolsa tölemäge

taýýar nyrhyndan pes nyrhdan önümi sorapdyr. Netijede, olar önümiň laýyk nyrhyny emele getiripdir. Hähirki döwürde satyjylayň köpüsi alyjylar üçin ýeke-täk nyrhy goýýarlar.

Nyrh – marketing toplumynda girdejä degişli ýeke-täk bölekdir, ähli beýleki bölekler çykdajylara degişlidir. Önümiň häsiýetine, hiline, bazar ýollaryna, mahabatlandyrma marketing toplumynyň harajatlar bilen bagly bölegidit.

Kärhanalar we telekeçiler şu üç alamatlary göz öňinde tutup nyrh emele getirýärler.

1. Nyrhlar azda-kände önümiň özüne düşýän gymmatyndan ýokary bolmaly, şeýlelik-de peýda gazanylýar.
2. Hödür edilýän nyrha alyjylaryň garaýşyny öwrenmek: käbir alyjylar şol bir önüme ýokary nyrh tölese, beýlekileri nyrhlara uly üns berýärler.
3. Bäsdeşleriň özüni alyp barşyny ýüze çykarmak.

Käbir satyjylar önümiň özüne düşýän gymmatyna esaslanýar, käbirlari bolsa bäsdeşleriň we islegiň hereketine, bazara esaslanýar.

Şonda üstünligiň ýa-da ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagy mümkindir. Nyrh emele getirmekde esasy ýalňyşlyklar şu ýagdaýlarda ýüze çykyp biler:

- önümiň özüne düşýän gymmaryna artykmaç üns bermek, oňa baglylyk.
- bazar üýtgemelerine jogap bermezlik.
- marketing toplumynyň beýleki böleklerine hasaba almazdan nyrh emele getirmek.
- bäsdeşleri äsgermezlik.
- nyrh üýtgedilende islegi çaklamak hasabynda ýalňyşlyk goýberilende.

Nyrh emele getirmegiň esasy - bu önüme belli bir wagt aralygynda, belli ýerde amatly nyrhlaryň derejesini üpjün etmek bolup durýar. Nyrh emele getirmegiň mehanizmi – bu önüme, teklibiniň we isleginiň täsirleriniň esasynda nyrh döretmekdir. Nyrh emele getirýän ýagdaýlaryň seljerilişi bazardaky islegiň we

teklibiň üýtgemegi esasynda önümiň nyrhyny nyrh araçäklerini anyklamak üçin zerurdyr.

Kärhanalar nyrh ugruny saýlanda nyrh emele getirýän ýagdaýlaryň derňewine geçirmelidir. Ol ýagdaýlar kärhana bolan ganaşygy esasynda daşky we içki görnüşe bölýärler.

Nyrh emele getirmegiň **daşky ýagdaýlaryna** isleg, teklip, bäsdeşlik we sarp edijiler degişlidir.

Nyrh çözgütlerine täsir edýän daşky ýagdaýlar bazaryň, islegiň, bäsdeşligiň ýagdaýyna we daşky şertleriň beýleki täsirlerini özünde jemleýär.

**Isleg we teklip.** Bazarda nyrhlaryň üýtgemegi ilki bilen islegiň we teklibiň üýtgemeginiň täsiri astynda ýüze çykýar.

**Isleg** - bu belli bir ýerde, belli bir wagtda sarp edijiniň önümi ýa-da hyzmaty satyn aljak mümkinçiligi we arzuwydyr. Bu ýerde "isleg" we "arzuwy" aýyl-saýyl etmek hökmanydyr. Adamyň islegi, diňe şol önüme ýa-da hyzmata satyn almaga töleg ukyby ýa-da mümkinçiligi bar halatda ýüze çykýar, eger-de töleg ukyby ýok bolsa, onda islegiň güýjemegi ýa-da önüme eýelik hukugyny gazanmagyň ähmiýeti has uly bolany sebäpli arzuwy kemala getirýär. Eger-de önüme eýelik hukugyny gazanmak hyjuwy pes bolanda adam ol islegi ýatdan çykarýar ýa-da başga önüm bilen çalyşýar.

**Islegiň göwrümi-** bu sarp edijileriň belli bir wagt aralygynda, berlen şertde satyn almaga taýýar harydynyň mukdarydyr.

İslegiň göwrümi nyrhalaryň üýtgemegi bilen üýtgeýär. Nyrh näçe ýokary bolsa, şonça-da köp öndürýärler öz önümiuni ýa-da hyzmatyny bazarda teklip etmäge ymtylýarlar we nyrhlar näçe pes boldugyça, şonçada sarp edijiler önümi ýa-da hyzmaty satyn almak isleýärler.

Bazar nyrhy ýa-da bazar deňagramlylygynyň nyrhy isleg teklibe deň bolanda döreýär.

**Teklip -** bu belli bir wagt aralygynda belli bir ýerde satyjylaryň alyjylara hödür edýän önümleriniň ýa-da hyzmatlarynyň mukdarydyr. **Teklibiň göwrümi** – bu satyjynyň belli şertde satmak isleýän önüminiň mukdarydyr.

**Bäsdeşlik,** islegiň we teklibiň arasyndaky gapma-garşylyklary sazlaýan we wagtlaýyn aýyrýar. Bäsdeşligiň nyrh we nyrh däl görnüşi bolup biler.

**Nyrh bäsdeşliginde –** önüme goýlan nyrhlar tiz üýtgedilýär.

**Nyrh däl bäsdeşligine –** birinji hatara önümiň hilini ýokarlandyrmak, tehniki ygtybarlygy we ýokary häsiýeti bermek degişli edilýär.

Kärhananyň işine täsir edýän nyrh bäsleşigi, bäsdeşleriň önünçiliginiň harajatlarynyň möçberi, olaryň nyrhlary we nyrh üýtgemesine jogap beriş çaklamalarynyň esasynda ýuze çykýar. Kärhanalar şol sebäplere görä önümlerine nyrh emele getirýär we nyr emele getirmegiň ugruny saýlaýarlar.

Bäsdeşligiň aýratynlygyna laýyklykda **bazarlar** dört esasy görnüşe bölünýär.

Arassa bäsdeşlik bazary birmeňzeş önümi soraýan we hödür edýän alyjylaryň we satyjylaryň köp sanyndan ybarat bolýar. Häzirki nyrhalara her bir satyjy we alyjy täsir edip bilmeýär. Satyjy häzirki nyrhdan ýokary nyrhy teklip edip bilenok, sebäbi alyjy şeýle harydy pes nyrhdan başga ýerde hem tapýar, edil şonuň ýaly satyjylara nyrhlary peseltmegiň hem zerurlygy ýok, olar şol harydy häzirki nyrhdan hem satyp bilýärler. Eger-de nyrhlar we peýda ýokarlansa, onda şeýle bazarlara täze satyjylar ýeňil döräp bilýär. Arassa bäsdeşlik bazarynda marketing işlerine üns az berilýär. Şonuň üçin kärhanalar şeýle bazarllarda marketing ugurlaryna özüniň wagtyny sarp etmeýär.

Monopolistik bäsdeşliginde bazar alyjylaryň we satyjylaryň köp sanyndan ybarat bolup, teklip edilýän harytlaryň häsiýeti we nyrhy dürli bolýar. Satyjylar önümleriň häsiýetini, hilini we edilýän hyzmatyny üýtgetmek bilen nyrh araçäkleriniň döremegine ýardam berýär. Alyjylar önümleriň hilini we häsiýetini nazara alyp, oňa dürli –dürli nyrhlary tölemäge taýýar bolýarlar. Şeýle bazarlarda kärhanalar marketing işlerinden doly peýdalanýarlar, olar bazary bölekläp her bir bölege aýratyn önüm bilen çykýarlar, söwda nyşanlaryny, mahabatlandyrmany we şahsy satuwy giňişleýin peýdalanýarlar.

Oligopolistiki bäsdeşligiň bazarynda birnäçe satyjylar bolýar. Olar beýleki kärhanalaryň bazar öwrenmek ugurlaryny we nyrh emele getirmegine örän duýgur bolýarlar. Şeýle bazarda satylýan önümler birmeňzeş we dürli-dürli bolup biler. Bazarda satyjylaryň az mukdary bolýar, sebäbi şeýle bazara täze satyjylara girmek kyn bolýar. Eger-de bir kärhana nyrhyny peseltse ähli alyjylar şoňa ýüzlenýär. Beýleki kärhanalar hem nyrhyny peseltmeli ýada hyzmatyny ýokarlandyrmaly bolarlar. Bu bazarda kärhanalar nyrhlaryny peseltmek bilen öňdebaryjy orna geçjegine şübheli bolýar. Şeýle hem kärhana öz önüminiň nyrhyny galdyrsa, beýleki kärhanalar öz önümleriniň nyrhyny galdyrmazlygy ähtimal, şonda kärhana öňki nyrhlara dolanmagy ýa-da öz alyjylaryny ýitirmekligi saýlamaly bolýar.

Arassa monopoliýada bazarda ýeke-täk satyjy bolýar. Ol satyjy döwlet edarasy ýa-da hususylaşdyrylan edara bolup biler. İslendik ýagdaý-da nyrhlar dürli-dürli emele getirilýär. Olar önume bolan nyrhy alyjylar üçin ähmiýetliligine laýyklykda özüne düşýän gymmatyndan hem pes nyrhdan goýup biler, şeýle hem nyrhlar şol önüme bolan islegi beseltmek maksady bilen haz ýokary nyrhdan goýulyp biler. Monopolistik sazlaşykda döwlet kärhanalarynyň nyrh çözgütlerini çözýär we önümçiligi saklaýar we giňeldýär.

**Sarp edijiler -** nyrhlara düýpli täsir edýän esasy faktordyr. Kärhanalar öz önümine nyrh emele getirende sarp edýänleriň şol nyrhlara garaýşyny hasaba almalydyr. Ahyrynda şol garaýyşlar satyn alyş barada netije kabul etmeklikde itergi bolup durýar. Marketingde nyrh çözgütleri alyjylara gözükdirilen bolmalydyr. Satyn alyş wagtynda alyjylar bir gymmaty (nyrhy) başga gymmata (eýelik edilen harydy ulanmak, sarp etmek mümkinçiligi) çalyşýar. Alyja gözükmeklik esasynda nyrh emele getirmegiň peýdalylygy, birinjiden alyjynyň haryda eýelik etmegi bilen aljak bähbidini nähili derejede bahalaşyny anyklamagy, ikinjiden şol baha berişe laýyk nyrhlary döretmekligi talap edýär.

Şeýlelikde bazar öwrenijiler alyjylary önümi satyn almaga täsir edýän sebäplere düşünmäge ymtylyp, sarp edijileriň önümiň gymmatyny kabul edişine laýyklykda nyrh goýmalydyr.

Alyjylaryň önümiň dürli häsiýetinde dürli nyrhy görýändighi sebäpli, bazar öwrenijiler nyrhlary bazaryň dürli böleginde özgerdýärler.

**Nyrh emele getirmegiň içki faktorlaryna** nyrh emele getirmegiň çözgütlerine täsir edýän içki faktorlar, ýagny kärhananyň marketing maksady, marketing toplumynyň ugry, önümnçilik harajatlarynyň möçberi we işleri guramak degişlidir.

**Marketingiň maksady.** Kärhana nyrh emele getirmezden öň özüniň kesgitli haryt ugruny saýlamalydyr. Eger-de kärhana maksatly bazary dogry saýlan we önümiň orununy dogry tapan bolsa, onda onuň marketing toplumyny düzmekde, şol sanda nyrh goýmakda aladasy bolmaz. Şeýle-de kärhana öz öňünde birnäçe goşmaça wezipeleri hem goýup biler. Onuň öz maksadynyň aýdyň görnüşi ýaly, nyrh goýmak meselleri hem ýönekeýleşer. Umumy maksatlaryň nusgasy bolup, kärhananyň halas bolmagy, häzirki peýdany ýokarlandyrmak, bazardaky paýyny giňeltmek we bazarda hil taýdan artykmaçlyk gazanmak çykyş edýär.

Kärhanalar halas bolmagy, gaýtadan öndürmek kynçylyklary ýüze çykanda, ýiti bäsdeşlikde ýa-da sarp edijilik garaýyşlary (lezzetleri) üýtgände öz işiniň esasy maksady edinýär. Kärhana öz ýagdaýyny saklamak üçin önümlerine has pes nyrh goýýarlar. Olar şeýle etmek bilen öz harytlaryna islegiň köpelmegine umyt baglaýarlar. Bu ýagdaýda peýda däl-de, halas bolmak kärhana üçin möhüm bolup durýar. Şeýle kärhanalar önümleriniň nyrhynyň, üýtgeýän harajatlaryň we hemişelik harajatlaryň belli bir bölegini ýapýan ýagdaýýnda öz işini dowam etdirer. Ýöne halas bolmak gysga wagtlaýyn meseleleriň biri bolup durýar we kärhanalara öz işiniň togtamazlygy üçin goşmaça gymmaty öndürmegi öwrenmelidirler.

Kärhanalaryň köpüsi nyrh emele getirmekde häzirki peýdany ýokarlandyrmaklyga ymtylýar. Olar islegiň göπwrümini we önümçilik harajatlaryny ähli bolup biljek nyrhlar üçin anyklaýralar we häzirki peýdany ýokarlandyrjak nagt girdejini ýa-da goýum aýlanyşygyny üpjün etjek nyrhy emele getirýärler. Bu ýagdaýda kärhana diňe häzirki döwrün pikirini edýär we gelejege garamaýar diýip bolar.

Başga kärhanalar bazardaky paýynyň giňelmegini tutmaga ymtylýarlar. Olar bazarda paýynyň köp bolmagy bilen harajatlar peseler we uzak wagtlaýyn peýda alaryn diýip hasaplaýarlar we öz maksadyna ýetmek üçin bu kärhanalar mümkin boldugyça pes nyrhy goýýarlar.

Önümi abraýlaşdyrmak we sarp edijileriň köp sanynyň ünsini çekmek üçin bölek söwda dükanlarynda nyrhalar wagtlaýyn peseldilip bilner. Käbir önümlere njyrhlar beýleki önümleriň ýerlenşigine täsir eder ýaly hem goýulyp bilner. Şeýlelik bilen, nyrhlar kärhananyň haryt ugrunyň ähli derejesinde öňde goýulan meselelere ýetmekde esasy orna eýedir.

**Marketing toplumynyň ugrunda** nyrh, kärhananyň marketingiň maksadyna ýetmegi üçin ulanýan marketing toplumynyň serişdeleriniň biridir. Yzygiderli peýdaly marketing maksatnamalarynyň düzülmegi nyrh, önüm, ýaýratmak we aýlanyşygy tizleşdirmek usullarynyň ylalaşygyny talap edýär. Marketing emelleriniň haýsy hem bolsa biriniň ölçegleriniň üýtgemegi nyrhlaryň täzeden seredilmegini talap edýär. Köplenç kärhanalar ilki bilen nyrh çözgüdine gelýär, soňra bolsa marketing toplumynynýň beýleki emelleriniň ölçegini kesgitleýär. Bu ýagdaýda önümiň bazarda ornuny tapmagynda nyrh esasy orny eýeleýär. Meýilleşdirilen nyrhlary emele getirmek hadysasy üç bölekden ybaratdyr: ilki bilen täze haryt taslanýar, soňra onuň harajatlary kesgitlenýär we nyrh düzülýär.

**Harajatlar.** Harajatlaryň mukdary kärhananyň önüm üçin sorajak nyrhynyň aşakgy bölegini görkezýär. Kärhana önüme nyrh goýanda diňe önümçilik, ýaýratmak we ýerlemek harajatlary ýapjak nyrhy däl-de, eýsem töwekgelçilikli we zähmeti üçin peýdany üpjün etjek nyrhy goýmaga ymtylýar. Şonda harajatlar nyrh düzmek ugrunda esasy görkezijileriň (elementleriň) biri bolup durýar. Şonuň üçin köp kärhanalar öz önümçilik pudagynda “iň pes harajatly öndürijiniň” ýerini eýelemäge ymtylýar. Pes harajatlary gazanan kärhana, has pes nyrhdan önümini bazara çykaryp biler, netijede ol peýdanyň we ýerlemegiň ösmegine getirýär.

Kärhanalar harajatlaryň iki görnüşini hasaba almalydyrlar: hemişelik we üýtgeýän harajatlar.

**Hemişelik harajatlar** – bu harajatlar önümçiligiň we ýerlemegiň göwrüminiň üýtgemegine bagly bolmadyk harajatlardyr ýa-da öz ykdysady gelip çykyşy boýunça anyk iş üçin şert döredýän harajatlardyr. Olar jaýlary, otaglary saklamak çykdajylary, kärende tölegleri, dolandyryş diwanynyň zähmat tölegi, emlägiň hökmany ätiýaçlyk goragynyň tutumy, amortizasiýa tutumlar, karz göterim tölegi, ýyllyk, elektrik üçin tölegler we ş.m. Önümçiligiň göwrüniň ýokarlanmagy bilen ortaça hemişelik harajatlar (bir önüme düşýän bölegi) pese gaçýar. Hemişelik harajatlar başlangyç we galan bölege bölünýär.

Başlangyç harajatlar diýip, önümçiligiň we ýerlemegiň täzeden başlanmagy bilen ýüze çykýan hemişelik harajatlaryň bölegine aýdylýar.

Galan harajatlar diýip, önümçiligiň we ýerlemegiň wagtlaýyn doly togtadylmagyna garamazdan kärhananyň çekýän hemişelik harajatlarynyň bölegine aýdylýar.

**Üýtgedilýän harajatlar** – önümçiligiň we ýerlemegň üýtgemegi bilen gös-göni baglanşykda durýar. Bu harajatlar her önüme düşýän paýy boýunça hemişelik bolup durýar, ýöne olaryň jemi önümçiligiň göwrümuniň üýtgemegine laýyklykda üýtgeýär. Şonuň üçin olara üýtgeýän harajatlar diýilýär. Üýtgeýän harajatlaryň ykdysady gelip çykyşy – bu kärhananyň öž işini hakykatdan-da ýerine ýetirmak harajatlary bolup durýar. Olara çig mal çykdajysy, materiallar, ýangyç, zaähmat tölegi (her önüm üçin aýratynlykda) degişlidir.

**Umumy harajatlar** – bu belli bir önümçilik göwrümindäki hemişelik we üýtgeýän harajatlaryň jemidir.

Harajatlaryň derňewi nyrh emele getirmekde islegiň we teklibiň görkezijilerinden başga-da, çen harajatlarynyň tablisasyny düzmek üçin gerekdir. Kärhana maksatly nyrhalry emele gerinde satuwyň göwrümini giňeltmek näçe esse özüni ödeýär? – diýen soraga jogap bermeliu bolýar. Bu ýagdaýda kärhana işini giňeldende  harajatlaryň ösüş ululugynyň işiniň depginini gowşadanda  kemelme ululygyny barlamagy başarmak gerekdir.

Bu ösüs we kemelme harajatlara aslyýetinde (çen) çäk harajatlar diýmek bolar. Şeýlelik bilen çen harajatlaryna önümçiligiň we ýerlemegiň ululygynyň üýtgemegi netijesinde ýüze çykan her birlik üçin umumy harajatlaryň ululygynyň üýtgemesi diýp düşünmek bolar.

Elbetde çen harajatlary, harajatlaryň ululygynyň önümçiligiň göwrümi bilen aýrylmaz baglylygynyň netijesinde ýüze çykýar. Mysal üçin, bir kärhana günde 1000 önüm öndürer ýaly önümçilik kuwwatly sehi gurýar.

9.1 suratyň A böleginde görnüşi ýaly önümiň özüne düşýän gymmaty kärhananyň az göwrümli önümçiliginde ýokary bolýar. Kärhana öz önümçiligini 1000 birlige çenli ýokarlandyranda önümiň özüne düşýän gymmaty pese gaçýar. Ol her önümiň hemişelik harajatlarynyň beli bir bölegini özünde jemleýändigi bilen düşündirilýär. Kärhana öz önümçiligini 1000 birlikden ýokary geçirse, önümiň özüne düşýän gymmaty ýene-de ýokarlanýar, oňa önümçiligiň önümçilik kuwwatynyň peýdalylygynyň pese gaçmagy sebäp bolýar. Ýagny işgärlewr biri-birine päsgel berip başlaýarlar, gurallar we enjamlar tiz zaýalanýanýar we ş.m.




Bir günki önümçiligiň mukdary.

Bir günki önümçiligiň mukdary.

A: Önümçiligiň üýtgedilmedik derejesinde harajatlaryň üýtgeýşi.

B: Önümçiligiň dürli derejesinde harytlaryň üýtgeýşi.

Surat 9.1. **Önümçiligiň göwrümine laýyklykda harajatlaryň üýtgeýşi**

Eger-de kärhana 2000 birlige isleg bar diýip, şol önümçiligiň sehini gursa, önümçiligiň peýdalylygy artýar we 2000 önümiň özüne düşýän gymmaty 1000 önümçilikli önümkiden pes bolar. 9.1 suratyň B böleginde önümçiligiň dürli derejerindäki harajatlaryň üýtgeýşi görkezilýär. Edil şonuň ýaly kärhana günde 3000 önüm göýberýän önümçilik kuwwatly seh guranda önümiň özüne düşýän gymmaty ýene-de peselýär. Ýöne kärhana 4000 önüm göýberýän önümçilik kuwwatly önümçiliginde önümiň özüne düşýän gymmaty ýokarlanyp başlaýar. Ony kärhanany dolandyrmak işleriniň, kynlaşmagy, kähalatda togtamagy bilen düşündirmek bolar. Şeýlelik bilen kärhananyň 3000 önümçilikli sehi has peýdaly bolup galýar.

Ýöne wagtyň gçmegi bilen kärhana önümçiligi kämilleşdirmegiň ýollaryny öwrenýär, işgärlerniň gurallarda işlemek ussatlygy artýar, guramaçylyk işleri kämilleşýär,

önümçilik hadysalary gowulanýar we netijede önümçiligiň başlangyç ýagdaýyna garanyňda soňky wagtdaky önümiň özüne düşýän harajatlary günsaýyn pese gaçmak bilen bolýar. Ol önümçilik ussatygynyň gazanylmagy netijesinde harajatlaryň kemelmesidir.

**Guramaçylyk çözgütleri.** Kärhanalar önümlere nyrhlary nähili emele getirmelidigini dogry çözmelidir. Köp kärhanalar nyrhlary preýskurantlar esasynda emele getirýär. **Preýskurant** – bu kärhananyň alyja hödürlenýän önümleriniň ulgamlaşdyrylan nyrh ýygyndysydyr. Kärhanalar preýskurant nyrhlary özwagtly deňlemegi hemişe başarmaýar. Ol harajatlaryň we bazar konýunkturasynyň üýtgemegi esasynda ýüze çykýar.

Nyrh ugruny amala aşyrmak üçin öndüriji kärhana giňişleýin maglumatlary toplamaly we öwrenmelidir. Şu ýagdaýda kärhana maglumatlary haýsy ýerlerden ýygnamalydygyny, haýsy soraglary çözmek üçin nähili maglumatlaryň gerekdigini, her sorag üçin maglumatlaryň nähili göwrüminiň gerekdigini çözmelidir.

Adaty kärhanalar maglumatlary şu esasy ugurlardan ýygnap biler:

1. Önümiň bazary (bäsdeşliginiň görnüşi).
2. Kärhananyň hereket edýän senagat pudagy.
3. Bäsdeşlik edýän pudaklar.
4. Häkimiýet işleri (Döwlet syýasaty).

Nyrhlar boýunça maglumatlary ýygnandan we derňänden soňra, kärhana birnäçe meseleleri çözmeli bolyar. Olar:

1. Öz önümini satýan bazary öwrenmek.
2. Öndürilýän önümiň ähli artykmaçlygyny öwrenmek.
3. Ähli bar bolan we kuwwatly bäsdeşleri ýüze çykarmak üçin öz we golaýdaky pudaklaryny öwrenmek.
4. Ykdysady meseleler boýunça döwletiň alyp barýan syýasatyna üns bermek we kabul etmek.

Kärhana nyrhlar boýunça dogry we esaslandyrylan çözgütleri kabul etmegi üçin gerekli maglumatlaryň şu sanawyny bilmelidir:

1. **Bazar we haryt (teklip)**

- Önümiň ýerlenýän bazar bölegi (segment ýa-da nişa).
- Esasy bäsdeşler.
- Bazaryň sygymy.
- Kärhananyň tama edýän önüm alyjylary.
- Satuwyň göwrümini ösdürmegiň gelejegi.
- Kesgitli möhletde bazar konýunkturasy.
- Alyjylaryň talabyna laýyklykda önümi kämilleşdirmegiň zerurlygy.
- Alyjy tarapyndan nyrhlaryň kabul edilşi.

**2. Bazardaky bäsdeşlik**

- Bazarda bäsdeşlik edýän önümiň barlygy.
- Alyjy tarapyndan önüme bildirilýän talaplar.
- Bäsdeşleriň bazardaky paýy.
- Nyrhlary üýtgetmek mümkinçiligi.
- Bäsdeşleriň maliýe ýagdaýy.
- Bäsdeşleriň peýdalylyk we zyýanlylyk barada resmi maglumatlary.
- Bazar şertiniň üýtgetmeginde bäsdeşleriň hereketiniň çaklamasy.

**3. Önümçilik we çykdajylar**

- Hazirki wagtdaky önümçiligiň göwrümi we onuň ammar gorlary.
- Kärhananyň öndürýän dürli önümleriniň satuwdan gelýän pulunyň, peýdasynyň we çykdajysynyň arasyndaky gatnaşygy.
- Ammar gorlarynyň belli derejesine laýyk çykdajylar.
- Önümçilik göwrüminiň we ammar gorlarynyň üýtgemeginiň häzirki çykdajylara täsiri.
- Nyrh çözgüdini kabul etmäge täsir edýän çykdajylar.

**4. Döwlet syýasaty**

- Döwlet kararlarynyň bazara täsiri.
- Döwlet kararlarynyň aýry-aýry kärhanalara täsiri.

- Döwlet maksatnamalaryny, sargytlaryny ýerine ýetirýän kärhanalar, döwlet guramalarynyň üpjün edijileri.
- Döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmakda maliýe goldawlarynyň mümkinçilikleri.

**5. Satuwdan gelýän pul we peýda**

- Satuwdan gelýän girdejiniň, peýdanyň we çykdajylaryň arasyndaky gatnaşyk.
- Bu gatnaşyklaryň birek-birege täsiri.
- Önümçilik göwrüminiň satuwdan gelýän girdejä we peýda täsiri.
- Ýerlemegi höweslendirmäge we islegi döretmäge gönükdirilen marketing çareler ulgamynyň çykdajylarynyň peýdalylygy we satuwdan gelýän girdejä täsiri.
- Her önüm birligine düşýän peýdanyň udel agramyny kesgitlemek we ony bäsdeşleriň meňzeş görkezijilerinden tapawutlandyrmak.

Kärhanalar ýokarda getirilen maglumatlary toplamak üçin ähli çäreleri ulanmalydyr. Eger-de kärhana öz güýji bilen şeýle maglumatlary toplap bilmese, onda olar barlag we derňew geçirýän ýörite gulluklara ýüz tutmalydyr. Şeýle barlaglary we derňewleri geçirýän kärhananyň biri hem TDY we DI-nyň “Marketing” okuw-önümçilik merkezidir. Marketing - bu Siziň ertirki üstünligiňizdir. Nyrh goýmakda kärhanalar bazar öwrenmek şertleriniň daşky ýagdaýlaryny hem hasaba almalydyr. Ýagny, ykdysady şertler - önümçiligiň ösmegi we pese gaçmagy, hümmetsizlenme, salgytlar, önümiň harajatlaryna täsir etmek bilen onuň nyrhynda görkezilýär. Döwlet gulluklary nyrh emele getirmegiň esasy ýagdaýydyr, şeýle-de nyrh emele getirmäge durmuş ýagdaýlary hem täsir edýär.

## 9.2. Nyrh emele getirmegiň usullary

Nyrh emele getirmek çylşyrymly we köp tapgyrly hadysadyr. (9.2 surata seret).

**Maksady saýlamak** – haýsy hem  bolsa bir önüm öndürýän kärhana öz maksadyny kesgitlemelidir.




9.2. surat. **Nyrh emele getirmek hadysalary**.

Eger-de kärhananyň maksady we önümiň bazardaky ýagdaýy anyk kesgitlenen bolsa nyrh emele getirmek ýönekeýleşýär we ýeňilleşýär. Nyrh emele getirmekde 3 esasy maksada seredeliň: halas bolmak, peýdany ýokarlandyrmak we bazary saklamak (surat 9.3.)




9.3. surat. **Nyrh emele getirmek maksatlary**.

**1. Halas bolmak** maksady kärhana tarapyndan bazarda meňzeş harytlary öndürijileriniň güýçli bäsdeşginiň şertinde yzarlanyp bilner.

Kärhanada bu maksady şu aşakdaky ýagdaýlarda saýlaýar:

- sarp edijileriň islegi çeýle ($N_{ç}>1$, ýagny sarp edijileriň nyrhlara bolan duýgurlygy ýokary);
- kärhana önümi ýerlemegi ýokarlandyrmak we şonuň bilen umumy peýdany ýokarlandyrmak isleýär;
- kärhana ýerlemek göwrüminiň artmagy bilen otnositel harajatlar pese gaçar diýip çaklaýar;
- pes nyrhlar bäsdeşleri kowýar;
- giň sarp edijilik bazary bar.

**2.** Gelejege ynamy bolmadyk kärhanalar, häzirki peýdany ýokarlandyrmak üçin **peýdany ýokarlandyrmak** maksady öňünde goýýar. Bu maksady kärhana şu aşakdaky ýagdaýlarda goýup biler.

- Kärhana öz işiniň gelejegine şubheli bolsa we ilkinji peýdany tiz almak islese;
- önümiň ýaşaýyş döwrüniň möwsümliligi esasynda;
- emläk goýumlarynyň artmagy bilen.

Şu maksady saýlan kärhana islegin we harajatlaryň dürli nyrhda üýtgeýşini kesgitleýär we iň ýokary peýda berjek nyrhda saklaýar.

**3. Bazary saklamak** maksady kärhananyň häzirki ýagdaýyny bazarda saklamak üçin yzarlanýar. Kärhana ýerlemegiň pese gaçmazlygy we bäsdeşlgiň güýjemezligi üçin ähli çareleri ulanýar. Şeýle şertde işlemek bilen kärhana bazardaky ýagdaýlara: nyrh üýtgemesine, täze harytlaryň döremegine, bäsdeşleriň hereketine berk gözegçilik edýär. Kärhana nyrhlaryň ýokarlanmagyna ýa-da pese gaçmagyna ýol bermän, öz önümçilik we ýerlemek harajatlaryny azaltmaga ymtylýar.

**Islegi kesgitlemek** – nyrh goýmaklygyň indiki döwrüdir. Bu döwri galdyryp geçmek bilen nyrh goýmak mümkin däl, sebäbi häzirki önüme bolan islegi öwrenmän nyrh goýmagy hasaplamak mümkin däl. Nyrh bilen islegiň derejesiniň arabaglanyşygy (9.4) suratda görkezilýär.




A: adaty harytlar üçin, B: abraýly önümler üçin.

9.4. surat. **Nyrhynyň we islegiň derejesiniň özara baglanyşygy**.

Islegiň egri çyzgysy (9.4. suratyň A bölegi nyrhy ýokarlandyrdygyňça islegiň pese gaçýandygyny görkezýär. Elbetde alyjylar öz düşewündini tygşytlamak üçin ýokary nyrhdan önüm almakdan boýun gaçyrarlar, eger-de şeýle haryt aralyk ýa-da pes nyrhdan teklip edilýän bolsa. Ýöne bu gatnaşyk abraýly önümler hakynda gürrüň edilende üýtgeşik bolýar. 9.4. suratyň B böleginden görnüşi ýaly nyrhlary galdyrmak islegleriň artmagyna getirýär. Alyjylar ýokary nyrh önümiň hiliniň gowulanmagydyr diýip kabul edýärler. Yöne nyrhlaryň has ýokarlanmagy islegiň peselmegine getirýär.

**Harajatlaryň derňewi.** Önümiň nyrhyna gös-göni täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem harajatlardyr. Harajatlar kesgitlenende olary pes derejä getirmeklik her bir kärhana üçin peýdalydyr. Ýöne kärhanalar harajatlary rese gaçyrmak bilen önümiň hilininiň pese gaçmagyna ýol bermeli däldir. Sebäbi kärhananyň we önümiň bazardaky paýyny ýa-da abraýyny kesgitleýän onuň öndüren ňnüminiň hili we gymmatydyr. Harajatlaryň derňewine soňra önümiň özüne düşýän gymmatyna seredemizde dolanyp geleris.

**Bäsdeşleriň nyrhlarynyň derňewi.** Nyrhy emele getirmäge bäsdeşleriň özüni alyp barşy we olaryň önüminiň nyrhlary hem uly täsir edýär. Her kärhana öz bäsdeşleriniň nyrhlaryny we olaryň önümleriniň tapawutly häsiýetini bilmelidir. Şol maksat bilen deňeşdirme satyn alyş geçirilýär we onuň netijesinde nyrhlaryň, önümiň we hiliň derňewi amala aşyrylýar. Kärhana alnan maglumatlary nyrh emele getirmekde başlangyç maglumat hökmünde ulanyp biler we bäsdeşleriň arasynda öz ýerini saýlamagy başarar.

**Nyrh emele getirmek usulyny saýlamak.** Kärhanalar gerekli peýdany üpjün etmeýän has pes nyrhynyň we islegiň ýitýän has ýokary nyrhynyň çäginde öz önümlerine nyrh emele getirýärler. 9.5 suratda nyrh emele getirmegiň esasy ýagdaýlary getirilýär. Nyrhyň aşaky çägini önümçilik harajatlary, sarp edijileriň önümiň gymmatyny kabul ediji bolsa nyrhyň ýokarky çägini kesgitleýär. Şeýlelik bilen has amatly nyrh goýmak üçin kärhana nyrh goýmak üçin kärhana nyrh emele getirmegiň iki

çägini, bäsdeşleriň nyrhlaryny we beýleki içki we daşky ýagdaýlary hasaba almalydyr.




9.5 surat. **Nyrh emele getirmegiň esasy ýagdaýy.**

Kärhana öz önümine nyrh döredende nyrh emele getirmegiň şu esasy 3 usulyny ulanyp biler:

1. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň esasynda nyrh emele getirmek;
2. Önümiň gymmatlygynyň esasynda nyrh emele getirmek;
3. Bäsdeşleriň özüni alyp barşynyň esasynda nyrh emele getirmek.

**1. Önümin özüne düşýän gymmatynyň esasynda nyrh emele getirmek.**

Nyrh emele getirmekde iň ýönekeý usul-bu önümiň özüne düşýän gymmatyna üst bahany goşup nyrh emele getirmekdir. Önümiň özüne düşýän gymmatyny şu aşakdaky formula boýunça kesgitlemek bolar.

$$\text{Önümiň birliginiň özüne düşýän gymmaty} = \text{Önüm birligine düşýän üýtgeýän harajat} + \frac{\text{Hemişelik harajatlar}}{\text{Önümçiligiň göwrümi}}$$

Kärhana önümiň özüne düşýän gymmatyny kesgitländen soňra, aýlanyşykdan isleýän peýdasynyň möçberini anyklaýar. Mysal üçin, kärhana aýlanyşykdan (ýerlemekden) 20% girdeji alynmagy meýilnamalaşdyran bolsa, onda satuw nyrh şu formula boýunça hasaplanyp bilner.

$$\text{Satuw nyrh} = \frac{\text{Önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty}}{1 - \text{Ýerlemekden islenýän girdeji}}$$

Mysal üçin, kärhana haýsy hem bolsa bir önümiň önümçiligini ýola goýýar. Bu önümçiligi kärhana belli möhletde ýerine ýetirmegi meýilnamalaşdyrýar. Meselem 1 aý, kärhananyň önümçilik kuwwaty günde 200 önüm, kärhana aýda 25 gün işlemegi göz öňünde tutýar, diýmek kärhananyň 1 aýky önümçiligi 5000 önüm.

Kärhananyň harajatlary şeýle:

| | |
|---|---|
| Bir önüme düşýän üýtgeýän harajat | 2 manat. |
| Hemişelik harajatlar 1 aýda | 6000 manat. |

Onda önümiň özüne düşýän gymmaty (X) şeýle bolýar:

$$X = 2 \text{ manat} + \frac{6000 \text{ manat}}{5000 \text{ önüm}} = 2 \text{ manat} + 1 \text{ manat } 20 \text{ teňňe} =$$

$= 3$ manat 20 teňňe.

Önüm satuw nyrhy (B) şeýle hasaplanýar:

$$B = \frac{X}{1-0{,}2 \text{ (islenýän girdeji 20\%)}} = \frac{3{,}2}{1-0{,}2} = 4 \text{ manat.}$$

Marketingde standart nyrhlaryň ähmiýeti barmyka? Elbetde, islegi we bäsdeşleri hasaba almaýan nyrhlar gowy nyrhlaryň döremegine getirmez. Aýdalyň kärhana öz öndüren önümine 4 manat satuw nyrhy emele getirdi we bazarda 5000 önüm satmak isleýär. Ỳöne belli bir sebäplere görä (alyjylyk garaýyşlaryň üýtgemegi, bäsdeşleriň döremegi) kärhananyň önümine bolan isleg 3000 önüme çenli pese gaçyrýar. Şu ýagdaýda önümiň özüne düşýän gymmaty ýokarlanýar, sebäbi hemişelik harajatlaryň paýynyň derejesi harytlaryň az mukdaryna ýaýradylýar. Önümlere satuw nyrh emele getirmek, diňe ýerlemegiň meýilnamalaşdyrylan derejesini getiren ýagdaýynda peýdaly bolup galýar.

Ỳöne bu usul bilen nyrh goýmaklygyň özüne mahsus birnäçe artykmaçlygy hem bardyr. Birinjiden, satyjy harajatlaryň ululygyny islegiň göwrüminden has aýdyň bilýär. Nyrhy harajatlar bilen baglanyşdyryp olar nyrh emele getirmegi ýönekeýleşdirýärler we olaryň hemişe islegiň üýtgemegini yzarlamak gerek bolup durmaýar. Ikinjiden, ähli kärhanlar nyrh emele getirmegiň bu usulyny ulananda, nyrhlar biri-birine gabat gelýär we bäsdeşlik derejesi pese gaçýar. Üçünjiden, köp adamlar önümiň özüne düşýän gymmatyna esaslanyp nyrh emele getirmek usulyny, alyjylarada, satyjylarada adalatly diýip hasap edýärler.

**Zyýansyzlyk derňewi we maksatly peýdany üpjün etjek nyrhy kesgitlemek.** Önümiň özüne düşýän gymmatyna salgylanmak bilen nyrh emele getirmegiň ýene-de bir usuly, ol zyýansyzlyk derňewi esasynda nyrh emele getirmek ýa-da onuň bir görnüşi – maksatly peýdany üpjün etmäge gönükdirilen nyrh emele getirmek usulydyr. Kärhanalar öz önümçilginiň zyýansyz boljak, ýa-da maksatly peýdany getirjek nyrhyny kesgitlemäge yhlas bildirýärler.

Nyrh emele getirmegiň bu ulgamynda ýerlemegiň dürli göwrüminde umumy harajatlar we umumy peýdany görkezýän zyýansyzlyk nokady tapylýar.

Ýokarda getirilen mysal üçin zyýansyzlyk nokadyny şu aşakdaky formula boýunça kesgitlemek bolar.

$$\text{Zyýansyzlyk göwrümi} = \frac{\text{Hemişelik harajatlar}}{\text{Satuw nyrhy - Önüm birliginiň harajady}}$$

Ýagny mysalymyz üçin,

$$\text{Zyýansyzlyk göwrümi} = \frac{6000}{4-2} = 3.000$$

dendir.

Eger-de kärhana maksatly peýda gazanmaga ymtylýan bolsa, onda ol azyndan 3000 önümi 4 manatdan satmaly bolýar.

Zyýansyzlyk nokadyny diňe önümiň sany boýunça däl-de, gelýän girdejiniň möçberi boýunça hem kesgitlemek bolar.Ỳagny onda ol şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$\text{Zyýansyzlyk möçberi} = \text{Hem. harajatlar} \Big/ \left(1 - \frac{\text{Önüm birl üýtg. har}}{\text{Satuw nyrh}}\right)$$

Mysalymyz üçin ol şeýledir.

$$\text{Zyýansyzlyk möçb .} = 6000 \Big/ \left(1 - \frac{2}{4}\right) 6000$$

/ 0,5 = 12000 manat.

ýagny kärhana 12000 manatlyk girdeji alanda öz umumy harajatlaryny ýapýar.

Aýdalyň, kärhana öz önümçiliginde 20000 manat aýlanyşygyny etjek bolsa we ol aýlanyşykdan 20% peýdany ýagny 4000 manat almagy isleýän bolsa, onda kärhana 4 manatdan azyndan 5000 sany önüm satmaly bolýar. Ol şu formula boýunça hasaplanýar:

$$\text{Ýerlemegiň göwrümi} = \frac{\text{Hemiş. haraj.} + \text{Isleńýän peýda}}{\text{Satuw nyrh-Önüm birliginiň üýtg. har.}}$$

ýagny mysalymyz üçin,

Ýerlemegiň göwrümi =

$$= \frac{6000\text{manat} + 4000\text{manat}}{4\text{ manat} - 2\text{ manat}} + \frac{10000\text{ manat}}{2\text{ manat}} = 5000$$

Ỳöne önümleriň şeýle mukdaryny şol nyrhdan ýerlemek üçin bazarda isleg ýeterlikli däl bolmagy mümkin. Köp zat islegiň nyrh çeýeligine we bäsdeşleriň nyrhlaryna bagly bolup galýar.

Kärhana zyýansyzlyk nokady bolup biljek islegiň derejesini we dürli nyrhlarda peýdany anyklamalydyr. Şeýle hasabat 9.1-nji tablisada getirilýär. Tablisadan görnüşi ýaly, nyrhlaryň ýokarlanmagy bilen zyýansyzlyk möçberi pese gaçýar. (2-nji sütüne seret). Ỳöne, nyrhlaryň ýokarlanmagy önüme bolan islegiň hem pese gaçmagyny getirýär (3-nji sütün). Öndüriji önümi 2 manat 80 teňňeden satanda her önümden 80 teňňe peýda alýar.

(2 manat 80 teňňeden 2 manat önüm birliginiň üýtgeýän harajatyny aýyrýarys), şonuň üçin ol zyýansyzlyk nokada ýetmek üçin örän köp önümi ýerlemeli bolýar. Pes nyrhlaryň alyjylaryň köp sanynyň ünsüni çekýänligine garamazdan, girdeji zyýansyzlyk nokadyna ýetmeýär we öndüriji öz puluny ýitirýär we zyýana galýar. Kärhana önümi 4 manat 40 teňňeden satanda her önümden 2 manat 40 teňňe peýda alýar we zyýansyzlyk nokada ýetmek üçin 2500 önüm satmalydyr. Ỳöne ýokary nyrhdan alyjylaryň az önüm satyn alýandygy zerarly peýda bu nyrhda-da bomaýar. Tablisadan görnüşi ýaly, iň ýokary peýda, önüm 3 manat 60 teňňe nyrhdan satylanda alynýar (3600 manat). Bu ýerde önümçiligiň hiç bir nyrhyndada maksat tutulan 4000 manat peýda getirmeýändigini bellemek gerekdir. Şol maksada ýetmek üçin kärhana hemişelik we üýtgeýän harajatlary azaltmagyň ýoluny gözlemelidir.

**Tablisa 9.1.**

**Dürli nyrhda zyýansyzlyk möçberi we peýda.**

| (1) | (2) | (3) | (4) | (5) | (6) |
|---|---|---|---|---|---|
| Nyrh (manat) | Zyýan-syzlyk möçberi | Garaşyl-ýan isleg | Umumy girdeji (1x3) manat | Umumy harajatlar manat | Peýda (4-5) manat |
| 2,8 | 7.500 | 7.100 | 19880 | 20200 | - 320 |
| 3,2 | 5.000 | 6.700 | 21440 | 19400 | 2040 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **3,6** | 3.750 | 6.000 | 21600 | 18000 | **3600** |
| 4 | 3.000 | 4.200 | 16800 | 14400 | 2400 |
| 4,4 | 2.500 | 2.300 | 10120 | 10600 | - 480 |

Hemişelik harajatlar 6000 manat, üýtgeýän harajatlar bolsa her önüm üçin 2 manat diýilip hasaplanýar.

**2. Önümiň gymmatlygy esasynda nyrh emele getirmek.** Kärhanalar önümiň gymmatynyň kabul edilşine laýyklykda hem önümlere nyrh döredip biler. Şeýle nyrh goýmaklyk harajatlara däl-de, alyjynyň önümiň gymmatlygyny nähili derejede kabul edýändigine gözükmeklik esasynda amala aşyrylýar. Şeýle nyrh goýmaklyk marketing meýilanamalarynyň işlenip taýýarlanmagyndan ozal ýerine ýetirilýärdi. Ỳagny, kärhana nyrh goýman harydy döretmeýär we marketing meýilanamalaryny işläp taýýarlamaýar.

9.6 suratda nyrh emele getirmäge çemeleşmegi iki deňeşdirme usuly berilýär: önümiň özüne düşýän gymmatynyň esasynda we alyjylaryň önüme bolan gatnaşygynyň esasynda nyrh emele getirmek.

Harajatlaryň esasynda nyrh emele getirmek, öz başlangyjyny önümden alýar. Kärhana önüm döredýär, soňra harajatlary jemleýär we olary ýapmak üçin şeýle hem maksatly peýda almak üçin önüme nyrh goýýar. Öndüriji hakykatdanda şeýle harydy şol nyrhdan almaklygyň zerurdygyny alyjylara düşündirmeli we ynandyrmaly bolýar. Eger önüme bolan nyrh birden-kä ýokary bolsa, onda kärhana söwda üst nyrhlary ýa-da ýerlemegiň göwrümini azaltmaly bolar. Islendik ýagdaýda-da bu kärhananyň peýdalylygynyň peselmegine getirer.

Önümiň alyjylar üçin gymmatlygynyň esasynda nyrh emele getirmek bu hadysany tersine öwürýär. Kärhana alyjylaryň önümiň gymmatlygynyň kabul edişine esaslanan meýilanama nyrhlaryny tassyklaýar. Alyjylaryň önüme garaýşy we meýilanama nyrhlary önümiň häsiýetini, bezegini (dizaýn) we rugsat edilýän önümçilik harytlarynyň jemini kesgitleýär. Şeýlelik bilen, nyrh emele getirmek alyjylaryň zerurlugynyň we

meýilnamalaşdyrylýan önümiň gymmatynyň kabul edilişiniň derňewinden başlanýar we nyrh alyjylaryň önümiň gymmatyny göz öňüne getirişini serpikdirer ýaly edilip goýulýar.

**Önümiň özüne düşýän gymmatynyň esasynda nyrh emele getirmek**







**Gymmatlygyň esasynda nyrh emele getirmek.**

9.6. surat. **Nyrh emele getirmäge çemeleşmegiň ikisi:** *Özüne düşýän gymmatyň esasynda we önümiň gymmatlygynyň esasynda nyrh emele getirmek.*

Kabul edilýän gymmatlygyň esasynda nyrh emele getirýän kärhana alyjylaryň, bäsdeşleriň dürli teklipelriniň gymmatlygyny nämede görýändigini anyklamalydyr. **Gymmatlyk** – bu sarp edijiniň önümi ulanýan we sarp edýän döwründe önümden alýan bähbidi, peýdasydyr. Kabul edilýän gymmatlygy anyklamak çärelerini geçirmek kyn meseleleriň biridir. Kähalatda alyjylara “esasy önüme” näçe tölejegi we her goşmaça kämilleşdirmege näçe tölejegi barada-da sorag berilýär. Kärhana dürli önüm tekliplериniň kabul edilýan gymmatlygyny testirlemek üçin synaglar hem geçirýär. Eger kärhana alyjynyň önümi kabul edýän gymmatlykdan ýokary nyrh goýsa onda kärhana bu önümden zyýan çekýär. Köp kärhanalar bolsa öz önümine aşa ýokary nyrhy kesgitleýär. Köp kärhanalar bolsa öz önumine ýeterlikli nyrh

bermeýär. Önüme ýeterlikli nyrh berilmedik ýagdaýynda önüm gowy satylýar, ýöne ol az peýda getirýär. Eger kärhana şeýle ýagdaýda alyjylaryň kabul edýan gymmatlygynyň derejesine çenli nyrhyny galdyrsa, onda ol iň ýokary peýdany gazanar.

**3. Bäsdeşleriň özüni alyp barşyny hasaba almak esasynda nyrh emele getirmek**

Alyjylar önümiň gymmatlygyna garaýşyny bäsdeşleriň meňzeş önüme belleýän nyrhynyň esasynda döredýär. Bäsdeşlere esaslanýan nyrh emele getirmegiň 2 esasy usulyny görkezmek bolar: häzirki nyrhlaryň derejesi esasynda we ýapyk söwda esasynda nyrh emele getirmek.

**Häzirki nyrhlaryň derejesiniň esasynda nyrh emele getirmek.** Kärhanalar bu usulda önümine nyrh emele getirinde islege we harajatlara az üns berýärler we nyrhy esasan bäsdeşleriň nyrhlaryna deňleýärler. Kärhanalr şeýle hem bäsdeşleriň nyrhlaryndan az-kem pes we az-kem ýokary nyrhy goýup bilerler. Demir, kagyz ýa-da dökün ýaly harytlaryň bazarynda adaty kärhanalar birmeňzeş nyrhyny goýýarlar. Käbir kärhanalar öz nyrhlaryny bazarda öňdebaryjy bäsdeşiniň hereketine görä belleýär. Bazarda öňdebaryjy bäsdeşi nyrhyny üýtgetse ol hem nyrhyny islegiň we harajatyň ýagdaýyna garamazdan üýtgedýär. Käbir kärhanalar bazarda öňdebaryjy bäsdeşiniň nyrhyndan ýokary ýa-da pes nyrhy goýup, öňdebaryjy bäsdeşi nyrhyny üýtegedende berk tapawudy saklaýar. Oňa mysal edip, käbir kiçijik kärhanalaryň (ýa-da telekeçileriň) uly kärhanalaryň nyrhyndan az kem pes nyrh goýýandygyny we nyrh üýtgände hemişe şol aratapawudy saklaýandygyny görkezmek bolar. Bu usul islegiň çeýeligini kesgitlemek kyn bolan ýagdaýynda has meşgurlyga eýedir. Köp kärhanalar bu usuly adatly peýda getirýän nyrh hem diýýärler. Şeýle hem, hemişelik nyrhlary saklamak nyrh çaknyşyklaryna getirmeýär.

**Ỳapyk söwda esasynda nyrh emele getirmek.** Bu usul kärhanalar tarapyndan şertnamany ýerine ýetirmegiň beýany berlende ulanylyp bilner. Ỳapyk söwda esasynda nyrh emele getirilende kärhana bäsdeşleriň nyrhyny däl-de, ilki bilen öz harajatlaryna ýa-da islege gözükýär. Kärhana şertnamany almaga

ymtylýar we şonuň üçin ol bäsdeşleriň nyrhyndan pes nyrhy goýmaly bolýar. Ỳöne kärhana öz nyrhlaryny belli bir derejeden pes edip goýup bilmeýär. Ol nyrhlary önümiň özüne düşýän gymmatyndan pes goýsa zyýana galýar. Şol bir wagtda önümiň özüne düşýän gymmatyndan has gala nyrhy goýup bilenok. Bu ýagdaýda kärhananyň şertnamany almak mümkinçiligi pese gaçýar. Ỳagdaý şertnamadan **garaşylýan peýda** görkezijiniň kömegi bilen çözülip bilner.

## 9.3. Nyrh goýmak ugurlary

Kärhanalar önümlere diňe bir nyrhy kesgitlemän, olar giden bir nyrh ulgamyny döredýärler. Nyrh emele getirmegiň gurluşy önümiň ýaşaýyş tapgyrynda ýerleşişi bilen hem aýrylmaz baglydyr. Kärhanalar dürli ýagdaýlary we sarp edijileriň zerurlygyny hasaba alyp islege we harajatlara esaslanyp önüminiň nyrhlaryny düzedýärler. Daş töwerekde bäsdeşleriň üýşmegi bilen kärhana nyrhlary üýtgetmegiň çözgütleriini kabul edýär. Şeýlelikde kärhananyň nyrh emele getirmek ugruna birnäçe daşky şertleriň we bäsdeşligiň ýagdaýlary jemlenip täsir edýär. Şol üýtgeşmeleri göz öňüne tutup nyrh goýmagyň birnäçe ugurlaryna seredeliň.

**Täze önümlere nyrh goýmak ugry.** Adatça önüme nyrh onuň ýaşaýyş döwrüniň tapgyryna esaslanyp goýulýar. Şonda has jogapkärçilikli tapgyr önümiň bazara çykyş tapgyrynda nyrh goýmakdyr. Şonda öýkünilen-önüme we düýbünden bazarda meňzeş önümi ýok bolan täze önümlere nyrh goýmagy tapawutlandyrmak gerekdir. Öýkünilen-önüm öndürjek kärhana nyrh goýmakda bäsdeşleriň öndürýän önümlerine seredip nyrh we hil görkezijileriniň esasynda önümi bazara ornaşdyrmalydyr. Onuň birinjisi - ýokary derejeli ugur bolup, ony sylagly bahalar ugry diýip atlandyrylýar. Ỳagny kärhana ýokary hilli önüm öndürip oňa iň ýokary nyrhy belleýär (9.7. surata seret). Bu ugruň doly garşy tarapy bolup – tygşytlylyk ugry çykyş edýär. Kärhana ýokary bolmadyk hilli önüm öndürip ony pes nyrhdan satýar. Bu

ugurlar alyjylaryň dürli toparlary üçin goýulyp bilner, şonda bir topar üçin esasy alamat nyrh, beýlekileri üçin hil bolup durýar.

Ähmiýetliligiň ýokary gymmatlygy ugry hüjüm ediji emelleriň biri bolup durýar. Ol sylagly nyrhly ugry ulanýan bäsdeşlere garşy ulanylýar. Talaňçylygyň bir görnüşi bolup galdyrylan nyrhlar ugry durýar. Şonda pes hilli önümleriň nyrhlary galdyrylyp satylýar. Ỳöne iru-giç alyjylar özleriniň aldanandygyna düşünerler we ol önümleri almakdan boýun gaçyrarlar. Şonuň üçin şeýle ugur boýunça nyrh goýmakdan gaça durmalydyr.

Bazara düýbünden täze önüm goýberýän kärhanalar üçin çylşyrymly ýagdaýlar döredýär. Şonda olar şu iki ugry saýlap bilerler: nyrh goýmagy eýermek ugry we bazara düýpli aralaşmak ugry. Bu ugurlara soňra seredip geçeris.

**Nyrhlar**

| Hil | | Ýokary | Pes |
|---|---|---|---|
| | Ýokary | Sylagly nyrh ugry | Ähmiýetliligiň ýokary gymmatlygynyň ugry |
| | Pes | Galdyrylan nyrhlar ugry | Tygşytlylyk ugry |

9.7. surat. **Nyrhy ornaşdyrmagyň dört ugry**.

**Önüm köplüginiň çäginde nyrh goýmak ugurlary.** Eger-de önüm, önüm köplüginiň bölegi bolup durýan bolsa, onda oňa aýry alynan önüme nyrh goýmakdan tapawutlanýan ugur ulanylýar. Şeýle ýagdaýda kärhana ähli önüm köplüginden iň ýokary peýdany almak üçin nyrh hataryny kesgitlemeli bolýar. Bu ýagdaýda nyrh goýmagyň çylşyrymlylygy önüm köplügine girýän önümlere bolan islegiň we olaryň harajatlarynyň özara

baglanyşykda bolýandygy we mundan başgada dürli önümler öz bäsdeşlik ukybynyň derejesi bilen tapawutlanýandygy esasynda döreýär. Önüm köplüginiň çäginde nyrh goýmak birnäçe ugurlara bölünýär. Bu ugurlary 9.2. tablisada görmek bolar.

**Tablisa 9.2.**

**Önüm köplüginiň çäginde nyrh goýmak ugurlary**

| № | Ugry | Teswirleme |
|---|---|---|
| 1 | Önüm assortimentiniň çäginde nyrh goýmak | Assortiment topara girýän önümleriň arasynda nyrh araçägini goýmak. |
| 2 | Üstüni ýetirýän önümlere nyrh goýmak | Esasy önüm bilen satylýan kömekçi zatlara ýa-da üstüni ýetirýän önümlere nyrh goýmak. |
| 3 | Hökmany zatlara nyrh goýmak | Esasy önüm bilen bilelikde ulanylmaly zatlara nyrh goýmak. |
| 4 | Önümçiligiň gapdal önümlerine nyrh goýmak | Önümçiligiň pes gymmatly gapdal önümlerine, olardan dynmak maksady bilen nyrh goýmak. |
| 5 | Önüm ýygyndysyna nyrh goýmak | Bilelikde bir bütewi ýaly satylýan önüm toplamasyna nyrh goýmak. |

**1. Önüm assortimentiniň çäginde nyrh goýmak.** Bu ugur boýunça nyrh goýýan kärhanalar, assortiment topary döredýän dürli önümlere basgançaklaýyn nyrh bölünişigini döretmelidir. Her derejäniň nyrh basganҫagy kesgitlenende önümleriň özüne düşýän gymmatynyň aratapawudyny, olaryň dürli häsiýetlerine sarp edijiler tarapyndan baha berilmegini, şeýle hem bäsdeşleriň nyrhlaryny hasaba almak zerurdyr. Eger-de assortimentdäki iki goňşy önümiň arasyndaky nyrh aralyk ujypsyz bolsa onda alyjylar olaryň içinden has kämilleşdirilen önümi saýlar. Eger-de şol ýagdaýda önümleriň özüne düşýän gymmatynyň aratapawudy olaryň nyrh aralygyndan az bolsa, onda bu ýagdaý kärhananyň girdejisiniň ösmegine getirer. Eger-de iki goňşy önümiň

arasyndaky nyrh aralygy uly bolsa, alyjylar köplenç halatda pes nyrhly önümi alarlar.

**2. Üstüni ýetirýän önümlere nyrh goýmak.** Esas önüm bilen bir hatarda üstüni ýetirýän ýa-da kömekçi önümleri hödürleýän kärhanalar üstüni ýetirýän önümlere nyrh goýmak ugruny saýlaýar. Mysal üçin, soňky wagtda awtomobil satýan kärhanalar öz önümlerini aýna göteriji, duýduryjy (signalizasiýa) radio we magnitofon ýaly üstüni ýetirýän önümler bilen bilelikde satyp başlady. Bu ýagdaýda awtomobiliň nyrhy onuň öz nyrhy däl-de, oňat enjamlaşdyrylyp gurnalan awtomobiliň nyrhydyr.

**3. Hökmany zatlara nyrh goýmak ugry.** Esasy önüm bilen bilelikde ulanylýan önümleri öndürýän we satýan kärhanalar, hökmany zatlara nyrh goýmak ugruny ulanýarlar. Bu ugra mysal edip, sakgal syrylýan almazlary, fotoplýonkalary, kompýuter üçin programma üpjünçilgini görkezmek bolar. Esasy önüm öndürilende köplenç olara pes nyrh goýulýar, ýöne hökmany bile ulanylmaly zatlara bolsa ýokary nyrhlary goýýarlar. Bu ugur aragatnaşyk ulgamynda iki bölekden ybarat nyrh goýmak adyny hem göterýär. Hyzmat üçin nyrhlar iki bölekden durýar: berkidilen nyrh we hyzmatdan peýdalananyň üçin üýtgeýän tarif . Aragatnaşyk kärhanalary her aý üçin tölegi – berkidilen nyrhy kesgitleýär we onuň üstüne her peýdalanylan hyzmat üçin üýtgeýän tarif goýýarlar. Şu ýerde kärhanalar haýsy nyrhy esasy hyzmat üçin we haýsy nyrhy peýdalanylan hyzmat üçin goýmalydygyny çözmeli bolýarlar. Adamlarda hyzmatdan peýdalanmaga gyzyklanma döretmek üçin nyrhyň berkidilen bölegini az goýup, girdejiniň esasy çeşmesini üýtgeýän tölegler düzmelidir.

**4. Önümçiligiň gapdal önümlerine nyrh goýmak.** Et-ýag önümlerini, himiki önümlerini gaýtadan işlemegiň netijesinde birnäçe gapdal önümler ýüze çykýar. Eger bu gapdal önümleriň gymmaty pes bolsa we olardan dynmak gymmata düşýän bolsa, ol esasy önümiň bahasynda ýaramaz täsir galdyrýar. Bu ugur boýunça nyrh goýmagyň düýp manysy öndürijiniň gapdal önümleri ýerlemek, we bazaryny tapmak we şol önümleri saklamak we äkitmek çykdajylaryny ýapjak islendik nyrh

razylaşmak bilen jemlenýär. Şeýle tejribe satyja esasy önüme nyrhlary arzanlatmaga ýardam edýär we onuň bäsdeşlik artykmaçlygyny döredýär. Kähalatda bolsa gapdal önümler belli bir girdeji hem getirip biler.

**5. Önüm ýygyndysyna nyrh goýmak.** Bu ugur boýunça nyrh goýmagyň manysy satyjylaryň önümleri toplamagy bilen olary has pes nyrhdan hödülemeginden ybaratdyr. Mysal üçin, myhmanhanalar öz müşderlerine giden hyzmatlary jemlemek bilen hyzmat edýär. Şeýle jemleniş ýerlemegi höweslendirýär. Ỳagny başga ýagdaýda müşderler bu hyzmatlary aýry aýralykda almazlygy hem ähtimaldyr. Başgaça aýdanymyzda, önüm ýygyndysyna nyrh goýmak gerekli möçberden önümiň köp sanyny satmak üçin ulanylýar.

**Nyrh düzedilmeginiň ugurlary.** Kärhanalar hemişe üýtgäp duran bazaradaky ýagdaýlara we alyjylaryň häsiýetiniň dürlüligine laýyklykda öz başlangyç nyrhlaryna düzediş girizýärler. Nyrh düzedilmeginiň käbir ugurlary aşakdaky tablisada getirilýär.

**Tablisa 9.3.**

**Nyrh düzedilmeginiň ýedi ugry**

| № | Ugry | Teswirleme |
|---|---|---|
| 1 | Nyrhdan aýyrma (indirim) we hasap boýunça nyrh goýmak. | Alyjynyň jogap hereketini sylaglamak maksady bilen nyrhlary arzanlatmak. Bu önümiň nyrhynyň möhletden öň tölenmegi ýa-da önümiň köp sanynyň alynmagy bilen aňladylyp bilner. |
| 2 | Deň däl nyrhlary goýmak. | Alyjylaryň ýerleşýän ýerine, ýa-da alyjylaryň we önümleriň häsiýetnamasynyň tapawutlanýan-dygyna düzediş girizmek bilen nyrh goýmak. |
| 3 | Alyjynyň psihologiýasyny | Alyjylara psihologiki täsir etmek maksady bilen nyrh düzedilmegi. |

| | | |
|---|---|---|
| | hasaba alyp nyrh goýmak. | |
| 4 | Sarp edijilik gymmatyna gönükdirilen nyrhlary goýmak. | Sarp edijilere ýerlikli nyrhdan hiliň we öňat hyzmatyň göwnejaý baglaşmasyny hödürlemek maksady bilen nyrhlaryň düzedilmegi. |
| 5 | Ýerlemegi höweslendirmek üçin nyrh goýmak. | Ýerlemegi gysga wagtlaýyn ýokarlandyrmak üçin wagtlaýyn nyrhlary peseltmek. |
| 6 | Geografiki alamatlary boýunça nyrh goýmak. | Sarp edijileriň geografiki ýerleşişini hasaba almak bilen nyrhlaryň düzedilmegi. |
| 7 | Halkara bazarlara gönükdirilen nyrhlary goýmak. | Halkara bazarda nyrhlaryň düzedilmegi. |

**1. Nyrhdan aýyrma (indirim) we hasap boýunça nyrh goýmak.** Önümleriň möhletden öň tölegini, önümleri uly möçberde we möwsümli däl satyn alyşy güýçlendirmek üçin alyjylaryň jogap hereketini sylaglamak arkaly köp kärhanalar öz nyrhlaryny düzýärler. Şeýle nyrh düzedilmegi birnäçe görnüşe eýedir.

- ❖ Nagt töleg üçin nyrhdan aýyrma (skidka). Öz hasaplanmalaryny öz wagtynda töleýän alyjylar üçin nyrhlary peseltmek. Şeýle nyrhdan aýyrma ähli alyjylar üçin niýetlenendir we olar satyjynyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga, karz we algy bergi bilen bagly bolan çykdajylaryň kemeldilmegine ýardam eder.
- ❖ Satyn alynýan önümiň mukdary üçin nyrhdan aýyrma diýip önümi köp mukdarda satyn alýan alyjylar üçin nyrhlaryň peseldilmegine aýdylýar. Satyjylar köplenç 12 önümi 11 önümiň nyrhyndan satýar. Nyrhdan aýyrma sarp edijileri höweslendiriji serişde hökmünde çykyş edýär we olary şol bir satyjydan köp önüm satyn almaga gönükdirýär. Kähalatda alyjylardan önümiň köp mukdary üçin ýokary

töleg hem alynýar. Nyrhlaryň galdyrylmagy köplenç gyt önümlere goýulýar.

- ❖ Möwsümleýin indirim söwdany möwsümden daşarky wagtda edýän alyjylara niýetlenýär. Ýaz paslynyň gelmegi bilen güýzki we gyşky önümler pes nyrhdan satylýar. Möwsümleýin nyhdan aýyrma satyja ähli ýylyň dowamynda önümçiligiň durnukly derejesini üpjün edýär.
- ❖ Hasaplar hem nyrh indiriminiň bir görnüşidir. Mysal üçin, önüm çalşygyna hasap - bu köne önüm tabşyrylmagy bilen täze önümiň nyrhyny arzanlatmak. Aýlanyşygy tizlendirmek üçin hasap - bu mahabatlandyrma maksatnamalarynda we ýerlemegi höweslendirmekde gatnaşýan dellallary sylaglamak üçin nyrhdan indirimdir.

**2. Deň däl nyrhlary goýmak.** Köp ýagdaýda kärhanalar, sarp edijileriň häsiýetnamasynyň, önümiň häsiýetnamasynyň tapawutlydygyna ýa-da hyzmatyň ýa-da önümiň ýerleşýän ýerine şert goýmak bilen nyrhlara düzediş girizip goýýarlar.

Deň däl nyrhlar goýulanda kärhanalar harajatlara garamazdan önümi ýa-da hyzmaty iki ýa-da birnäçe nyrhdan satýarlar.

Deň däl nyrhlary goýmak birnäçe görnüşde amala aşyrylýar.

- ❖ Alyjylaryň dürli toparlaryny hasaba almak bilen. Dürli alyjylar şol bir önüm ýa-da hyzmat üçin dürli nyrh töleýärler. Mysal üçin, muzeýler çagalardan, talyplardan we pensiýadaky adamlardan girmek üçin pes nyrh soraýarlar. Köp ýurtlarda syýahatçylar muzeýleri, sergileri we milli desgalary görmeklik üçin ýokary nyrh töleýarler.
- ❖ Önümiň hasiýetnamasyny hasaba almak bilen. Önümleriň dürli görnüşlerine häsiýetnamasynyň üýtgemegini hasaba almak bilen dürli nyrhlar goýulýar. Şonda önümleriň, harajatlaryň arasynda uly tapawut bolmaýar we nyrh goýmaklyk harajatlara göni baglanyşyksyz ýerine ýetirilýär.
- ❖ Ýerleşýän ýerini hasaba almak bilen. Önüm we hyzmat üçin dürli ýerlerde dürli nyrhdan hödürlenýär, çünki bu ýerlerde

önümiň harajatlary birmeňzeşdir. Mysal üçin, teatrlarda biletler zaldaky ýerlere laýyklykda üýtgedilýär.

- Wagty hasaba almak bilen. Nyrhlar möwsüme, aýlara, hepdäniň gününe hatda günüň dowamyna laýyklykda üýtgäp bilýär. Internet boýunça hyzmat tölegleri gije gündizkä garanyňda arzandyr.

Deň däl nyrh goýmak ugrunyň hakykatdanda peýdaly bolmagy üçin birnäçe şerleriň bolmagy gerekdir. **Birinjiden,** bazaryň böleklemege sezewar bolmagy we her bölek islegiň derejesi bilen tapawutlanmaly. **Ikinjiden,** pes nyrh teklip edilýän bazar bölegine degişli sarp edijileriň önümi ýokary nyrhdan teklip edilýän bazar böleginde gaýtadan satmak mümkinçiligi bolmaly däldir. **Üçünjiden,** kärhananyň ýokary bahadan hödürleýän böleginde, bäsdeşleriň pes bahadan önümini satmak mümkinçiligi bolmaly däldir. **Dördünjiden,** bazary böleklemek we oňa gözegçilik etmek bilen bagly harajatlaryň jemi nyrhlaryň aratapawudyndan gelýän goşmaça girdejiden ýokary bolmaly däldir. **Bäşinjiden,** deň däl nyrhlaryň goýulmagy sarp edijilere öýke-kine ýaly ýakymsyz duýgulary döretmeli däldir we ahyrynda, deň däl nyrhlar diňe kanunçylyk esasynda goýulmalydyr.

**3. Alyjylaryň psihologiýasyny hasaba alyp nyrh goýmak.** Nyrh önüm hakda belli bir maglumatlary göteriji hökmünde çykyş edýär. Şonuň üçin köp alyjylar önümiň hiline onuň nyrhynyň kömegi bilen baha berýärler. Olar önümiň önümçiligine köp harçlar edilendir diýip pikir edýärler. Kärhanalar öz önümlerine abraý bermek üçin ýokary nyrhlary hem goýup bilerler, ýöne bu ýagdaýda olar bäsleşigiň ýygylanmagyna duçar bolýarlar.

Sarp edijiler öz aňynda her görnüşli önümiň hiliniň maglumat nyrhlaryny jemleýärler we şol maglumatlar alyjy tarapyndan önüm gözlenende ulanylýar. Söwda wagtynda bolsa alyjy şol maglumatlary häzirki nyrhlary geçen nyrhlar bilen deňeşdirmekde ýa-da belli ýagdaýa baha bermekde ulanýar. Kärhanalar nyrh goýnak bilen alyjylaryň aňyndaky maglumat nyrhlara täsir edýärler, hat-da nyrhlarda ujypsyz tapawut

önümleriň arasynda görnükli aratapawut bar diýen düşünjäni döredip biler. Tejribede “bitewi nyrhlaryň” adamlarda ýigrenç döredýän häsiýetli bolup, az-kem pes nyrhlaryň (bölek nyrhlar) tygşytlyk abaraýyny we taklyk hasaplanyşyň netijesi diýen düşünjäni döredýändigi belli boldy. Mysal edip aýdanymyzda önüm 10 manatdan satylýan bolsa, ony 9 manat 95 teňňeden satylanda has ýokary psihologiki peýdalylyga getirer. Ỳöne bölek nyrhlar önümiň nyrhy üýtgedilende kynçylyk döredýär. Şeýle-de psihologlaryň aýtmagyna görä her sanyň alyja tasir ediş ähmiýeti bardyr. Aýdalyň “8”- lik sany alyjyny köşeşdirýär, “7”- lik hyjuwlandyrýar we ş.m.

Psihologiki nyrhlar islendik ýagdaýda, ýokarky teklip edilýäň nyrh - önümiň abraýyna, aşakky hakyky nyrh bolsa- satyjyň abraýyna täsir etmelidir. Olaryň has uly aratapawudy alyjylaryň nyrhlary kabul edişiniň çylşyrymlaşmagyna getirer.

**4. Sarp edijilik gymmatyna gönükdirilen nyrhlary goýmak.** Alyjylar esas önüm bilen berilýän hyzmata uly üns berýärler. Ýagny olar önümi satyn almak bilen özlerine ýokary derejede hyzmat edilmegine garaşýarlar. Kärhanalar alyjylaryň gözleýän gymmatyna gözükmeklik bilen önümlerine nyrh bellemelidir. Şonda olar önüm üçin bir nyrh, hyzmat üçin başga nyrhy hem goýup bilerler, ýöne beýle ýagdaý alyjylaryň daşlaşmagyna getirer. Şonuň üçin kärhanalar esas önüme nyrh bellanlerinde oňa soňra ediljek hyzmaty hem goşup belleýärler. Muňa mysal edip mebel harytlarynyň nyrhynda ony gurnamak ýaly hyzmatlarynyň durýandygyny görkezmek bolar. Şeýle-de, naharhana barman restoranlara barýan adamlar diňe bir iýmek-içmek dälde, eýsem olar edilýan hyzmatdan lezzet almak üçin berýandygy bellemek bolar. Syýahatçylyk zolaklarynda alyjylar nyrhlara duýgur bolmaýar, kärhanalar bu ýagdaýda alyjylaryň teklip edilýän önümden isleýän gymmatyny hasaba almak bilen nyrh emele getirip bilerler.

**5. Ỳerlemegi höweslendirmek üçin nyrh goýmak.** Bu ugur boýunça nyrh goýmak kärhananyň käbir önümlerine wagtlaýyn preýskurant nyrhdan, kähalatda bolsa özüne düşýän gymmatyndan hem pes nyrhy bellemegi bilen düşündirilýär. Bu ugur näme

maksat üçin ulanylýar. Uly dükanlar käbir önümlere pes nyrh goýmak bilen alyjylaryň ünsüni çekerin we olar dükana gelende beýleki adaty nyrhly önümlere hem üns berip satyn alar diýip umyt baglaýarlar. Käbir kärhanalar ýerlemegi höweslendirmek üçin nyrh goýmagyň başga görnüşini saýlaýarlar. Olar öz önümlerini karzyna satýarlar ýa-da uzak wagtly kepilligi üpjün edýärler. Ỳa-da olaryň häzirki bejergisini we mutg hyzmatyny üpjün edýärler. Adatça ýerlemegi ýokarlandyrmak we önüm gorlaryndan dynmak üçin kärhanalar köplenç ýagdaýda diňe önümiň nyrhyndan bir bölegi aýyrmagy teklip edýärler.

**6. Geografiki alamatlary boýunça nyrh goýmak.** Kärhanalar ýurdumyzyň dürli künjeginde ýaşaýan müşderler üçin nyrhlary goýmak meselelerini çözmelidir. Kärhanalar çetki bölekde ýerleşen müşderlere ýokary nyrh goýup hyzmat edende ýol çykdajylaryny ýapmak üçin töwekgelçilik etmelimi? Ỳa-da kärhana öz müşderleriniň ýerleşýän ýerine garamazdan birmeňzeş nyrhlary goýmalymy? Geografiki alamaty boýunça nyrh goýmagyň 5 ugruna seredeliň:

1. FOB nyrhlaryň goýulmagy.Ỳagny kärhana önümi daşamak çykdajylaryny we jogapkärçiligini müşderiniň özüne berýär. FOB nyrhlarynyň tarapdary önüme nyrh goýmagyň adalatlylygy äkitmek çykdajysyny her müşderiniň özüne töletmekdir diýip hasaplaýar. Bu ýagdaýda öndürijä golaý ýerleşen müşderler nyrhdan utýarlar.
2. Äkidip berme çykdajylary içine alýan ýeke-täk nyrh goýmak ugry. Bu ugur FOB ugrunyň tersidir. Bu ýagdaýda kärhana müşderlerine, olaryň ýerleşýän ýerine garamazdan önümine birmeňzeş nyrh goýýar. Şonda daşamak harajatlarynyň ortaça ululygy önümiň nyrhynyň içine girizýär. Bu ýagdaýda öndürijiniň golaýyndaky müşderler utulyp, daşda ýerleşenler utýar. Bu ugruň artykmaçlygy – sargytçylar bilen hasaplaşygyň ýönekeýleşdirilmegi we umumy bir nyrhdan önümiň mahabatlandyrma edilmegidir.

3. Zolak nyrhlary goýmak ugry. Bu ugur ýokarda agzalan iki ugruň arasynda ýerleşýän ugurdyr. Kärhana geografiki zolaklary kesgitleýär we bir zolakda ýerleşen ähli müşderiler birmeňzeş nyrhy kesgitleýär.
4. Esas nokada degişli nyrhlary goýmak. Bu ugurda kärhana şol ýa-da beýleki şäheri esas nokady diýip saýlaýar. Ähli müşderilerden äkitmek çykdajylaryň olaryň ýerleşýän ýerine garamazdan şol nokatdan hasaplaýar. Eger-de ähli kärhanalar esas nokady edip bir şäheri saýlasa onda äkitmek çykdajylary görkezilen nyrhlar birmeňzeş bolar we ol bäsdeşligiň aýrylmagyna getirer. Has ýokary netije gazanmak üçin kärhanalar bir wagtda birnäçe esas nokady belleýärler, şonda müşderi üçin äkitmek çykdajylary görkezilen nyrhly önümler oňa iň ýakyn ýerleşen nokatdan satylýar.
5. Ahyrynda kärhana äkitmek çykdajylaryny öz üstüne alyp nyrh goýup biler. Bu ugur belli-belli müşderler bilen uzak aragatnaşygy saklamagyň bähbidini goramak üçin amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda kärhana öz maksat tutunýan sargydyny almak üçin önümi äkitmek çykdajylaryny bölekleýin ýa-da doly öz üstüne alýar. Oňa esas bolup kärhananyň bazarynyň giňemegi bilen önümçiligiň artmagy bilen goşmaça äkitmek çykdajylaryny doly ýapmagy çykyş edýär. Şeýle ugur täze bazarlara çykmak üçin ulanylýar.

**7. Halkara bazarlara gönükdirilen nyrhlary goýmak.** Halkara bazara öz önümi ýa-da hyzmaty bilen çykjak kärhana şol ýurtlaryň bazarlaryna laýyklykda nyrhlaryny deňlemelidir. Kähalatda kärhanalar ähli bazarlar üçin bir nyrhy hem goýup bilerler. Ỳöne belli ýurtda öz önümini satjak kärhana, şol ýurtlara mahsus söwda täsir edýän ykdysady şertleri, bäsdeşligiň ýagdaýyny, kanuny we normatiw kadalary, şeýle-de lomaý we bölek söwdanyň ösüş derejesini hasaba almalydyr. Önüme we onuň nurhyna bolan garaýyşlaryň üýtgemegı dürlı ýurtlardaky sarp edıjılerıň ısleg bıldırmegınıň we zerurlygynyň dürlülıgı bılen bagly bolup bıler.

Halkara bazara öz ışını gönükdırýän kärhana nyrhlaryny dıklıgıne böleklemek we keselıgıne böleklemek ýa-da bazara düýpli aralaşmak ugruny saýlamak esasynda goýup biler. Bu ugurlar ýerli bazarlarda hem ulanylyp biler.

**Nyrhlary böleklemek (differensirlemek).** Nyrhlary böleklemegiň dikligine we keseligine görnüşlerini görkezmek bolar. Nyrhlary **dikligine** böleklemede, kärhananyň bir-birinden üzňe dürli bazarlarda dürli nyrhy soraýandygyny aňladýar. Öz peýdasyny ýokarlandyrmak isleýän kärhana önümiň islegi üçin nyrhyň göni çeýeliginiň pes ýerinde ýokary nyrh goýmak bähbitlidir. Nyrhlary dikligine differensirlemäni mysalda göreliň. Nyrhlary 10% galdyraňda A ýurtda (A bazarda) isleg 20%, B ýurtda (B bazarda) 30% pese gaçýar. Çeýelik bu ýerde $|Ç_A| = 2$; $|Ç_B| = 3$; satyjy üçin A ýurtda (A bazarda) ýokary nyrhlary soramak mümkinçiligi B ýurduňka (B bazara) garanyňda amatlydyr.

Dikligine differensirlemede bazarlaryň giňişlikde birek-birekden üzňe bolmagy zerurdyr. Differensirleme şeýle hem wagt aralygynda we önümi ulanmak maksatlarynyň häsiýetine laýyklykda bölünmegi esasynda ulanyp biler. Wagt aralygynda nyrhlary bölekleme diýip, köp kärhanalaryň şol bir önüm üçin gündizki we gijeki ulanýan tariflerini üýtgedýändiklerini görkezmek bolar. Önümiň mysaly bolup, öý hojalyklaryna we senagat kärhanalary üçin berilýän elektroenergiýany görkezmek bolar. Köp ýurtlarda sarp edijileriň ýaşy, jynsy, maşgala girdejisi boýunça hem nyrh böleklemesi ulanylýar.

Nyrhlary **keseligine** böleklemede kärhanalar öz täze önümlerine iň ýokary nyrhy goýýar, soňra olar gatlak-gatlakdan bazardan peýdany syrýarlar. Şonuň üçin bu ugura köplenç "gaýmagy syrmak ugry" hem diýilýär. Bu ugur, kärhananyň wagtyň geçmegi bilen önümiň nyrhyny peseltmelidigine düşünýän wagtynda ähmiýetlidir. Oňa mysalda seredip geçeliň. Eger-de satyjy öz önümine $N_0$ nyrhyny goýsa, ol $X_0$ mukdarda önümini ýerläp biljek we aýlanyşygyň U göwrümi boljak. Ỳöne köp sarp edijiler ýokary nyrh tölemäge hem taýýardygy anyklandy. Mysal üçin, $N_1$ nyrhda ýerlemegiň mukdary $X_1$, $N_2$ nyrhda $X_2$, $N_3$ nyrhda $X_3$ we

$N_0$ nyrhda $X_4$ mukdarda deň boljak. (9.8. surata seret).




9.8. surat. **Dürli nyrhda ýerlemegiň göwrüminiň üýtgemegi**.

Nyrhy keseligine böleklemede hem edil şol ugur ýoklugyndaky ýaly önümiň mukdary satylýar ($X_1 + X_2 + X_3 + X_4 = X_0$). Ỳöne bu ugurda aýlanyşygyň göwumi ep-esli artar. Diýmek keseligine böleklemede peýda has-da artar we ol böleklemegiň derejesiniň köplügine baglydyr. Ỳöne kärhana bazar segmentleriň nägileligine uçramagy ähtimaldyr: öňki alyjylaryň nägileligini diňe täze has gowy artykmaç önüm goýbermek bilen ýeňip geçmek bolýar.

**Bazara düýpli aralaşmak ugry.** Köp kärhanalar “gaýmagy syrma” ugrunyň tersine “bazara düýpli aralaşmak” ugruny saýlaýarlar. Olar şol maksat bilen öz täze önümerine başlangyç nyrhy has pes goýýarlar. Olar şeýle etmek bilen sarp edijileriň köp sanynyň birden ünsüni çekmäge we bazaryň köp bölegini eýelemäge ymtylýarlar. Ỳerlemegiň göwrüminiň artmagy bolsa öz

gezeginde önümçilik harajatlarynyň peselmegine we kärhananyň peýdasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Kärhananyň peýdalylygynyň artmagy bolsa oňa ýene-de nyrhlary peseltmäge mümkinçilik berýär.

Pes nyrhlaryň üstünlikli ulanylmagyna birnäçe şerleriň bolmagy zerurdyr: Birinjiden, bazar nyrhlara örän duýgur bolmalydyr we pes nyrhlar bazaryň giňemegine getirmelidir; Ikinjiden, ýerlemek göwrüminiň we önümçiligiň artmagy bilen harajatlar pese gaçmalydyr we ahyrynda – pes nyrh bäsdeşlikden gaçmaga ýardam etmelidir.

## 9.4. Nyrhlary öwrenmek

Bazar derňewleriniň bu çäginde şu esasy ugurlaryny belläp geçmek bolar:

1. hakykatdanda emele gelen bazar nyrhlaryny öwrenmek;
2. bäsdeşleriň nyrhlaryny öwrenmek;
3. döwlet gulluklary tarapyndan nyrhlary sazlanmak derejesini we ugurlarynyň üýtgedilmegini öwrenmek;
4. sarp edijileriň nyhlara bolan gatnaşygyny öwrenmek.

Bazar öwrenmek ulgamynda nyrhlary öwrenmegiň soňku ugruna has üns bermek zerurdyr. Sarp edijiler nyrhlara duýgur bolýarlar. Ỳöne bu duýgurlyk bir ýagdaýdan beýleki ýagdaýa önümiň eýelik hukugyny gazanmagyň ähmiýetliligine ýa-da tersine önümi satyn almak bilen bagly nyrh däl sarp edijilige laýyklykda görnükli üýtgäp biler. Sarp edijileriň nyrh duýgurlygyny kesgitleýän 9 sany esaslandyryjy ýagdaýlaryny görkezmek bolar. Aşakda şu ýagdaýlara gysgaça häsiýetnama berilýär. Şeýle-de şol meseleler öwrenilende sarp edijilere berilýan soraglar görkezilýär.

**Gymmatlygyň ýeke-täk täsiri.** Önüm ýeke-täk, seýrek,ýalňyz, aýratyn häsiýete eýe bolanda alyjylar nyrha duýgur bolmaýar.

- Önümiň, ony bäsdeşleriň – önümlerinden tapawutlandyrýan bir ýa-da birnäçe duýulýan ýa-da duýulmaýan häsiýeti barmy?

- Şol aýratyn hile sarp edijiler nähili gymmatlyk berýär.

**Meňzeş önümler hakynda habardarlygyň täsiri.** Sarp edijiler önüme meňzeş önümler hakynda habardar bolmasa nyrhlara az duýgur bolarlar.

- Şol haryt kategoriýasynda ýa-da şol wezipeleri ýerine ýetirýän beýleki önümleriň arasynda sarp edijiniň nähili mümkinçiligi bar.
- Şol önüm – çalşyryjylaryň barlygy hakynda gurply sarp edijiler nähili derejede habarly edilipdir?

**Deňeşdirmek kynçylygynyň täsiri.** Eger-de önümleri deňeşdirmek kyn bolsa, alyjylar nyrhlara seýrek duýgur bolarlar.

- Alyjylara önümleri nyrhy boýunça deňeşdirmek nähili derejede kyn?
- Önüm has çylşyrymly we şeýle deňeşdirmeler üçin hünärmenleri çekmelimi?
- Önüm çalşyryjylaryň nyrhlaryny gös-göni deňeşdirip bolýarmy? Olaryň ululygynda, häsiýetinde we ş.m.alamatlarynda tapawut ýokmy?

**Jemlenen çykdajylaryň täsiri.** Eger-de önümiň nyrhy alyjylaryň girdejisiniň az bölegini tutýan bolsa, alyjylar nyrha seýrek duýgur bolarlar.

- Alyjynyň çykdajylarynyň onuň ygtyýaryndaky pul serişdeleriniň paýyna düşüşi nähili?

**Ahyrky peýdanyň täsiri.** Ahyrky netijäni gazanmakda önümiň nyrhy umumy çykdajylaryň az paýyny tutýan bolsa, alyjylar nyrhlara has-da seýrek duýgur bolarlar.

- Ahyrynda önümden alyjylar nähili peýda gözleýärler?
- Ahyrky önümiň alyjysy onuň nyrhyna nähili derejede duýgur?
- Ahyrky önümiň nyrhyna garanyňda, aralyk önüm nyrhy nähili paýy saklaýar?

**Çykdajylary ýaýratmak täsiri.** Eger-de önüm başga biri bilen bölüşilýän bolsa alyjylar nyrhlara seýrek duýgur bolarlar.

- Önümiň doly nyrhyny alyjynyň özi töleýärmi?
- Ỳok, onda nyrhyň näçe paýyny ol hakykatdanda töleýär?

**Gaýtarylmaýan maýa goýumynyň täsiri.** Eger-de önüm ozal satyn alynan esasy önüm bilen bilelikde çykdajyny gaýtarmasyz gowşurylýan bolanda, alyjylar nyrhlara seýrek duýgur bolarlar.

- Önüm ozal satyn alynan esas önüm bilen ylalaşykly ulanylýarmy we alyjylara gaýtarylmaýan maýa goýumlary berilýärmi?

**Nyrh we hil arabaglanyşygynyň täsiri.** Eger-de önüm hil, abraý bilen güýçli baglanyşyk döredýän bolsa, onda alyjylar nyrhlara seýrek duýgur bolarlar.

- Şu önüm üçin abraýlylyk esasy alamat bolup durmy?
- Önümiň nyrhyny galdyrmak belli bir adamlaryň toparyny ulanyjylaryň hataryndan aýyrsa, önümiň gymmatlygy artarmy?
- Önümiň satyn almazdan, onuň hilini barlamagyň ygtybarly usuly barmy?
- Eger önümiň hili ýeterlikli bolmasa, alyjynyň ýitgisi näçeräk howply bolar?

**Gor täsiri.** Önümiň goryny edinmek mümkiçiligi ýok bolsa, alyjylar nyrhlara seýrek duýgur bolarlar.

- Alyjylarda önümiň ýeterlikli gory barmy?
- Olar häzirki nyrhlar wagtlaýyn goýulandyr diýip hasap edýärmi?

Ỳokarda agzalyp geçilen nyrh duýgurlyk faktorlary diňe belli-belli önümleri satyn almakda, şeýle-de belli bir markany saýlamak çözgüdinde ulanylýandygyny bellemelidir.

**Nyrhlaryň görnüşleri.** Islendik kärhana öz nyrhlaryny kesgitlände we derňände nyrhlaryň dürli görnüşleriniň aragatnaşygyny we arabaglanyşygyny häsiýetlendirýän baha ulgamynyň umumy şekilini aýdyň göz öňüne getirmelidir. Bu ulgam aýry-aýry anyk nyrhlary, şeýle-de nyrhlaryň belli toparlarynyň görkezýän dürli elementlerden ybaratdyr. Baha ulgamyndaky ähli elementler özarasynda berk baglanyşykda durýar. Ol bazaryň ähli elemetleriniň özarabaglylygy we

özarabaglanyşygy bilen we önümçilikde harajatlary düzmegiň ýeke-täk ölçegi bilen kesgitlenendir.

**Baha ulgamy.** Bahalary belli-belli alamatlary boýunça görnüşlere bölýärler:

1. **Hyzmat edilýän dolanyşygynyň häsiýeti boýunça.**
   - Lomaý nyrhlar. Bu nyrh bilen kärhanalar öz öndüren önümlerini beýleki kärhanalara we ýerleýji guramalara satýar.
   - Satyn alynýan nyrhlar. Bu nyrh bilen oba hojalyk önümleri öndüriji tarapyndan gaýtadan işlemek üçin döwlet we söwda guramalaryna satylýar.
   - Bölek satuw nyrhlary. Bu nyrh bilen bölek satuw kärhanalry önümleri ilata satýar.
   - Gurluşyk önümçiliginde nyrhlar öz içinde toparlara bölünýär:

Smeta gymmaty – her aýry-aýry önüm üçin çykdajylaryň iň ýokary gymmaty.

Preýskurant nyrhy – ahyrky önümiň birliginiň ortaça smeta gymmaty.

Ylalaşylan nyrh – sargytçy we potratçynyň arasynda şertnama gol çekilende kesgitlenýär.

- Ilata hyzmat etmek ulgamynda nyrhlar we tarifler.
- Dolanyşyk çäginde üst nyrhlar (lomaý-ýerleniş, söwda).
- Tarifler. Ỳük we ýolagçy ulaglarynda ýol tölegi görnüşinde goýulýar.

2. **Nyrhlaryň erkinlik derejesine laýyklykda.**
   - Erkin, bazarda islegiň we teklibiň täsiri astynda emele gelýär.
   - Sazlaşykly, islegiň we teklibiň astynda emele gelýär, ýöne döwlet guramalary ol nyrhlaryň ösmegine ýa-da peseldilmegine kesgitli täsir edýär.
   - Berkidilen, döwlet edaralary tarapyndan önümleriň çäkli toparlaryna goýulýar.
3. **Berkitme usulyna laýyklykda.**

- Şertnama, toparlaryň ylalaşygynda we şertnama resmilleşdirilende bellenýär.
- Transfert, bir kärhananyň ýa-da assosiasiýanyň öz içinde filiallarynyň arasynda önüm satylanda goýulýar.
- Biržа, önümler biržalarda satylanda goýulýar.
- Şöwdalaşmak nyrhy, bäsdeşlik esasynda has peýdaly şertnama saýlanýar.

**4. Esaslylyk derejesi boýunça.**

- Esas, meňzeş önümlere nyrh goýulanda başlangyç esas hökmünde ulanylýar. Olar kesgitli hil häsiýetli önümiň preýskurant nyrhydyr.
- Habar berýän gazetlerde, jurnallarda, preýskurantlarda, kataloglarda çap edilýän nyrhlar. Olar hünärmenler tarapyndan meňzeş önümlere nyrh goýulanda ugrukdyryjy maglumat hökmünde ulanylýar.
- Preýskurant, habar berýän nyrhlaryň bir görnüşi bolup, öndürijileriň we satyjylaryň preýskurantlarynda çap edilýan nyrhlar.
- Hakyky, geleşik nyrhy, dürli üst nyrhy ýa-da arzan nyrhy ulanmagy hasaba alýar.
- Sarp edijilik nyrhy, sarp edijiniň önümi satyn almak, äkitmek we ulanmak çykdajylara bagly bolan ähli harçlar.

**5. Hereket edýän wagtyna laýyklykda.**

- Hemişelik (berk), Häzirki şertnama boýunça önüm iberilýän ähli möhletiniň dowamynda nyrh üýtgedilmeýär.
- Häzirki, bu nyrh boýunça önüm diňe belli bir wagt aralygynda iberilýär we şertnamany ýerine ýetirmegiň dowamynda üýtgedilip bilner.
- Durnuksyz (üýtgeýän), uzak möhletde taýýarlanýan önümleriň söwda geleşiginde goýulýar; olar önüm taýýarlanýan döwründäki harajatlaryň üýtgemegini göz öňünde tutýarlar.
- Möwsümleýin, belli bir wagt aralygynda hereket edýän nyrhlar.

- Basgançaklaýyn, öňünden kabul edilen şkala boýunça önümleriň gitdigiçe pese gaçýan nyrhlarynyň hatary.

## 9.5. Nyrh üýtgemesi

Kärhana önümlere nyrh emele getirenden we ugruny saýlandan soňra özüniň başlamagy ýa-da bäsdeşleriň hereketine jogap bermegi bilen nyrh üýtgemelerine duçar bolýar. Köp ýagdaýda kärhanalar özüniň ilki nyrhlary üýtgedip başlamagyny maksada laýyk hasaplaýar. Nyrhlar peseldilýän ýa-da ýokarlandyrylýan ýagdaýynda kärhana alyjylar we bäsdeşler tarapyndan nyrh üýtgemelerine boljak jogaplaryny kesgitlemelidir.

**Nyrhlary ilki bolup peseltmek.** Kärhananyň nyrh peseltmek pikirine birnäçe ýagdaýlar getirip biler.

Önümçilik kuwwatynyň doly işlemezligi. Ýagny bu ýagdaýda kärhananyň öz aýlanyşygyny “täze önümler” bilen işläp taýýarlamaga mümkinçiligi ýok. Ol “öňde baryjynyň” nyrhyny yzarlamak çärelerinden boýun gaçyryp has gazaply orny eýeläp ýerlemegi köpeltmek üçin nyrhlary peseldýär. Şeýle ýagdaý bäsdeşleriň hem bazarda öz paýyny saklamagy isleýändigi sebäpli “nyrh uruşlaryna” getirýär. Nyrhlaryň peseldilmegine getirýän ýene-de bir ýagdaý bu berk bäsdeşligiň netijesinde bazardaky paýyň gysgalmagydyr. Kärhana bazarda agalyk etjek ýagdaýy döretmek üçin ilki bolup nyrhlary peseltmelidir. Şonuň üçin ol bazara göni pes nyrh bilen çykmagy ýa-da ilki bolup nyrhlary peseltmegi we geljekde bazaryň köp bölegini eýelemegi bilen ýerlemegiň göwrüminiň ösmegi esasynda harajatlaryň peselmegine umyt baglamalydyr.

**Nyrhlary ilki bolup galdyrmak.** Kärhanalar kähalatda sarp edijileriň, araçylaryň we öz söwda işgärleriniň närazylygyna garamazdan nyrhlary galdyrmaly bolýarlar. Nyrhlary üstünlikli galdyrmak kärhana görnükli peýdany getirýär. Nyrhlary galdyrmaga sebäp bolýan zatlaryň biri harajatlaryň günsaýyn gymmatlanmagydyr we köpelmegidir. Harajatlaryň artmagy kärhananyň peýdasynyň pese gaçmagyna getirýär we ony

yzygiderli nyrh galdyrmaga mejbur edýär. Ỳene-de bir ýagdaý ol aşa köp islegiň bolmagydyr: haçanda kärhananyň ähli alyjylaryň islegini kanagatlandyrmak mümkinçiligi ýok bolanda, harydyň nyrhyny galdyrylýar.

Nyrhlary galdyrmagyň käbir usullaryna seredeliň:

- Nyrhlary bildirmän galdyrmak: nyrhdan aýyrmany (skidkany) aradan aýyrmak, assortimenti has gymmat meňzeş önümlerden doldurmak we ş.m.
- Nyrhlary açyk galdyrmak: bu ýagdaýda kärhana sarp edijiler tarapyndan ynsapsyz diýip günäkärlenmekden gaça durmalydyr. Bu ýagdaýda sarp edijilere nyrhlary galdyrmagyň sebäplerini düşündirýän ýörite habarlaşmak maksatnmalar bilen bilelikde alnyp barylmalydyr.

Kärhana ilki bilen ýokary göterilen harajatlary we islegi ýapjak mümkinçilikleriň ählisini gözden geçirmelidir. Kärhana önümiň düzümine girýän gymmat goşulmalardan ýüz döndürip biler. Şeýle hem gaplarda ýokary hilli bezegden, gymmat gaplardan, hyzmatdan ýüz döndürip biler. Köp kärhanalar her gapdaky önümiň mukdarynyň azaldylmagyny hem ulanýarlar.

**Nyrh üýtgemelerine sarp edijileriň jogaby.** Nyrh üýtgemelerine sarp edijiler hemişe aýdyň garamaýar. Nyrhlaryň peselmegine olar nähili garaýarlar? Olaryň ilki bilen pikirine gelýän zat önümiň nämede bolsa bir kemi bardyr diýip çaklaýarlar ýa-da nyrhyň peselmegi önümiň hiliniň peselmegi bilen kabul edilýär. Ahyrynda sarp edijiler nyrhlar ýene-de peseler diýip çaklaýarlar.

Bahalaryň galdyrylmagy sarp edijilerde kärhana üçin ýakymly pikir döredip biler. Alyjylar önüme nyrhyň galmagyny onuň bazarda meşgurlyk gazanýandygy bilen kabul edýärler. Beýleki tarapdan bolsa sarp edijiler kärhanany aldawçy diýip günäkärläp bilerler.

**Nyrh üýtgemelerine bäsdeşleriň jogaby.** Nyrhlary üýtgetmek çözgüdini berýän kärhana diňe sarp edijileriň jogap berşine üns bermän, olar bäsdeşleriň hem jogabyny hasaba almalydyr. Bäsdeşler tarapyndan jogap haçanda bazarda satyjy az

bolanda, haçanda olaryň önümleri meňzeş bolanda we alyjylar gowy habardar edilen yagdaýynda ýüze çykýar. Kärhana bäsdeşleriň nähili jogap berjegini nähili çaklamaly?

Eger-de kärhananyň ýeke-täk iri bäsdeşi bar bolsa onda onuň jogap beriş hereketini çaklamak kynçylyk döretmeýär. Kärhananyň bäsdeşleri nyrh üýtgedilmegine dürli-dürli jogap berip biler. Birinjiden olar öz nyrhlaryny kärhananyň peselden (galdyran) nyrhyna deňläp üýtgedip biler. Ikinjiden olar kärhananyň üýtgeden nyrhyndan has pes (has ýokary) nyrhy goýup biler. Üçünjiden olar öz nyrhlaryny üýtgetmän hem biler. Ahyrynda olar kärhananyň hereketine ters jogap hem berip biler. Ỳagny kärhana nyrhyny peseldende, beýlekiler nyrhyny galdyryp, tersine nyrhy galdyranda bolsa, peseldip hem bilerler.

**Kärhananyň bäsdeşleriň nyrhlarynyň üýtgemesine jogap berşi.** Kärhana bäsdeşleri nyrhlaryny üýtgedende nähili jogap berýärler? Munuň üçin birnäçe soraglara seretmek gerekdir.

1. Bäsdeşler näme maksat üçin nyrhyny üýtgetdiler? (bazarda uly paýy eýelemek üçinmi, önümçilik kuwwatyny doly ulanmak üçinmi, nyrhy harajatlara laýyk getirmek üçinmi ýa-da umuman pudakda nyrhlaryň üýtgemesinde başlangyç bolmak üçinmi?).
2. Nyrh üýtgemesi wagtlaýyn ýa-da hemişelik häsiýete eýemi?
3. Kärhana ol üýtgemelere jogap bermedik ýagdaýynda bazardaky paýyna näme bolar?
4. Beýleki kärhanalar nähili jogap çärelerini geçirmek isleýärler?
5. Her bolup biljek jogap herekete bäsdeşler we beýleki kärhanalar nähili seslenjek?

Bu soraglara seredip geçmek bilen kärhana birnäçe derňewleri geçirmelidir. Onuň üçin ol: önümiň döwrüniň tapgyryny kesgitlemeli, kärhananyň önüm köplüginde bu önümiň ähmiýetini bilmeli we sarp edijileriň nyrh üýtgemesine jogap beriş hereketiniň mümkinçiligini anyklamaly. Bäsdeşler nyrhyny

üýtgetmek üçin uzak wagt taýýarlanan bolmaly, kärhana bolsa çözgüt tapmaga birnäçe gün ýa-da birnäçe sagat berilýär.

Eger kärhana belli çözgütlere gelen bolsa we peýdaly jogap hereketini etmek islese ol şu 4 jogap çärelerini geçirip biler:

- Nyrhyny peseltmek. Kärhana bazar baha duýgur diýip hasaplaýar we nyrhlary saklamak onuň bazardaky paýynyň gysgalmagyna getirer we ýetirilen bazar paýyny yzyna gaýtarmak has gymmata düşer. Nyrhy peseltmek peýdanyň ýetmegine getirip biler, şonuň üçin köp kärhanalar peýdany saklamak üçin hili peseltmäge, hyzmatyň derejesini we bazar aragatnaşyklary gysgaltmaga gidýär. Bu gysga wagta peýdany saklasada, uzak wagtda kärhana zyýan getirer. Şonuň üçin nyrh peseldende kärhana önümiň hilini saklamaga çalyşmalydyr.
- Önümiň kabul edilýän hilini ýokarlandyrmak. Kärhana nyrhy öňki derejesinde saklap, önümi sarp edijiler tarapyndan has ýokary hilli diýip kabul ediler ýaly etmeli. Kärhana öz önüminiň bäsdeşiniň arzan önüminden hiliniň artykmaçlygy görkezmäge güýjüni bermeli. Kärhana önümiň sarp edijilik gymmatyny ýokary götermäge dogry düşünip puly peýdaly ulanmalydyr, nyrhyny peseldip ol diňe peýdasyzlyga uçrar.
- Hili ýokarlandyrmak bilen nyrhy galdyrmak. Kärhana öz önüminiň hilini ýokarlandyrmak bilen onuň nyrhyny galdyrmak esasynda önümini has gymmat önümleriň hataryna goşup biler. Has ýokary hil, ýokary nyrhy ödeýär we öz gezeginde kärhana ýokary peýdany getirýär.
- Bazara arzan “söweşjeň markany” çykarmak. Köplenç iň amatly jogap bolup önüm görnüşleriniň hataryny gymmat däl önümlerden doldurmak we gymmat däl söwda markasyny döretmek bolup durýar. Kähalatda bazar bölekleri nyrhlara duýgur bolýar we hili ýokarlandyrmak çärelerini kabul etmeýärler. Şonda şeýle jogap bermeklik hökmany zerur bolup galýar.

Nyrh goýmak ugry we täri – bazar öwrenmek toplumynyň möhüm bölegidir. Maksatly bazaryň çäginde görnükli bäsdeşlik artykmaçlygyny üpjün etjek nyrhlary saýlamak çözgüdine gelmezden öň, kärhana içki we daşky ýagdaýlaryň giden sanyny ykjam derňemelidir. Ỳöne kärhanalar erkin nyrh saýlamakdan azat däldir. Kärhananyň nyrh emele getirmek işi kanunçylyk tarapyndan sazlanýar, mundan başgada belli çözgütleri kabul etmäge moral tertipli ýagdaýlaryň hatary täsir edýär. Şonuň üçin nyrh goýmak ugruny we tärini saýlaýan kärhana hemişe bazar öwrenmegiň içki we daşky ýagdaýlaryny hasaba almak bilen öz önümine ýa-da hyzmatyna nyrh döretmelidir.

## Edebiýatlar

1. Berdimuhamedow G.M. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat 2008ý.
2. XXI nobatdan daşary Halk Maslahatynda kabul edilen resminamalar we olaryň durmuşa geçirilişi. Aşgabat 2008ý.
3. XX-nji taryhy Halk Maslahatynda kabul edilen resminamalar we olaryň durmuşa geçirilişi. Aşgabat 2007ý.
4. “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy”- “Türkmenistan” 2007 dekabr aýynyň 28.
5. Berdimuhamedow G.M. Garaşsyzlyga guwanmak, halky, watany söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007ý.
6. Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnama. Aşgabat 2001.
7. Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnama II-kitap. Aşgabat 2004.
8. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamasy. “Türkmenistan” 2003ý.
9. Ataýew Ç.A., Ýagmyrow A.Ýa., Kadyrow K.H.- “Azyk däl harytlary öwrenmegiň we hilini ekspertiza etmegiň nazaryýeti”, A., Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001ý.
10. Ataýew Ç.A., Ýagmyrow A.Ýa.- “Azyk harytlarynyň hiliniň ekspertizasy”, Aşgabat 2001ý.
11. Борисов Б.Л. «Технологии рекламы и PR», Москва-2001г.
12. Котлер Ф. Основы маркетинга. под руководством Пенкова М., Прогресс. Москва 2000г.
13. Marketing žurnallar- 1999, 2000.
14. Маркетинг в России и за рубежом (žurnallar).
15. Солиев А.С. Маркетинг. Тошкент 1999г.
16. Уткин Э.А., Кочеткова А.И. «Рекламное дело». Москва – 1999г.
17. Эванс и Маркетинг, экономика. Москва 1996г.

## Mazmuny

**Giriş ................................................................................ 8**

**I – BAP Marketing ylmynyň predmeti, wezipesi we mazmuny ................................................................................ 12**
1.1 Marketing bazary dolandyrmagyň esasy jähtidir .............. 13
1.2 Marketingiň esasy maksatlary we olaryň görnüşleri.......... 15
1.3 Bäsdeşligiň her dürli şertinde marketingi ulanmak............ 16
1.4 Biziň Garaşsyz, Baky Bitarap Döwletimizde marketingi (bazary) öwrenmekligiň mümkinçiliginiň esasy ugurlary ................................................................ 18

**II BAP Marketing we onuň ykbalyny anyklamak barada umumy düşünjeler ................................................................ 21**
2.1 Marketing barlaglary (derňewleri) barada düşünje we olary geçirmek ................................................................ 24
2.2 Marketing derňewleri geçirmegi guramak. Marketing derňewlerini geçirmegiň zerurlygyny Anyklamak ................................................................ 27
2.3 Marketing derňewleriň meselelerini we maksatlaryny anyklamak.................................................. 28
2.4 Marketing derňewlerini geçirmegiň usullaryny saýlamak................................................................ 29
2.5 Marketing derňewlerinde tejribeler we olaryň ähmiýeti................................................................ 30
2.6 Marketing maglumatlary ýygnamagyň usullaryny anyklamak ................................................................ 31
2.7 Bazar maglumatlary ýygnamagyň usullaryny anyklamak ................................................................ 35

**III BAP Derňewleriň taslamasyny düzmek we olary guramak ................................................................ 39**
3.1. Maglumat ýygnamagyň usullaryny saýlamak.................. 39
3.2. Sorag-jogap (anketasy) we ony taýýarlamagyň yzygiderligi ................................................................ 40
3.3. Maglumatlary seljermek we hasabaty taýýarlamak................................................................ 42

**IV BAP Bazaryň ýagdaýyny derňemek we seljermek........ 45**
4.1. Bazaryň daşky şertini derňemek we seljermek................. 45
4.2. Bazary derňemek we seljermek ....................................... 46
4.3. Sarp edijileri öwrenmek................................................. 48

**V BAP Bäsdeşleri öwrenmek we bäsdeşlik göreşinde üstün çykmak.......................................................... 53**
5.1. Bäsdeşleri öwrenmek we bäsdeşlik göreşinde üstün ykmak ................................................................. 53
5.2. Önüminiň bäsdeşlik ukybyny anyklamak....................... 55
5.3. Kärhananyň bäsdeşlik ukybyny derňemek ...................... 56

**VI BAP Bazary seljermek .................................................. 58**
6.1 Bazarlary segmentlemek................................................... 59
6.2 Halkara bazarlary segmentlemek...................................... 72
6.3 Önümiň esasy parametrleri (häsiýetleri) boýunça bazary segmentlemek ......................................... 74

**VII BAP Haryt, haryt nyşanlary we gaplamak.................. 76**
7.1 Haryt we onuň görnüşleriniň klassifikasiýasy.................. 76
7.2 Senagat (önümçilik) üçin niýetlenen harytlaryň klassifikasiýasy (toparlara bölünişi) ...................... 81
7.3 Haryt nyşanlary................................................................ 85
7.4 Harytlary gaplamak.......................................................... 94
7.5 Harytlaryň belgilenişi barada çözgütleri .......................... 104

**VIII BAP Täze harytlary döretmek we olaryň ýaşaýyş döwri ................................................. 108**
8.1 Täze harytlary döretmek ................................................. 108
8.2 Harytlaryň bazardaky ýagdaýy, syýasaty we ýaşaýyş döwri. Harytlaryň bazardaky ýagdaýyny kesgitlemek .... 120
8.3 Önümleriň assortimentiniň formirlenmegi (emele gelmegi)............................................................. 131

**IX BAP Nyrh emele getirmek ............................................. 141**

9.1 Marketing ulgamynda nyrh emele getirmek we
oňa täsir edýän ýagdaýlar................................................ 142
9.2 Nyrh emele getirmegiň usullary........................................ 154
9.3 Nyrh goýmak ugurlary.................................................... 168
9.4 Nyrhlary öwrenmek ........................................................ 181
9.5 Nyrh üýtgemesi.............................................................. 186

**Edebiýatlar ............................................................... 191**

Çerkez Ataýew, Swetlana Hojanazarowa,

Kakajan Kadyrow, Döwletgeldi Sarygulow

# M A R K E T I N G
# (I kitap)

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanma kitaby*